**M. Döwletjanowa, P. Atdaýew,**
**O. Jumamyradowa, B. Käbäýew**

# TARYHY OKATMAGYŇ USULYÝETI

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat**
**"Ylym" neşirýaty**
**2010**

UOK 372.8:93/99
D 67

**Döwletjanowa M. we başg.**
D 67 **Taryhy okatmagyň usulyýeti.** Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby. – A.: "Ylym" neşirýaty, 2010. – 120 sah.

TDKP №147, 2010 KBK 74.263.1

© M. Döwletjanowa we başg. 2010.
© "Ylym" neşirýaty, 2010.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama*:
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

***– Bilimsiz öý, otsuz ojak ýalydyr.***

## Giriş

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda okuwçylarda kämil dünýägaraýşy kemala getirmek, olarda ýokary ahlak sypatlary döretmek, durnukly bilim bermek möhüm mesele bolup durýar. Onuň üçin bolsa, okuw-terbiýeçilik işlerini gowulandyrmaly, okuw işini kämilleşdirmeli, sapaklaryň we synpdan daşary işleriň terbiýeleýjilik ähmiýetini ýokarlandyrmaly.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda gol çeken “Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky” Permany, şol ýylyň mart aýynda kabul eden “Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakyndaky” Karary, täze mekdeplerdir çagalar baglaryny gurmak hakyndaky Kararlary, 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda kabul edilen “Türkmenistanyň Bilim hakyndaky Kanuny” ýurdumyzda bilim ulgamynyň has-da ösmegine itergi berdi. Şolardan ugur alyp, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň kararlarynda, okuw meýilnamalarynda okuw terbiýeçilik işlerini kämilleşdirmegiň anyk ýollary görkezilýär. Ol kararlarda mekdebiň esasy wezipeleriniň arasynda okuwçylara ylmy esasda durnukly bilim bermek, olarda ýokary aňlylygy kemala getirmek, ýaşlary durmuşa taýýarlamak görkezilýär. Mekdep okuwçylaryna jemgyýetçilik ösüşiniň kanunlaryna düşünmäge bolan islegi kanagatlandyrmakda ilkinji ýardamçy mekdep we mugallym bolmalydyr. Olar okuwçylarda Watana, milli däp-dessurlarymyza,

zähmete söýgini döretmelidir. Beýleki halklar bilen dostluk-doganlyk duýgusyny kemala getirmäge kömek etmelidir.

Her bir ylmyň öz öwrenýän, iş salyşýan, derňeýän zady – predmeti bolýar. Taryh ylmy adamzat jemgyýetiniň döreýşini hem ösüşini öwrenýär. Taryh sapaklary okuwçylarda ata Watana, ene topraga, onuň jemgyýete eçilen akyldarlaryna, ylym adamlaryna hem olaryň galdyryp giden gymmatly mirasyna hakyky söýgi, guwanç duýgusyny döredýär. Türkmenistanyň taryhy öwrenilende okuwçylar Gündogaryň siwilizasiýasy bilen tanşyp, gadymyýetiň akyldarlarynyň güýjüniň belentligine, medeniýetiniň meşhurlygyna, geçmişiň görnükli serkerdelere, belli alymlara, şahyrlara, ussat halypalara, çeper elli hünärmenlere örän baý bolanlygyna, iň bir galagoply zamanlarda-da ata-babadan miras galan milli däp-dessurlary, dilini, medeni-ruhy gymmatlyklaryny saklap gelendiklerine göz ýetirýärler.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow “Biziň ertirki gün nähili döwlet boljagymyz hut şu günden başlap sagdyn, sowatly nesil ösdürip kemala getirişimize bagly bolar” diýip, bilim işgärleriniň öňünde uly wezipeleri goýýar.

Türkmenler geçmişde ýaş nesle bilim bermek, sowat öwretmek işine aýratyn ähmiýet beripdirler. Gözbaşyny gadymy siwilizasiýalardan alyp gaýdýan ata-babalarymyz ylym-bilime teşne bolupdyrlar. Olar nesillerine dürli ugurlardan bilim bermek işini olaryň durmuş endiklerini ösdürmek bilen uýtgaşdyryp alyp barypdyrlar.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamymyzda ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýaşlara dünýä ülňülerine laýyk gelýän çuňňur bilim bermek wezipeleriniň durmuşa geçirilmegi zehinli okuwçylary ýüze çykarmak we olar bilen işlemegiň täze usullaryny peýdalanmak bilen bagly bolup durýar.

Taryh sapaklaryny okatmak işiniň özüne mahsus aýratynlyklarynyň biri-de okuwçylaryň ýaş, psihologik aýratynlyklaryna, olaryň zehinine, ukybyna, başarnygyna laýyk edilip guralmagydyr. Bilim ulgamynda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň esasy talaplarynyň biri-de dürli dersler boýunça aýratyn zehinli, höwesli we ukyply okuwçylaryň öz başarnyklaryny ýüze çykaryp bilmekleri üçin şert-

leriň döredilmegidir. Hormatly Prezidentimiziň atalyk aladasy bilen mekdeplerimiz multimediýa tagtalary, häzirki zaman kompýuterleri, tehniki serişdeleri bilen üpjün edilýär. Welaýat, etrap merkezlerinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän mekdepleriň işe berilmegi bilen mugallymlara we okuwçylara doly güýjünde işlemek, okamak üçin ähli şertler döredilýär.

Häzirki döwürde bilim, ylym, maglumat, sanlar, ulgamlaýyn habar beriş serişdeleri her bir ýurduň ösüşine tizlik berýän möhüm serişdä öwrüldi. Kompýuterleriň, elektron enjamlaryň günsaýyn kämilleşýän, üznüksiz täzelenip duran döwründe mugallym köp zatdan habardar bolmaly, köp zatdan baş çykarmagy başarmaly, has köp okamaly, öwrenmeli bolýar. Diňe şeýdilende, okuwçylar mugallymy hormatlap, sarpalap, aýdan her bir sözüne diň salyp garaşýarlar. Mugallymyň işi diňe bir bilim bermek bilen çäklenmeýär. Çaga ilki bilen mähir bermeli, onuň gylyk-häsiýetine, maşgala ýagdaýyna, durmuş şertlerine belet bolmaly.

Okatmaklyk terbiýe bilen üzňe bolmaly däldir. Mekdepde taryh sapagy okadylanda, anyk bilim berijilik, akyl ýetirijilik meselesi çözülse, edil şonuň ýaly anyk terbiýeçilik meselesi hem çözülýändir. IV-V synplarda taryh sapagyny guranymyzda, ilki bilen göz öňünde tutmaly meselämiz, olaryň bu ders baradaky düşünjeleriniň başlangyjyny goýýanlygymyzdadyr. Bu diýildigi nämäni aňladýar?

1. Mekdep okuwçysy taryhy öwrenmek bilen möhüm anyk taryhy faktlary durnukly özleşdirmelidir. Okuwçy taryhy prosesi bitewilikde we jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryny, taryhy ösüşiň yzygider basgançagyny bilmelidir. Okuwçylar hökman ilkidurmuş adamlarynyň nähili ýaşandygyny, gadymy gul eýeçilik döwletleriniň nähili emele gelendigini, edermen ata-babalarymyzyň nähili söweşendigini we beýlekileri bilmelidir.

2. Taryhy faktlary özleşdirmek okuwçylarda anyk-taryhy garaýyşlaryň toplumynyň döremegine getirýär. Ýagny taryhy geçmişiň esasy hadysalarynyň we onuň ösüşiniň arabaglanyşygyny şöhlelendirýär. Taryh okuwçylara beýik geçmişimize, gadymy döwletleriň taryhyna, gadymy döwrüň medeniýetine, jemgyýetçilik gurluşynyň aýratynlyk-

laryna, onuň ösüşine we ýykylmagynyň sebäplerine düşünmäge kömek edýär.

3. Okuwçylaryň taryhy bilimleri ele almagy arkaly gazanan başarnyklaryny jemgyýetçilik durmuşynda, häzirki zaman wakalarynda ulanyp bilmegini üpjün etmelidiris.

4. Taryhy materialy özbaşdak işlemek endiklerini, başarnyklaryny kemala getirmeli, olara tekst bilen işlemek (okuw kitaby, taryhy dokument, ylmy-çeper kitap, gazet-žurnal), karta we şekiller bilen işlemek öwredilmeli.

Taryh sapaklarynda bilim bermek bilen bir wagtda terbiýeleýjilik meseleleri hem çözülýär. Olaryň iň möhümleri şulardyr:

1. Okuwçylary milli ruhda terbiýelemek, olarda ata Watana, ene topraga, geçmişimize söýgi we wepalylyk duýgusyny döretmek.

2. Mekdep okuwçylaryny dünýäniň beýleki halklary bilen dostluk-doganlyk ruhunda terbiýelemek. Olary Garaşsyz, baky Bitarap Diýarymyzyň mynasyp raýatlary edip ýetişdirmek.

3. Okuwçylarda durnukly garaýyşlaryň kemala gelmegini gazanmak.

4. Ýokary ahlaklylygy kemala getirmek.

5. Jemgyýetçilik durmuşynda bolup geçýän hadysalara dogry düşünmekligi kemala getirmek.

6. Okuwçylarda gözellige söýgini terbiýelemek.

Ýokarda görkezilen bilim berijilik we terbiýeleýjilik meseleleri taryh sapagy bilen aýrylmaz baglanyşykda çözülmelidir.

## 1. Taryhy okatmagyň usulyýeti dersiniň wezipeleri we maksady

Usulyýet grekçe „metodos“ sözünden gelip çykypdyr. Taryhy okatmagyň usulyýeti aýratyn ylym bolup, okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna baglylykda mekdepde taryhy okatmagyň usulyna, sapagyň guralyşyna we many-mazmunyna degişli meseleleri çözýär. Taryhy okatmagyň usulyýetiniň esasy wezipesi bilim bermegiň oňyn usullaryny, taryhyň kanunalaýyklyklaryny we beýleki ylymlar bilen arabaglanyşygyny öwrenmek arkaly geljekki mugallyma ýetirmekden ybaratdyr.

Usulyýet:

- okuw we terbiýeçilik işiniň maksadyny we wezipelerini kesgitlemegi;
- okuw çeşmelerini özleşdirmegiň usullaryny;
- temanyň mazmunyny açmagyň ýollaryny;
- taryhy okatmakdaky gaýtalanýan maglumatlaryň özara baglanyşygyny düşündirmegi öwredýär.

Okatmagyň maksady öwretmegiň mazmunyny anyklamakdan durýar. Maksat we mazmun hökmany suratda özara baglanyşykly häsiýete eýe bolmalydyr. Şu iki amalyň (maksat we mazmun) okuwçynyň okamagyna, terbiýelenmegine we ösmegine täsiri uludyr.

Okatmagyň maksady okuwçynyň bilim almagyna gönükdirilmelidir, şahsyýetiň terbiýelenmegine we kemala gelmegine oňyn täsir etmelidir.

Okatmagyň mazmuny okuwçynyň taryhy we sosial hadysalary duýmagyny gazanmakdyr, bilmegi, endigi we başarnygy kemala getirmekdir. Okatmagyň maksady we mazmuny hökmany suratda okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmalydyr. Okatma-

gyň barşynda göz öňünde tutulan maksadyň ýerine ýetirilişiniň netijelerine aýratyn üns berilmelidir.

Mazmun – öwretmegiň iň zerur alamatlarynyň biridir. Taryhy okatmagyň usulyýetini kämil özleşdirmek usulyýetçiden pedagogika, psihologiýa ylymlaryna çuňňur düşünmegi talap edýär.

Taryhy okatmagyň usuly okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna baglylykda mekdepde taryhy okatmagyň usulyna, sapagyň guralyşyna we many-mazmunyna degişli meseleleri çözýär.

Usulyýet ylym hökmünde şu aşakdaky soraglara jogap bermelidir.

| **USULYÝET** | | |
|---|---|---|
| Name üçin okatmaly (maksat) | Näme okatmaly (mazmun) | Nädip okatmaly (okatmagyň işjeň usullaryny ulanmak) |

Mekdepde taryhy okatmak mugallymdan giň, hemmetaraplaýyn taýýarlygy talap edýär. Taryh mugallymy diňe bir öz dersini bilmek bilen çäklenmän, beýleki jemgyýetçilik bilimlerinden hem baş alyp çykmalydyr. Ol syýasy ykdysadyýeti, ykdysady geografiýany, sungatyň we edebiýatyň taryhyny gowy bilmelidir. Mugallymyň işi özüniň usuly ussatlygyny yzygider ýokarlandyrmagy talap edýär. Bilimiň mundan beýläk hem kämilleşmegi ilkinji nobatda mugallymyň ylmy-usuly derejesine baglydyr. Usullaryň we tärleriň dogry saýlanyp alynmagy, dogry ulanylmagy okuwçynyň aňyna, duýgusyna we özüni alyp barşyna täsirini ýetirýär. Taryh sapagy okadylanda, ähli usuly serişdeler we tärler, sapagyň ähli bölümleri we guralyş pursatlary onuň ideýa-mazmunyna bagly bolup durýar. Ine, şonuň bilen hem usulyň aýratyn ähmiýeti kesgitlenýär.

Mekdepde taryhy okatmakda usullara döredijilikli çemeleşilmese, onuň bilim berijilik we terbiýeleýjilik ähmiýeti pes bolýar. Taryh sapagynda okuwçynyň işjeňligi, mugallymyň döredijilik pikiri bolmasa, okuwçylarda pikirlenmegi döredip we ösdürip bilmese, mugallym öz öňünde goýan wezipesini çözüp bilmez.

Taryhy okatmagyň usulyýeti mugallyma nähili kömek berip biler? Elbetde, usuly edebiýatlaryň öwrenilmegi, ýagny okatmagyň usulyýetine degişli ylmy işler, okuw kitaplary bolup, onda mekdepde taryhy okatmagyň tejribeleri umumylaşdyrylandyr we şöhlelendirilendir. Hiç bir mugallym öz-özünden ussatlyga ýetip bilmez. Ussatlyga barýan ýol mugallymyň döredijilikli işiniň netijesinde kemala gelýär. Mugallym her bir temanyň many-mazmunyny düşündirmäge döredijilikli çemeleşmelidir. Ol sapagyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin, okatmagyň dürli usullaryndan we tärlerinden oýlanyşykly peýdalanmalydyr. Adaty hem-de adaty däl sapaklar bilen bir hatarda umumy, amaly okuwlar, tejribe sapaklary, çekişmeler, hasabat, ylmy-amaly maslahat, söhbetdeşlik sapaklary, gaýybana gezelenç sapaklary we beýleki sapak görnüşlerini giňden ulanmalydyr.

Mugallym her bir tema öwrenilýän wagtynda seredilýän meselelere okuwçylaryň öz şahsy garaýyşlaryny kemala getirmäge çalyşmalydyr.

Mugallymyň sapagy ol ýa-da beýleki usulda geçmegi, ozaly bilen, öwrenilmeli sapagyň mazmunyna, okuwçylaryň taýýarlygyna, goşmaça ulanylýan çeşmeleriň mazmunyna, sapakda göz öňünde tutulýan okuw-terbiýeçilik we okuwçylaryň bilimlerini artdyrmak meselesine baglydyr.

Mugallym her bir sapaga taýýarlanýan wagtynda, okuwçylara öwredilmeli tema boýunça berilmeli maglumatlary tertipleşdirende, taryh okuw kitabyndan, çeper eserlerden, döwürleýin neşirlerden döredijilikli peýdalanmalydyr.

Okatmagyň usullarynyň giňden öwrenilmegi mugallyma işiň nädogry tärlerinden gaça durmagy öwreder, halypa mugallymlaryň iş tejribesi bilen tanyşmaga ýardam eder. Şeýle-de okuw işiniň umumy kanunlaryny bilmeklige, öz üstünliklerine we kemçiliklerine tankydy baha bermäge, işiň has maksadalaýyk tärini tapmaga kömek eder.

## 2. Dilden beýan etmegiň usullary

Okuw edebiýatlarynyň häsiýetine, bilim bermegiň wezipelerine, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna laýyklykda mugallym şol bir sapagyň dowamynda okatmagyň usullarynyň birnäçe görnüşinden peýdalanyp bilýär. Olaryň käbiri sapakda ulanylýan esasy usula kömekçi bolmak hyzmatyny ýerine ýetirip, okuw işiniň belli bir böleginde gysga wagtlyk ulanylýar. Okuw wagtynda peýdalanylýan iş usullary bitirýän hyzmaty taýdan dürli-dürlüdir. Olaryň hersiniň häsiýetli aýratynlyklary bar. **Bilimi dilden beýan edýän usullar**. Bu topara okatmagyň düşündiriş, gürrüň, beýan etme, söhbetdeşlik, umumy okuw we şuňa meňzeş görnüşleri girýär.

**Düşündiriş** maksatnama materialyny dilden beýän edŷän usullaryň giňden ýaýran görnüşidir. Ol mugallym tarapyndan okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryna, bilim derejesine laýyklykda amala aşyrylýar. Sapak wagtynda ylmy-bilimleriň düzgünleri, kada-kanunlary, sapaga ilkinji getirilen enjamlar, gurallar we beýleki esbaplar, öwrediljek bolunýan pedagogik hadysalar, düşünjeler, haýsydyr bir zadyň häsiýetli aýratynlyklary, aýtmasy we ýazmasy kyn bolan sözler, orta atylýan soraglar birsyhly düşündirilip durulmagyny talap edýär. Taryh mugallymy IV-V synplaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, temany beýan etmäge girişmezden öňürti, sapak gidip duran mahalynda duş geläýjek, okuwçylara entek nätanyş bolan taryhy adalgalary synp tagtasyna ýazyp, olaryň manysyny düşündirýär.

Bu usuldan sapagyň başynda-da, bütin dowamynda-da peýdalanyp bolýar. Ol kämahal okatmagyň beýleki usullary bilen bilelikde, kämahal bolsa haýsydyr bir usula kömekçi hökmünde-de çykyş edýär. Mysal üçin, mugallymyň umumy sapagy beŷan edŷän wagtynda-da, telesapak geçýän mahalynda-da, hünär okuwyny alyp

barýan döwründe-de okuwçylara nämelerdir bir zady düşündirmeli bolýan pursatlary ýok däl. Görşümiz ýaly, düşündiriş örän işjeň hereket edýän usuldyr.

**Gürrüň** sorag-jogap üsti bilen amala aşyrylyp, okuw döwrüni işjeň ýagdaýa öwürmekde, ony täsirli edip alyp gitmekde esasy usullaryň biri hasap edilýär.

Okatmagyň gürrüň usuly hemme synplarda-da ulanylýar. Ýöne IV-V synplarda, ýokary synplardaka garanyňda ýygy-ýygydan peýdalanylýar. Okuwçylar bilen synpdan daşary işler (çekişme, sahnajyklar we ş.m.) geçirilende-de bu usul işjeň häsiýete öwrülip bilýär, ony täsirli edýär. Ony täsirli we işjeň edýän zatlaryň biri mugallym tarapyndan orta atylýan soraglardyr. Oýlanyşykly düzülen soraglar okuwçyny biparh goýmaýar. Soraglaryň degişli jogaplaryny almak babatyndaky talap edijilik häsiýeti güýçli bolýar.

Gürrüň bermekligiň ýene bir aýratynlygy, taryhy wakany, oňa gatnaşýanlaryň anyk hereketlerini açyp görkezmekdir. Ol adamlaryň kesgitli duýgulary, belli bir maksatlara okgunlylygy, howpy we kynçylygy ýeňip geçmegi mugallymyň ussatlygy arkaly amala aşyrylyp bilner. Meselem, IV synpda Jelaleddiniň mongollara garşy söweşlerinde görkezen edermenlikleri barada gürrüň berlende, okuwçy gahrymanyň ýeňişlerine begenýär, ýeňlişlerine gynanýar we wakanyň gidişini uly gyzyklanma bilen diňläp, okuwçyda watançylyk duýgusy artýar.

Mugallym gürrüň usulyndan peýdalananda, nämelere aýratyn üns bermeli bolýar?

1. Mugallymyň orta atan her bir soragy mazmuny, görnüşi boýunça dogry, okuwçylar üçin düşnükli hem özüne çekiji bolmaly. Başaryp bolsa, kyn häsiýetli soraglaryň ulgamyny döretmeli.

2. Her bir soragy okuwçyny gyzyklandyrmak bilen birlikde, ony pikirlenmäge, oýlanyp, jogabyny tapmaga gönükdirmeli, has takygy, mugallymyň berýän soragy talap ediji äheňde bolup, alynýan jogabyň dogry hem döredijilikli häsiýetde bolmagyny üpjün etmeli.

3. Soragyň logiki arabaglanyşykda orta atylmagy maksadalaýykdyr, ýagny ikinji soragy birinji soragyň dowamy edip düzmeli. Emma geçirilýän işiň maksadyna görä, berilýän soraglaryň hersiniň özbaşdak manyly bolmagy-da mümkin.

4. Sorag berip, oňa göwnüňdäki jogaby alyp bilmek uly sungatdyr, ol mugallymyň ussatlygynyň alamatydyr. Bir wagtyň özünde iki ýa-da üç sorag bermeklik makullanmaýar. Soragy düzüp, orta atyp hem oňa jogap alyp bilmegi okuwçylaryň hut özlerine endik etdirmek maslahat berilýär.

**Beýan etme usuly.** Okatmagyň bu ýoluna gürrüň bermek usuly diýmegem bolýar. Sebäbi meýilnama esasynda temanyň mazmuny adatça mugallym tarapyndan gürrüň berilýär. Elbetde, okuw edebiýatynyň mazmuny diňe aýdyp bermek, şol mazmun bilen okuwçylaryň ýüküni ýetirmek nazaryýetinden ugur alynsa, onda sapagyň täsir edijilik güýji gowşak bolýar. Şoňa görä bu usuly beýleki usullar bilen utgaşdyryp ulanmak, beýan edilýän okuw edebiýatyny çekişme häsiýete öwürmek, berilýän gürrüňiň täsir edijilik güýjüni artdyrmak talap edilýär. Meýilnama boŷunça tema belli  bir yzygiderlikde beýan edilýän mahalynda, okuwçylary şol bir gürrüňe gatnaşdyrmak üçin, oňa degişli haýsydyr bir okuw-görkezme esbabyndan peýdalanmak, durmuşdan alnan  täsirli zatlary getirmek, köpleri gyzyklandyrýan meseleleri öňe sürmek, kämahallar bolsa jogap talap etmeýän soraglary orta atmak,  gerek ýerinde az wagtlyk söhbetdeşlik gurap, pikir alyşmak ýaly tärleri ulanmak maslahat berilýär.

Mugallym okuwçylaryň maňzyna batyp duran mysallary, mümkingadar, degişli okuw-görkezme esbaplaryň, durmuşdan alnan ýerlikli mysallaryň üsti bilen sada, düşnükli edip beýan etmäge çalyşýar. Okuw işiniň bu görnüşi okuwçylaryň ýaş hem sowatlylyk derejesine laýyklykda durmuşa geçirilýär.

**Taryhy hadysalary häsiýetlendirmekde ulanylýan  serişdeler.** Gürrüň bermekligiň anyklygy, aýdyňlygy we görkezmeliligi dürli görnüşli serişdeleriň,  tärleriň kömegi bilen amala aşyrylýar. Bu serişdeleri, tärleri ulanmak habar bermekligi gürrüňe we suratlandyrmany şekile öwürýär. Anyk serişdeler we tärler taryh dersiniň birnäçe möhüm meselelerini, akyl ýetiriş hem-de terbiýeleýjilik meselelerini çözýär. Mugallym taryh sapagynda okuwçylaryň ýaş aýratynlygyny göz öňünde tutmak bilen, ýagny IV-V synplarda  ýat tutulan sözlemlerden, az manyly jümlelerden gaça durmalydyr we olaryň okuwçylaryň sözleýiş diline girmekligine garşy göreşmelidir. Meselem: “Türkmenler

batyrlarça söweşipdirler", "Baýlar garyplary ezipdirler" - şeýle jümleler umumy hasiýetlidir we täsirsizdir. Bu bolsa okuwçylarda anyk garaýyşlary döretmeýär. Şonuň üçin hem türkmenleriň batyrlygyny, ugurtapyjylygyny, gaýduwsyzlygyny, daýhanlaryň agyr durmuşyny, nähili ýollar bilen ezilendigini taryhy materiallar arkaly anyk bermelidiris.

Anyklaşdyrmak ýoly bilen beýan etmekde uly garaýyşlara ýetýäris, dogrusy öwrenilýän taryhy hadysanyň özboluşlylygyny açýarys – bu bolsa okuwçylar üçin has möhümdir. Galyberse-de, anyklaşdyrmak ýoly bilen taryhy hadysanyň mazmunyny, ähmiýetini, kanunalaýyklygyny açýarys.

Beýan etmekligiň anyklygy käbir bölekler, käbir goşmaça faktlar bilen baglanyşyklydyr. Tejribeleriň görkezişi ýaly, taryh dersinden bölekleriň aýrylmagy ony ýeňilleşdirmeýär, kähalatlarda okuwçylara okuw materialyny özleşdirmegi kynlaşdyrýar. Ýerlikli aýdylan bölegi beýan etmeklik okatmagyň iň bir tygşytly we netijeli täri bolýar. Okuwçylar bu gyzykly bölegi ýeňil ýatda saklaýarlar, onuň bilen birlikde bolsa, taryhy hadysanyň möhüm alamatlaryny hem ýatlaýarlar. Anyklygy talap etmek taryhy materialy seçip almagyň berk talabyna garşy bolmaýar. Mugallym gürrüňi gysgaldyp biler, ol az sözli we anyk bolup biler.

Taryhy okatmagyň tejribesinde ulanylýan anyklaşdyrmagyň serişdelerine seredeliň.

**1.** Taryhy wakanyň wagtyny häsiýetlendirýän pursady anyklaşdyrmak. Gürrüň hronologiýa barada gidenok-da, beýan etmeklige käbir anyk wagtyň faktlaryny girizmek barada barýar: waka haçan bolupdyr, wakany suratlandyrmagyň maksady, ýagdaýy barada anyk garaýyşlary bermelidiris.

**2.** Taryhy wakanyň ýerini häsiýetlendirýän anyk pursatlar. Gürrüň taryhy hadysany kartalaryň üsti bilen baglanyşdyrmak barada bolman, janly söz usuly bilen anyk garaýşy döretmek, wakanyň bolan ýeriniň tapawutly aýratynlygyny görkezmek barada bolmalydyr. Şeýlelikde, taryhy wakany anyklaşdyrmak üçin, ýerli şerti häsiýetlendirmek möhümdir. Seýrek halatda, açyk suratlandyrmak we dogry, anyk görkezmek zerurdyr.

**3.** Durmuş materialyny ulanmak. Durmuş materialy – taryhy anyklaşdyrmagyň bir serişdesi bolup durýar. Ol okuwçylara elýeterli, görkezijilikli we düşnükli bolýar. Iň esasy zat taryhy-durmuş materialyna dogry baha berip bilmekdir. Durmuş materialyna ünsi çekmek önümçilik güýçleriniň ösüşiniň derejesini okuwçylaryň uly anyklyk bilen tanyşmaklygyna kömek edýär. Şeýlelik-de, taryh dersinde taryhy-durmuş materialynyň orny uludyr. Ol, birinjiden, medeniýete degişli sapaklarda dersiň hilini artdyrýar, ikinjiden, jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryny – ykdysadyýetini, geçmişdäki söweşlerini we şuňa meňzeşleri anyk görkezýär.

**4.** San materialyny ulanmak anyklaşdyrmagyň bir serişdesi bolup durýar. Ol kabul etmek üçin kyn bolýar we aňsat ýatdan çykýar. IV-V synplarda taryh sapagynda ulanýan sanlarymyz köp bolmaly däldir, ol kesgitli bolmalydyr. Köplenç beýan etmeklige girizilen san materialynyň özi anyklygy talap edýär. Meselem: *erkek adamyň her birine 10 dirhem salgyt salnypdyr.* Bu san häzirki zaman okuwçysyna salgydyň agyrlygy barada anyk düşünje bermeýär. Şol sebäpli okuwça agyr durmuşyň dogry ölçegini görkezmek zerurdyr. Onuň üçin sanyň aňyrsynda ýatan agyr durmuş ýagdaýyny açyp görkezmeli. Sapakda ulanylýan san maglumatlaryny mugallym öňünden taýýarlasa netijeli bolar. Ol sanlary takyklaýar, ýatda galar ýaly oňaýly edýär, uly jedwellerden (tablisalardan) görkezijisi düşnükli bolan sanlaryň 1-2 hataryny alýar, san görkezijilerini gysgaldýar.

**5.** Çeper edebiýaty ulanmak. Ol hem taryhy wakany anyklaşdyrmaga kömek edýär, geçmiş barada anyk keşbi döredýär, habar bermekligi we suratlandyrmagy baýlaşdyrýar, gyzykly edyär. Onuň üçin mugallym taryhy geçmişi dogry beýan edýän edebiýaty saýlap alýar, ol bolsa sapagyň mazmunyny açmaga kömek edýär. Haýsydyr bir taryhy geçmişi "çeperleşdirýän" çeper edebiýaty almak ýol berilmesizdir. Çeper edebiýat bilen birlikde, anyklaşdyrmagyň serişdesi hökmünde ýatdan aýdylýan halk döredijilik eserleriniň hem ähmiýeti uludyr. Halk döredijiligindäki geçmiş wagty anyk, kesgitli wagta degişli däldir. Onda beýan edilýän wakalar, köplenç, ulaldylýar, ertekileşdirilýär. Meselem: "Görogly" eposynda Arap Reýhanyň keşbi, "Gorkut ata" eposynda Garaja çopanyň keşbi. Ýöne halk döredijiliginden taryhçy beýleki çeşmelerden tapmadyk maglumatyny tapýar. Olarda

halk köpçüliginiň özüniň taryhy şöhlelenýär, onda halkyň ykbalyny uzak wagt kesgitlän taryhy wakalar, oňa halkyň beren bahasy görkezilýär.

Türkmen halk nakyllarynda halkyň çykgynsyz agyr ýagdaýy suratlandyrylýar. Meselem: "Garyp nämä garyp, odun bilen suwa", "Garybyň sözi ýer almaz, ýerde-de galmaz" we şuňa meňzeşler.

Halk aýdymlarynda we sazlarynda halkyň ahy-nalasy, agyr durmuşy, kemsidilmeleri beýan edilýär.

**6.** Taryhy resminamalary we ýatlamalary-memuarlary ulanmak. Bu ýerde gürrüň taryhy – dokumental maglumat beýan etmegiň anyklaýjy serişdesi hökmünde gidýär. Bu maksat üçin, köplenç, resminamalary suratlandyrmak häsiýetini ulanýarlar. Resminamadan bölekler gürrüňe gysga jümleler (sitatalar) görnüşinde goşulyp bilner. Mugallym ol ýa-da beýleki tärleri çalşyp, üstünlikli ulanyp biler. Taryhy reminamalar bilen bilelikde anyklygy memuarlar hem berip biler. **Memuarlar** – taryhy waka gatnaşanlar, ony gözi bilen görenler tarapyndan ýazylýar we mugallymyň gürrüňinde giňden ulanylýar.

**7.** Öz Watanyň taryhy öwrenilende, beýan etmegi anyklaşdyrmak maksady bilen, ýerli materialy ulanmak. Bilim berijilik we terbiýeleýjilik gatnaşyklarynda ýerli material örän gymmatlydyr. Watanymyzyň taryhyny öwrenmekde we oňa söýgi döretmekde mugallyma ýerli material elýeterlidir. Olar Beýik Watançylyk urşunyň ýadygärlikleri, obanyň töweregine degişli taryhy maglumatlar, ýadygärlikler we ýerli mirashanalar (muzeýler), görnükli adamlaryň işleri we durmuşy bilen baglanyşykly ýerler, arheologiki tapyndylar bolup biler. Tejribeleriň görkezişi ýaly, ýerli materiallar anyklamak serişdesi hökmünde ulanylanda, okuwçylara aşa agram düşmän, tersine taryhy yzygider özleşdirmegi belli bir derejede ýeňilleşdirýär. Olaryň taryhy bilimleriniň durnukly we çuňňur bolmaklygyna alyp barýar.

Anyklaşdyrmagyň tärleri:

a) adamlaryň işjeňligini görkezmek ýoly bilen, beýan etmekligi anyklaşdyrmak;

b) hakyky wakany, häsiýetli bölegi, dogry terjimehaly girizmek;

ç) taryhy waka gatnaşan adamyň gürrüňini girizmek.

**Taryh sapagynda gürrüň usuly.** Özara gürrüň taryhy okatmakda uly rol oýnap, ol çekişme, beýan edilen materialy okuwçyla-

ryň pikirlenip işlemegi ýaly usul görnüşinde çykyş edýär. Özara gürrüň - dialog (söhbet etmek) sapagy mugallymyň we okuwçynyň arasynda bolup geçýär. Başgaça aýtsak, özara gürrüň ýoly bilen okuwçylara habar bermek we täze okuw materialyny özleşdirmek amala aşyrylýar. Taryhy okatmakda özara gürrüň okuwçylara taryhy wakalar barada täze habar berýän usul bolup bilmeýär. Ýagny özara gürrüňde wakalaryň yzygiderliligi saklanmaýar.

Şeýle-de bolsa, taryhy faktlary aýralamak we umumylaşdyrmak diňe mugallym tarapyndan ýa-da özara gürrüň arkaly amala aşyrylýar.

Taryhy materialy böleklere bölmek we umumylaşdyrmak pikirlenmegi döredýär, ýagny taryhy bilimleriň çuňlaşmagyny we giňelmegini amala aşyrýar. Ýöne şunuň bilen taryhy okatmakda özara gürrüňiň dowamlylygy gutarmaýar. Özara gürrüň-görkezme esbaba ýa-da dokumental materiala (surat barada özara gürrüň, karta barada özara gürrüň, muzeý eksponaty barada özara gürrüň, taryhy materialyň mazmuny barada özara gürrüň) garanda, okuwçylaryň bilimlerini işeňňirleşdirýär. Okuwçylar bilen özara gürrüň edilende, mugallymyň öň beýan eden, okuw kitabynda ýazylan ýa-da öň geçilen materiala okuwçylaryň düşüniş göwrümi, bilimiň hili, olaryň materiala dogry ýa-da nädogry düşünendikleri, bilimiň çuňlugy kesgitlenýär. Özara gürrüň okuwçylaryň taryhy bilimlere düşünmekligi we olary özleşdirmeklerini barlaýan möhüm usul bolup durýar.

Özara gürrüň söhbet etmek görnüşinde okuwçylary köpçülikleýin akyl işine çekmeklige mümkinçilik berýän, täze materialy has çuňňur özleşdirmek üçin, zerur bolan bilimleri jemleýän bir tärdir.

Galyberse-de, mugallym özara gürrüňde täze materialy seljermekde okuwçylaryň öňki öwrenilen materialy ulanyp bilmekligini guraýar.

Bu usulyň aşakdaky görnüşleri bardyr:

**Giriş özara gürrüňi** – adatça sapagyň başynda täze material şeýle ýollar arkaly öwrenilýär:

a) öňki sapaklarda alnan bilimi jemlemek;

b) okuwçylaryň durmuşdan, edebiýatdan, gazet-žurnallardan özbaşdak alan bilimlerini ulgamlaşdyrmak we umumylaşdyrmak. Me-

selem: V-synpda “Parfiýa döwleti” diýen temany özara gürrüň bilen başlamak bolar.

Sapagyň materialyny üstünlikli özleşdirmek üçin, zerur bolan bilimleri jemlemek diňe bir giriş özara gürrüňi arkaly amala aşyrylman, eýsem täze material beýan edilende, soraglary goýmak arkaly hem amala aşyrylýar. Beýan etmek öňki alnan bilimlere daýanyp alnyp barylýar.

**Barlag gürrüňi** – beýan edilýän materiala düşünmek derejesini kesgitlemek maksady bilen geçirilýär. Oňa bilimleri barlamak, özbaşdak işiň netijesini gözden geçirmek degişlidir. Netijede, bu usuldan soň okuwçylary bahalandyryp hem bolýar.

**Derňew we umumylaşdyryjy gürrüň -** işiň çeýe görnüşi bolup, ol aşakdaky görnüşde ýüze çykýar:

a) täze okuw materialyny beýan etmegiň usuly, täri bolup, mugallym okuwçylaryň öňünde pikirlenmegi, aýyl-saýyl etmegi, beýan edilýän hadysa baha bermegi talap edýän soragy goýanda, gürrüňiň elementlerini özüne gürrüň bermegi we düşündirmegi girizýär;

b) sapakda beýan edilen materialy pikirlenip kabul etmegiň bir usulydyr. Beýle ýagdaýda gürrüňi täze material beýan edilenden soň alyp barýarlar. Meselem: IV synpda mongollaryň Merkezi Aziýa çozmagy we ol halklaryň ýeňilmeginiň sebäpleri barada gürrüň gozgap, mugallym soraglara doly we dogry jogap alýança, gürrüňi dowam edýär;

**Jemleýji gürrüň** – sapagyň ahyrynda ýa-da bölümiň soňky sapagynda birnäçe meseläni çözmeli bolýar: umumylaşdyrma, sapakda öwrenilen materialyň jemi, bu materiala düşünmegiň we özleşdirmegiň derejesi, onuň berkidilişi. Jemleýji gürrüňiň esasy meseleleriniň biri hem geljekki geçiljek temanyň mazmunyna alyp barmakdyr. Bu ýerde materialy berkitmekde taryhy hadysalar umumylaşdyrylýar.

Giňişleýin gürrüňi girizende, mugallym öz dersini oňat bilmek bilen çäklenmän, eýsem öz kärine ussat hem bolmalydyr.

Gürrüňi üstünlikli geçirmegiň möhüm şertleriniň biri hem umumylaşdyryjy soraglaryň öňünden taýýarlanylmagy, gürrüňiň gidişinde onuň mugallym tarapyndan orta atylmagydyr. Sapagyň meýilnamasy anyk, gysga bolup biler, ol mugallymyň bilimine bagly. Ýöne sapak gysga meýilnamada hem bolsa, gürrüňiň soraglary görkezilmelidir, anyk kesgitleme berilmelidir.

## 3. Taryhy materialy beýan etmegiň talaplary. Mugallymyň sözi

Sapakda okamak we öwrenmek bilen baglanyşykly işleriň ählisinde mugallymyň öwredijilik häsiýetli düşündirişlerine *mugallymyň sözi* usuly diýilýär. Mekdepde taryh sapagy okadylanda, elýeterlilik, görkezme esbaplylyk we anyklyk üpjün edilmelidir. Mugallymyň sapakda beýan edýän taryhy materialy umumy kabul edilen talaplary kanagatlandyrmalydyr. Mekdepde taryhy okatmagyň talaplary Türkmenistanyň Prezidentiniň, Bilim ministrliginiň kararlarynda görkezilendir. Taryhy materialy anyk we görkezme esbaply beýan etmek, biziň görşümiz ýaly, köp dürli serişdeleri we anyk tärleri ulanmak arkaly amala aşyrylýar. Beýan etmegiň elýeterliligi örän möhüm ähmiýete eýedir. Ýagny, ol mugallymyň taryhy materialy aýdyň we ýönekeý beýan etmekligini, düşündirmekligini talap edýär. Sebäbi beýan etmegiň añýeterliligi materiala diňe ähli okuwçylaryň düşünmegi bilen çäklenmeýär. Diňe añýeterli materialyň esasynda olarda ýokary akyl işjeňligini, özbaşdak işi guramak, netijeleri we umumylaşdyrmalary ýüze çykarmak endiklerini gazanyp bolar.

Ýönekeý we añýeterli beýan etmek başarnygy mugallymyň dogabitdi ukybyny görkezmeýär, ol irginsiz işlemek netijesinde gazanylýar. Elýeterliligiň we açyk beýan etmegiň möhüm şerti taryh mugallymynyň çuňňur bilimliligi we umumy medeniýeti bolup durýar.

Mugallymyň bilimi öz degişli ugrundan näçe çuň, doly, anyk bolsa, şonça-da ol sapakda materialy açyk, gysga, düşnükli görnüşde beýan eder. Beýan etmegiň elýeterliligi ylmylyk bilen gezekleşmelidir. Öz beýan etjek materialyňdan iň möhüm hadysalary (faktlary), wakalary saýlap almak mugallym üçin örän möhümdir. Okuw kitabynda baplar, paragraflar, abzaslar, ondaky möhüm many-mazmun-

lar iri harplar bilen bellenendir. Onuň tersine, material dilden beýan edilende, üznüksiz häsiýete eýedir, onda bap bolmaýar, paragraflara bölünmeýär. Okamaklygy islendik pursatda goýup bolýar, okalan ýeriniň manysyny düşündirip bolýar, birnäçe sahypa yza gidip deňeşdirip bolýar. Ýöne dilden beýan etmek öwrülişiksizdir. Ol diňleýji üçin ýakymly depginde (tempde) bolmalydyr, ony öz garaýşyň boýunça saklap, yza gaýtaryp bolmaýar we şuňa meňzeşler.

Mugallym dilden beýan edende, janly gepleşigiň artykmaçlygyndan peýdalanmalydyr. Çylşyrymly material öwrenilende, mugallym aýdyş badyny (tempini) gowşatmalydyr, säginme girizmelidir, okuwçylaryň çylşyrymly materialy oýlanyşykly kabul etmegine mümkinçilik döretmelidir. Beýan etmekdäki çalt temp materialy pikirlenip kabul etmeklige päsgel berýär. Mugallym materialy beýan edende, wagtal-wagtal beýan etmekligi kesip, bölekleri aýyl-saýyl edýär we düşündirýär.

Mugallym beýan eden maglumatlaryna ýygy-ýygydan gaýdyp gelmelidir. Sebäbi bu gaýtalanma gürrüň bermekligiň aýratynlyklarynyň arasyndaky baglanyşygy açyp görkezýär. Käte sapagyň gidişinde öň beýan edilen hadysa ýatlanylýar, öňki aýdylanlara gaýdyp gelinýär, onuň täze taraplary açylyp görkezilýär. Diňe şeýle şertde deňeşdirme, umumylaşdyrma işlerini geçirip bolar. Beýan etmegiň zynjyr yzygiderliligi emele gelýär, diňe şondan soň öňe gidip bolar. Eger material böleklere bölünmeýän bolsa, onda baplar, paragraflar, abzaslar bolmasa, onda mugallym özüçe onuň yzygiderli gurluşyny kesgitleýär. Beýle ýagdaýda beýan etmegiň anyk meýilnamasy möhüm ähmiýete eýedir.

Pedagogiki tejribäniň şaýatlyk etmegine görä, diňlemeklik prosesi dogry guralanda IV-V synplarda hem gurluşly düşünmäniň derejesi ýokarlanar. Onuň üçin näme zerur?

1) diňlemekligi pedagogiki taýdan dogry guramak;

2) beýan etmegi pedagogiki taýdan dogry guramak;

3) beýan edilýän materialyň ýazgy edilmegini guramak we oňa ýolbaşçylyk etmek.

Diňlemekligiň pedagogiki guralyşy şeýle ýollar bilen amala aşyrylýar.

a) okuwçylara sapagyň maksadyny düşündirmek: *okuwçylar, biz şu günki temamyzda Beýik ýüpek ýoly we onuň çatrygynda ýerleşen şäherler, kerwensaraýlar, söwda, senetçilik merkezleri barada gürrüň ederis;*

b) material beýan edilýän wagtynda oňa gyzyklanma döretmek. Wakanyň möhümdigini ýa-da çylşyrymlydygyny görkezmek, onuň mazmunyna düşünmek üçin, köp ünsüň zerurdygyny düşündirmek;

ç) meseläniň düşünmek we özleşdirmek ýoluny görkezmek (mugallymyň gürrüňi). Beýan etmegiň aýratyn häsiýeti okuwçylara materialyň içki baglanyşygyna düşünmeklige kömek edýär. Onuň üçin mugallym materialy yzygiderlilikde beýan edip, öwrenilýän wakalary, hadysalary, döwürlere bölmelidir. Eger-de şeýdilse, material okuwçylara düşnükli bolýar. Kähalatlarda beýan edilen materialyň bölegini jemläp, indiki soraga geçýändigiňi okuwçylara duýdurmak bolýar.

Beýan edilýän materialyň umumy baglanyşygyny bilmek pikirli garaýşyň döremegine kömek edýär. Mugallym has möhüm materialy haýalrak, ikinji derejeli materiallary birneme çaltrak beýan etmekde äheňe daýanýar. Onuň kömegi bilen mugallym aýratyn möhüm ýagdaýlary we netijeleri düşündirýär, bu bolsa mekdep okuwçylaryna sapagyň özenine düşünmeklige kömek edýär.

Mugallymda äheňi ulanmak ukybynyň bolmazlygy möhüm ýetmezçilikdir.

Okuwçylar her sözi aýyl-saýyl eşitmelidir. Mugallym howlukman gürrüň bermeli, uzyn jümlelerden gaça durmaly, sebäbi onda dil agyr bolýar, düşünmekligi kynlaşdyrýar.

Ýene bir möhüm pursat – säginmek arkaly okuw işinde materialyň böleklerini aňlatmak zerurdyr, ol bolsa diňe säginmek bolman, eýsem ünsi jemlemegiň hem bir täridir.

Okuw materialy beýan edilende, mugallymdan talap edilýän başarnyklaryň biri hem sesiňe erk edip bilmekdir.

Beýan etmegiň duýgulara täsiri barada käbir zatlary aýdasymyz gelýär. Mugallym möhüm taryhy wakalary gürrüň berende, ýürekden tolgundyrýar. Mugallym halklaryň şöhratly ýoly we kynçylykly geçmişi hakynda gürrüň berende mähirli geplemeli.

Şu wagta çenli gürrüň taryhy material beýan edilende esasy talaplar barada gitdi. Indi bolsa taryhy materialy beýan etmekde ýüze çykýan talaplar barada durup geçeliň. Olaryň iň çylşyrymlysynyň biri hem okuwçylara taryhy hadysanyň özboluşlylygyny, onuň häsiýetli aýratynlygyny, beýleki hadysalar bilen arabaglanyşygyny açyp görkezmekdir, okuwçylarda öwrenilýän waka taryhy çemeleşip öwrenmegi terbiýelemekdir. Bu meseleleri çözmek taryh mugallymynyň işiniň netijesi arkaly amala aşyrylýar. Bu ýerde materialy beýan etmegiň seljerme, özara gürrüň, taryhy faktlary aýyl-saýyl etmek we umumylaşdyrmak, öý işiniň görnüşleri, gaýtalamak-umumylaşdyryjy sapaklar uly ähmiýete eýedir. Ýöne bu ýerde möhüm mesele mugallymyň taryhy materialy beýan edişi bolup durýar.

Mugallymyň sözleýşi arassa, düşnükli we ýönekeý bolmalydyr. Ol tebigy bolmalydyr diýen düşünje ýalňyşdyr. Oňat mugallymyň sözleýşi onuň yzygider we irginsiz işiniň netijesinde kemala gelýär. Ilkinji nobatda mugallymyň sözleýşi edebi diliň nukdaýnazaryndan, gürrüňsiz, dogry bolmalydyr. Eger şeýle bolmasa, dogry beýan edilen materialyň hem manysy bolmaýar. Nädogry jümleler, sowatsyz kesgitlemeler kabul etmegi ýoýýar, ol netijesizdir we okuwçylarda anyk bolmadyk pikirleri döredýär. Beýan etmegiň nädogry endigine getirýär. Mekdep okuwçylary öz pikirlerini dogry we anyk beýan etmek başarnyklaryny ilkinji nobatda öz mugallymlarynyň sapaklaryndan öwrenýärler.

Sözlemlere nädogry basym bermek hem uly kemçilikleriň biridir. Täze taryhy adalgalar beýan edilende, okuw kitaplaryndan, sözlüklerden, ensiklopediýalardan, daşary ýurt sözlüklerinden sözi tapyp, basymy dogry goýmak zerur bolup durýar. Şeýle hem ylmy, syýasy kesgitlemeleriň takyk we anyk bolmagy möhümdir.

## 4. Taryh sapagynda okuwçylaryň bilesigelijilik ukyplaryny ösdürmek

IV-V synplarda taryh dersi okadylanda, okuwçylaryň bilesigelijilik ukyplaryny ösdürmeklik mugallymyň sapak gurnaýşyna baglydyr. Mugallym tarapyndan taryh sapagynda ýaramaz beýan edilen okuw maglumaty okuwçyda hiç bir duýgyny we pikirlenmäni döretmese, hadysalar parhsyz sanalsa, taryhy wakalaryň arasyndaky baglanyşygyny, ähmiýetini, mazmunyny açyp görkezmese, onda ol diňe wagt ýitirmekdir. Ol hemme taraplaýyn zyýanly bolup, pikirleriň ýaltalygyny terbiýeleýär, akyl taýdan işsizlige we parhsyzlyga eltýär. Käte okuwçylar özünde “wagty geçirmegi” terbiýeleýärler. Mugallym täze sapaga başlaýar, okuwçylar täze temany okuw kitabyndan tapýarlar we mugallyma seredip oturýarlar, ýöne mugallymyň ýekeje sözüni hem diňlemeýärler. Indiki gün mugallym 4-5 sany okuwçydan sapak soraýar, galanlary bolsa özlerini şol wagtlarda arkaýyn duýýarlar. Şeýlelik-de, olar käte birnäçe wagtlap hiç zat okaman, taýýarlanman sapak wagtyny netijesiz geçirýärler. Bu ýerde gürrüň ýaramaz beýan etmegiň erbet taraplary barada barýar.

Gündelik gözegçilikleriň görkezişi ýaly, okuwçylar taryh sapagynda taryh mugallymynyň gürrüňini diňläp, geçmiş wakalaryny kabul edýärler. Şeýle gürrüňi diňlemek bilen, okuwçylar wakany janly göz öňüne getirýärler, onuň aýgytly pursatlarynda tolgunýarlar, duýgudaşlyk bildirýärler, ýetginjek-mekdep okuwçysy bolsa öz pikirinde edermenliklere, batyrlyklara, gaýduwsyzlyga gatnaşýar. Ol edermenlikler mugallym tarapyndan taryh sapagynda aýdylýar. Mugallymyň gyzykly gürrüňi mekdep okuwçysynyň pikirini, duýgusyny we göz öňüne getirmesini işjeňleşdirýär we ol pikirleriň, duýgularyň baý, mazmunly bolmagyna, ahlak sypatlaryň döremegine getirýär. Öz käri-

ni söýýän mugallym gürrüň berýän wagtynda, birden synpyň doňup galýandygyny, iň bir gürrüňçil we dek oturmazak okuwçylaryň hem ünsüni jemläp bilýändigini, bilesigelijilik bilen garaýan ençeme ünsli gözi aňman bilmez. Taryh sapagynyň işjeňligi ähli okuwçylaryň elini galdyrmagy, mugallyma ýiti soraglaryň berilmegi we okuwçylaryň tutanýerli jogaplary däldir. Bu ýerde mugallymyň janly sözi gözlegleri we pikirlenmeleri ganatlandyrmalydyr. Taryh mugallymynyň maksady gürrüň bermegiň usulyny kämilleşdirmekdir. Şonda bu usul okuwçylaryň bilesigelijiligini açmalydyr we güýçlendirmelidir, okuw-terbiýeçilik işiniň mümkinçiligini artdyrmalydyr. Mugallym okuwçylaryň gürrüňlere bilesigelijiligini artdyrmak üçin, dürli ýollary ulanýar. Şeýle ýollaryň biri hem okuw maglumaty beýan edilende, okuwçylaryň öňünde dogry soraglary goýmakdyr. Ol bolsa okuwçylary pikirlenmäge mejbur edýär, wakalaryň gidişine üns berdirýär, mugallymyň çykarýan netijelerine gyzyklandyrýar, mugallym bilen okuwçynyň arasynda gepleşik ýüze çykýar, bilelikde goýlan soraglar çözülýär. Käbir ýagdaýlarda, aýratyn hem çylşyrymly taryhy, ykdysady, nazary maglumatlar öwrenilende, mugallym täze temany beýan edende, soraglary yzygiderli goýýar, ýagny beýan etmegiň çekişme görnüşini ulanýar. Mugallym täze temany şeýle usulda beýan etmek bilen, okuwçylaryň pikirini özi bilen alyp gidýär, olaryň bilesigelijiligini, pikirlenmek işjeňligini artdyrýar. Gürrüň bermek bilen okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmesini guraýar. Mysal üçin, V synpda "Gadymy Müsür döwletleriniň gülläp ösmegi" diýen temada gadymy gulçulyk öwrenilende, okuw kitabyndan degişli jümleleri, abzaslary özbaşdak okatmak usuly bilen açylyp görkezilýär. Bu ýagdaýda özbaşdaklyk gurak teksti okamak we taýýar netije bilen goşulyşýar. "Gullaryň çagalary, ýesirler, garyp düşen ýerli ilat, garakçylar tarapyndan talanylanlar  gullar bolupdyr". Bu ýerde okuwçylaryň özbaşdaklygy ýokarlanýar we okuwçylaryň kabul etmegi, göz öňüne getirmesi, pikirlenmesi işjeňleşýär, eger şol maglumaty suratly gürrüň bermek usulynda alyp barsa, mugallym synpyň öňünde bir meseläni goýsa, gürrüňi diňlemegi we gulçulygyň çeşmesini aýtmagy tabşyrsa, has hem oňat netijeleri alyp bolýar.

Sýužetli gürrüňi düzmek kyn däldir. Meselem, "Baý afinaly gul eýesi iş dolandyryjysyna 4 sany gul satyn almagy tabşyrýar. Bazarda

iş dolandyryjynyň gözüne elleri zynjyrly, uzyn boýly gul ilýär. “Sen nädip gul bolduň?” diýip iş dolandyryjy soraýar. Gul: “Meniň ýurduma müsür goşunlary çozdy we ýesir düşüp gul edilip satyldym” diýýär. Soňra iş dolandyryjy gul gyzjagazdan nähili gul bolandygyny soraýar. Ol wawilonly eken, garyp ussanyň gyzy bolup, kakasynyň bergisi üçin gul edilip, başga ýurtda satylypdyr. Üçünji gul öň täjir eken, ony deňiz garakçylary ýesir alypdyrlar. Dördünjisi bolsa guluň ogly eken. Gürrüňiň gidişinde okuwçylaryň özleri gulçulygyň çeşmeleri barada netije çykarýarlar. Okuwçylaryň bilesigelijilik ukyplaryny ösdürmek mugallymyň gönüden-göni döredijilik ussatlygyna baglydyr.

**Okuwçylaryň ýadyny we akyl ýetirişini ösdürmek**

Mugallym okuwça temany aýtdyrmakda dürli usullardan peýdalanyp biler. Özüni ugrukdyrmak okuwça öý-işini gürrüň berdirmek hemişeki ulanylýan adaty usul bolup durýar. Sapakda okuwçylaryň bilesigelijiligini, işjeňligini artdyrmak, olaryň pikirlenmek endiklerini ösdürmek maksady bilen, aýratynlykda we köpçülikde bolar. Kitap bilen işlemek, dürli oýunlardan peýdalanmak barlagnamalary we soragnamalary ýerlikli ulanmak, okuw görkezme esbaplaryndan peýdalanmak, dersara baglanşyklaryny guramak ýaly ýollar arkaly mugallym sapagy döredijilikli guramagy başarmaly. Onuň üçin mugallym okuwçy bilen sapagy özara hyzmatdaşlykda alyp barsa has-da täsirli bolar. Ol sapagy taryhy maglumatlar bilen utgaşykly tanyşdyrandan soň, onuň netijesini barlamak üçin dürli görnüşde ýumuşlar tabşyryp biler. Mysal üçin, soraglar bermek, ýa-da suratlar, deňeşdirme, jedwel boýunça işlemek we ş.m. Okuwçylaryň pikirlerini bilmek maksady bilen, olaryň birinden ýa-da birnäçesinden sapagy soramaly bu bolsa olaryň özara işjeňlikde işleşmäge, biri birleriniň pikirlerini ara alyp maslahatlaşmaga, öz jogaplaryny beýlekileriň jogaplary bilen deňeşdirmäge ýardam edýär. 4-nji synpda Meniň watanym dersi öwredilende jedwellerden peýdalanmak hem okuwçynyň sapaga bolan höwesini artdyrýar. Jedwelleri dürli görnüşde düzmek we ulanmak bolar. Sapak düşündirilýän we berkidilýän wagtynda belli bir ugur boýunça şahsyýetleri döwletleri deňeşdirmek, seneler we beýlekiler üçin jedwel düzüp, okuwça ýumuşlar tabşyryp bolar. Aşakdaky jedwelde jogaplaryň dogrudygyny görkezmek üçin okuwçy üçburçlyk bilen

döwletleriň deňinden bellik etmeli, ol aşakdaky ýaly görnüşde bolup biler.

| T/b | Soraglar | Döwleti esaslandyryjy | Döwletiň dowam eden ýyllary | Ýerleşen ýeri | Paýtagty | Jogapda görkezilen döwletden öňki döwlet |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jogaplar / Döwletler | Kutbeddin Muhammet | 1040-1157 | Demirgazyk Türkmenistan | Nusaý | Köneürgenç türkmenleriniň döwleti |
| 1 | Parfiýa döwleti | | | | ∆ | |
| 2 | Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti | | ∆ | | | |
| 3 | Köneür-genç türkmenleriniň döwleti | | | ∆ | | |

5-nji synpda bolsa Gadymy Gresiýa diýen tema geçilende, bölüm umumylaşdyrylanda şeýle jedwelden peýdalanyp bolar.

Ýumuş: Dogry jogaplary tapyň.

| T/b | Soraglar | Jogaplar | |
|---|---|---|---|
| 1 | Begzada grekler özlerini nähili atlandyrypdyrlar? | Demoslar | z |
| 2 | Gresiýada iň gowy mekdepler nirede bolupdyr? | Olwiýa | a |
| 3 | Ýer sarsdyryjy deňiz hudaýy | Aleksandr Makedonskiý | j |
| 4 | Attikanyň erkin ilaty nähili atlandyrylypdyr? | Aristokratlar | b |
| 5 | Grekleriň Gara deňziň kenarlarynda döreden iň uly koloniýasy | Afinyda | m |
| 6 | Filip II-niň 20 ýaşly ogly | Poseýdon | ç |

Okuwçylaryň öwrenilýän okuw materialyna näderejede akyl ýetirip bilendiklerine göz ýetirmegiň ýollary kyn däl. Mysal üçin, mekdepde okuwçylaryň köpüsi sorag bermekde çekinjeň bolýarlar, mugallymyň soraglaryna-da gysga jogap berýärler. Munuň düýp sebäbi okuwçylarda özbaşdak pikirlenip bilmek ukybynyň emele getirilmändigindedir. Berilýän bilimiň näderejede akyl ýetirilip özleşdirilenligi, olaryň ýumuşlary özbaşdak ýerine ýetirýän mahallarynda ýüze çykýar. Okuwçylaryň özbaşdaklygy diýlende olaryň öz pikirlerini keseden kömek bolmanda-da ösdürip bilmegi, gündelik durmuşda özbaşdak peýdalanyp bilmegi we beýlekilerde işjeňlik görkezmegi göz öňünde tutulýar.

Akyl ýetirilip, añlap, düşünilip özleşdirilen bilim okuwçylaryň ýadynda berkleşýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Binýat berk bolanda, bina baky bolýandyr“ diýip nygtaýşy ýaly, bilimiň berk bolmagy ýadyň hem ýatkeşligiň işi bilenem aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Taryh dersinde okuwçylaryň bilesigelijilik ukuplaryny ösdürmekde oýunlaryň ähmiýeti örän uludyr. Sapaklarda peýdalanylýan oýunlaryň öňünden kesgitlenen maksady, meýilnamasy we oňa gatnaşýanlaryň ählisi üçin umumy hasaplanýan düzgünleri bolmalydyr. Oýunlar diňe bir okuw materiallarynyň oňat özleşdirilmegine ýardam etmän, eýsem sapakda öwrenilen dürli temalar boýunça okuwçylaryň dünýägaraýşyny çuňlaşdyrýar, gözýetimini giňeldýär, täze maglumatlar bilen baýlaşdyrýar.

Mugallymyň taýýarlan dürli görnüşdäki oýunlarynyň toplumy, diňe bir okuw kitaby boýunça öwrenilenleri dürli görnüşde we mazmunda gaýtalamaklyk bilen çäklenmän, eýsem sapakdan daşary öwrenilen maglumatlary hem gaýtalamaga ýardam edýär. Ýeňiji, aýratynda 10-12 ýaşly okuwçy oýunda diňe köp utuk gazanmak bilen çäklenmän, täzelikleri bilmäge, özüniň pikirleriniň dogrudygyny barlap görmäge, öz bilimini has dolulygyna açyp görkezmäge ymtylýar we synpdaşlarynyň goldawyna we öwgüsine mynasyp bolmaga çalyşýar. Oýunda ýeňiji bolmak şatlyk we kanagatlanma duýgularyny oýarýar. Şonuň üçin hem oýunlaryň mazmuny we daş keşbi okuwçylarda uly

gyzyklanma döretmelidir. Mugallym oýun mahaly onuň gyzykly we peýdaly taraplaryny barha kamilleşdirmelidir.

Ýiti, çekeleşikli, göreşilmeýän, guraksy oýunlar çagalaryň arasynda gyzyklanma döretmeýär. Şonuň üçin, mugallym oýunlary taýýarlanda okuwçylaryň bilimlerini giňeldip, pikirlenişikli gyzyklanmasyny artdyryp biläýjek usullardan peýdalanmaga çalyşmalydyr. 4-nji we 5-nji synp okuwçylary bilen taryh sapagynda oýunlar peýdalanylanda, ilkibada uly guramaçylyk taýýarlygy talap etmeýär, sadarak görnüşli oýunlardan başlamak maslahat berilýär.

Taryh sapagynda uly gyzyklanma bilen geçirilýän kartografiki oýunlaryň birinde okuwçylara taryhy wakalar bilen baglanyşykly şäherleriň atlary ýazylan kagyzlar berilýär. Okuwçylar berlen wariantdaky, baglanyşygy bolmadyk dördünji şäheri aýyrmaly. Kim öňürti ýumuşy ýerine ýetirse we kartada şol şäherleriň atlaryny dogry görkezip bilse utuş gazanýar. Mysal üçin şeýle şäherleriň toparlaryny alyp bolar:

Memfis, Fiwy, Suzy, Nubiýa
Wawilon, Uruk, Ninewiýa, Kiş
Afina, Pompeýa, Sparta, Korinf
Karfagen, Rim.Kapuýe, Kanny

Birinji ýumuşda *Nubiýa* ikinji ýumuşda *Ninewiýa*, üçinji ýumuşda *Pompeýa*, dördünji ýumuşda *Karfagen* dogry jogaby bolmaly.

Taryh sapaklarynda okuwçylara Watanymyzyň baý taryhy ýadygärliklerini öwretmek üçin 4-nji synpda temany berkidende “Ýol belet” diýen oýny düzüp we sapakda peýdalanyp bolar.

Onuň üçin Türkmenistanyň kartasynda reňkli ýüpjagazlar bilen 4 sany “Gezelenç ýoluny” geçirip, her ýolda 6 sany ýadygärlige syýahat etmeli. Ýoldaky şol ýadygärlikleriň suraty we gysgaça düşündirişli teksti bukjalara ýerleşdirilip, bukjanyň reňki we tertip belgisi ýoluňky bilen meňzeş edilen bolmaly.

Bukjalary oýna gatnaşyjylar bije atyşyp öz aralarynda paýlaşýarlar. Ýolbelet öz paýyna düşen ugur bilen okuwçylary tanyşdyrýar. Gürrüň berýärkä, bukjadaky suratlary gezekli-gezegine çykaryp, bu ýadygärlik hakynda täsirli gürrüň etmäge çalyşýar. Haýsy ýolbelet öz ýolundaky ýadygärlikleri mümkin boldugyndan oňat gürrüň berip

bilse, şol hem ýeňiji diýlip yglan edilýar. Ýumuşlar üçin okuwçylara has tanyş bolan gadymy Köneürgençdäki minaranyň, Törebeg hanymyň köşgüniň. Marydaky Soltan Sanjaryň ýadygärlikleriniň, Gadymy Nusaýyň, Dehistanyň minaralarynyň, Astanababa metjidiniň we beýleki gymmatly taryhy ýadygärlikleriň suratlaryny saýlap alsa bolar.

Oýnuň bir ugruny paýtagtymyz Aşgabatda gurulan Garaşsyzlyk binasy, Ruhyýet köşgi, Milli muzeýiň jaýy, Garaşsyzlyk seýilgähi boýunça gezelenç guramak bolar.

**Sapak** *(mysaly nusga)*

Gürrüň etmek we söhbetdeşlik usullary arkaly taryh sapagyny guramaklyk

*Sapagyň temasy:* “Gadymy Hindistan”

*Sapagyň maksady:*

a) Hindistanyň tebigaty, ilaty we hojalygy, gadymy şäherleri, kastalar barada düşünjeleri bermek;

b) gadymy Hindistanyň medeniýeti barada aýdyp berip, düşünjelerini ösdürmek;

ç) okuwçylarda ahlak, akyl, zähmet, watançylyk, gözellik terbiýelerini kemala getirmek.

*Sapaga gerekli esbaplar:* suratlar, gazet-žurnallar.

*Sapagyň görnüşi:* garyşyk.

*Sapagyň gidişi:*

**I. Guramaçylyk döwri**.

Okuwçylar bilen salamlaşmak. Synpyň gatnaşygyny hasaba almak. Synp otagynyň ýagdaýyny, okuwçylaryň oturýan ýerlerini, oturyşlaryny we daşky görnüşlerini gözden geçirmek, olaryň ünsüni sapaga çekmek.

**II. Öý işini barlamak**.

Okuwçylaryň öýe berlen tabşyryga taýýarlanyşlaryna pedagogik gözegçilik etmek, olarda öz bilimini, başarjaňlygyny ýüze çykarmak, aýan etmek endiklerini terbiýelemek, olaryň bilim derejelerini anyklamak, berkitmek maksady bilen dilden sorag-jogap alyşmak.

*Soraglar:*

1. Altyndepe nähili döwlet bolupdyr, nirede we haçan döräpdir?

2. Goňurdepe haýsy döwletiň paýtagty bolupdyr?
3. Otparazçylyk dininiň keramatly kitaby?
4. Bisütün ýazgylaryny kim ýazyp galdyrypdyr?
5. Kuşan patyşalygy haçan we nirede döräpdir?

*Barlagnama:*

Kuşan döwleti haýsy patyşanyň döwründe gülläp ösüpdir?

a) Kudzul Kadfiz;
b) Kanişka;
ç) Wima Kadfiz;
d) Kir II.

*Tapmaça:*




*Sowallary*:

1. Türkmenistanda iň gadymy şäher-döwleti.
2. Dünýä medeniýetiniň bäşinji merkezi.
3. Kuşan döwletiniň biziň ýurdumyzdan eýelän ýerleriniň biri.
4. Marguş ýurdundaky iň uly şäher-paýtagt.
5. Keramatly Awesta haýsy diniň kitaby?
6. Ahemeniler patyşalarynyň paýtagt şäherleriniň biri.
7. Kuşan döwletiniň ady haýsy taýpalaryň adyndan gelip çykýar?
8. Türkmenistanda Ahemeniler döwrüne degişli ýadygärlikleriň biri.
9. Dariý I döwründe ýazylan gaýa ýazgylary nähili atlandyrylýar?
10. Parfiýa döwletiniň Türkmenistandaky paýtagt şäheri.

11. Kir II bilen söweşen Massaget şa zenany?

*Jogaplary:* Altyndepe, Marguş, Horezm, Goňurdepe, Otparazçylyk, Persepol, Gowşuan, Gäwürgala, Bisütün, Nusaý, Tumar.

**III. Öý işiniň netijesini jemlemek.**

a) kartadan peýdalanmak;

*Türkmenistanyň kartasy*

Margiana,
Nusaý,
Erkgala,
Gäwürgala,
Goňurdepe,
Horezm,
Lebap.

**IV. Täze temany beýan etmek.**

(gürrüň, mugallymyň sözi, okuw usulynda)

a) aý-gün hasabyny, temanyň adyny synp tagtasyna ýazmak;

b) sapagyň maksadyny aýtmaly.

*Sapagyň maksady*: Gadymy Hindistan, onuň tebigaty, ilaty, hojalygy, şäherleri, kastalar, medeniýeti barada düşünje bermek, pikirleniş, sözleýiş endiklerini ösdürmek, ahlak, watançylyk terbiýelerini bermek.

ç) sapagyň meýilnamasyny beýan etmek.

*Meýilnama:*

1. Gadymy Hindistanyň tebigaty, ilaty, hojalygy.
2. Iň gadymy şäherleri, kasta gurluşy.
3. Ilkinji hat-ýazuwy, hasap ýöretmeklik.
4. Gadymy Hindistanyň baý edebiýaty.

d) meýilnama esasynda temany sada dilde täsirli düşündirmeli (sapak ýazgysynda doly görkezilmeli).

e) karta bilen işlemeli.

| **Hindistan** | | |
|---|---|---|
| Gang derýasy | Hind derýasy | Gimalaý dagy |

**V. Öwrenilenleri berkitmek.**

Temadaky käbir sözleri okuwçylaryň sözlük depderlerine ýazdyrmaly.

*Radjalar*- taýpalaryň harby serdarlary.

*Kastalar*- adamlar haýsy topara degişli bolsa, şol adamlaryň hukuklary we borçlary baradaky kanun

*"Weda"*- uruş manysynda bolup, "şygarlary almaklygy" aňladýar.

Soraglar arkaly berkitmek.

1. Hindistanda haýsy dag ýerleşýär?
2. Hindistanyň howasy nähili?
3. Ariýler kimler, olar nireden göçüp gelipdirler?
4. Ilatyň meşgullanan kärleri we esasy iýmiti nämeler bolupdyr?
5. Iň gadymy şäherlerden nämeler tapylypdyr?
6. Gadymy Hindi ilaty haýsy kastalara bölünipdir?
7. Hindilerde hat-ýazuw haçan ýüze çykypdyr?
8. Ilkinji hasap ýöretmeklik nirede ýüze çykypdyr?
9. Buddizm Hindistanda haçan ýüze çykypdyr?

**VI. Sapagy jemlemek**

Tema boýunça öwrenilenleri barlanandan soň, esasy üns bermeli zatlar barada okuwçylara gysgaça aýtmak.

**Okuwçylary bahalandyrmak.**

**VII. Öý işi tabşyrmak.** § 29 teksti okap gelmeli. Kartadan peýdalanmagy we Hindi hasap sanlarynyň döreýşini öwrenmeli.

## 5. Taryhy okatmagyň görkezme usuly

### § 5.1. Taryh sapagyny okatmakda ulanylýan suratlar we olar bilen işlemegiň usullary

Öwrenilýän hadysa, waka, döwür bilen gös-göni baglanyşykly şekilleri, gurallary, taryhy şahslaryň suratlaryny we beýlekileri görkezip öwretmeklik taryhy okatmagyň görkezme usulydyr. Bu usul okuwçylaryň ol ýa-da beýleki bir hadysany kabul etmek esasynda garaýyşlary we düşünjeleri kemala getirmekligidir. Taryhy okatmakda öwrenilýän wakany kabul etmek ýa-da şekilini görmek geçmiş barada şeýle bir anyk garaýşy emele getirýär, ol garaýşy hatda mugallymyň çeper hekaýasy, hiç bir obrazly beýan etmek hem döredip bilmez.

Taryhy okatmakda taryhy tema degişli bolan suratlaryň uly ähmiýeti bardyr. Ol okuwçylara ähli görkezilýän esbaplaryň içinde has köp taryhy hadysalar, wakalar barada bitewi, anyk garaýşy berýär.

Mekdepde öwrenilýän taryhy suratlar häsiýetlendirýän wakalary boýunça tapawutlanýarlar.

1. Taryhy wakalary häsiýetlendirýän suratlarda möhüm wakalar, jemgyýetçilik durmuşynyň gaýtalanmajak faktlary, harby we rewolýusion geçmiş şöhlelendirilýär. Olara “Marafon söweşi”, “Fermopil söweşi”, “Gökdepe galasynyň basylyp alynmagy” ýaly suratlar mysal bolup biler. Taryhy wakalary häsiýetlendirýän suratlaryň pedagogik gymmaty diňe bir okuwçylara ol ýa-da beýleki wakanyň bolup geçenligini göz öňüne getirmeklige kömek etmän, eýsem ahlak, terbiýeleýjilik işlerinde hem uly rol oýnaýar, okuwçylaryň aňynda uzak wagtlap saklanýar. Wakalary häsiýetlendirýän suratlar düzgün boýunça mugallymyň açyk gürrüň bermegini talap edýär, diňe gürrüň

bermek bilen mugallym şekildäki wakanyň ösüşini çuň açyp biler, suratyň mazmunyny duýgy arkaly berip biler.

2. Öz döwrüniň gündelik durmuşyny häsiýetlendirýän suratlar öwrenilýän döwre mahsus bolan taryhy hadysalary şöhlelendirýär. Olara gündelik durmuş, hojalyk ýa-da syýasy durmuşyň gaýtalanýan pursatlary, öz döwrüniň açyk jemgyýetçilik gatnaşyklary degişlidir. Meselem, V synpda "Iň gadymy adamlar" diýen tema geçilende, öz döwrüniň gündelik durmuşyny häsiýetlendirýän "Urug jemagaty", "Ýabany geçileriň awlanyşy" ýaly suratlar, köplenç, okuwçylar bilen giňeldilen gepleşik üçin baý material bolup hyzmat edýär.

Suratlar boýunça gürrüň bermek mugallymdan okuwçylaryň ünsüni, gözegçiligini, pikirlenmesini işeňňirleşdirýän soraglar toplumyny başarnykly saýlap almagy talap edýär. Köplenç, ýaş mugallym gepleşigiň kynçylyklaryndan gaça durup, gündelik durmuşy häsiýetlendirýän suratlary öwredende, gürrüň bermek bilen okuwçylary işeňňirleşdirmek pursadyny elden gidirýär. Gepleşigiň gürrüň bermek bilen çalşylmagy iki hili ýagdaýda dogry bolup biler. Birinjiden, gündelik durmuşy häsiýetlendirýän surat gepleşik geçmek üçin görkezme-akyl ýetiriş materialyna aşa garyp bolan ýagdaýynda ulanylyp bilner. Ikinjiden, eger-de gündelik durmuşy häsiýetlendirýän surat okuwçylaryň akyl ýetirişinde pikirlenmegi döredýän bolsa ulanyp bolar. Gündelik durmuşy häsiýetlendirýän suratlar ykdysadyýetiň, sosial gatnaşyklaryň we durmuşyň meseleleri öwrenilende ulanylyp bilner.

3. Taryhy tema degişli bolan suratlaryň aýratyn toparyna gadymy şäherleriň, arhitektura ýadygärlikleriniň we ansambllarynyň şekilleri degişlidir. Meselem, "Gadymy Marguş şalygy", "Parfiýa şalygy" ýaly suratlar mugallymyň düşündirmegine mätäçdir.

4. Taryhy portretler – olar bilen işlenende, özboluşly usullardan peýdalanmalydyr, onda gürrüň bermegiň elementleri bilen taryhy şahsyň ömri we işi häsiýetlendirilýär, açylyp görkezilýär.

Indi bolsa, suratlar bilen işlemegiň usullarynyň umumy soraglarynyň üstünde durup geçeliň. Okuw-görkezme esbaplarynyň mukdary nähili bolmaly? IV-V synplarda taryh sapagynda bir wakada iki suraty ulanýarys. Suratlaryň köp mukdaryny ulanyp, okuwçylaryň sapagy çuň we durnukly özleşdirip bilmegini gazanyp bilmeris. Ýöne

gaýtalama-umumylaşdyrma sapaklarynda okuwçylara tanyş bolan birnäçe suraty ulanyp bileris.

Suratlary sapaga çenli we başynda asyp goýmak maslahat berilmeýär. Şeýle ýagdaýda suratlar okuwçylaryň ünsüni esasy işden sowmagy mümkin. Mugallym sapagy beýan etmänkä, ol suratlary IV-V synplaryň okuwçylarynyň nädogry kabul etmegi mümkin. Şeýle ýagdaýda mugallym okuwçylaryň ýalňyşlygyny düzetmek we ony ýeňip geçmek üçin, köp iş etmeli bolar. Suratlar okuwçylara sapagyň möhüm pursadynda görkezilmelidir. Okuwçylaryň suratlary kabul etmäge taýýarlygy sapak beýan edilýän pursadynda amala aşyrylýar. Meselem: “Gadymy Nusaý galasy” diýen suraty görkezmezden öňürti mugallym galanyň içki gurluşyny, şol döwrüň binagärçiliginiň aýratynlygy barada gürrüň bermelidir.

Mugallym suraty asyp az-kem säginmelidir, ol okuwçylaryň surata özbaşdak seretmekleri üçin zerurdyr. Ol okuwçylaryň kabul etmeginiň has gowy bolmagyna ýardam edýär.

Suratyň üsti bilen görkezmek we düşündirmek yzygider we manyly bolmalydyr. Her bir yzygiderlilik tertipli bolmalydyr, bolmasa okuwçylaryň kabul etmeginde bulaşyklyk ýüze çykar we okuwçylarda aýdyň bolmadyk garaýyş kemala geler. Taryhy arhitektura ýadygärlikleriniň şekili bilen işlenende, mugallym görkeziji taýajygy hökman ulanmalydyr. Şeýle ýagdaýda suratlary görkezmek anyk bolýar. Durmuşy we wakalary häsiýetlendirýän suratlar bilen işlenende, dilden görkezmekligi amala aşyrmaly. Meselem: "göni biziň öňümizde", "edil eteginde", "bizden çepde" we şuňa meňzeşler. Portret görkezilende, görkeziji taýajyk ulanylmaýar. Suratlary görkezmek we seçip almak kesgitli düzgüne boýun bolup, onuň esasynda kabul etmekligiň psihologiki we pedagogiki kanunalaýyklygy ýatýar.

Şeýlelikde, suratlar bilen işlemegiň umumy usuly nämä esaslanýar? Ol görkezme materialyny kabul etmekden we pikirlenmegi döretmekden ybaratdyr.

Taryh sapagynda suratlaryň orny we okuw işinde onuň roly nähili?

Sapakda suratlaryň orny dürli hilidir.

1. Mugallym suraty gürrüň berende, görüş daýanjy hökmünde ulanyp biler.

2. Suraty beýan edilen materialy berkitmek üçin ulanyp bolar.

3. Surat okuwçylar üçin täze taryhy çeşme bolup biler.

Ýokardakylardan görnüşi ýaly, suratyň orny gürrüň bermekden öň ýa-da soň bolup biler. Onuň roly bolsa gürrüň bermegiň görüş daýanjy, bilimiň çeşmesi we berkitmegiň serişdesi bolup hyzmat edýär.

Ýene bir möhüm mesele suratlar boýunça okuwçylaryň özbaşdak işidir. Biz suratlar boýunça özbaşdak işi guranymyzda, okuwçylara şu zatlary öwretmelidiris:

1) suratlary dogry kabul etmegi, seretmegi we seljermegi;

2) ondan taryhy bilimleri saýlap almagy;

3) gürrüň bereniňde, okuwçylaryň suratlary ulanmak we suratlar boýunça özbaşdak gürrüň bermegini guramagy;

4) suratlary taryhy çeşme hökmünde we sungat eseri hökmünde okamagy öwretmegi.

Bu meseleleri amala aşyrmagyň möhüm ähmiýeti bolup, ol çagalaryň sözleýşini, ünsüni, gözegçiligini, döredijilikli göz öňüne getirmesini, mekdep okuwçysynyň ahlak we estetiki terbiýesini ösdürýär, olarda gymmatly tejribe endikleri, başarnyklary kemala getirýär. Okuwçylaryň suratlar boýunça özbaşdak işini guramagyň möhüm şertleriniň biri taryhy wakany şekillendirýän suratyň mazmunyny durnukly we çuňňur özleşdirmegidir. Onuň üçin mugallym gürrüň berende, suratlardan esasy zady tapmagy görkezmelidir, onda esasy sazlaşykly topary, olaryň arasyndaky baglanyşyk, yzygiderlilik açylyp görkezilmelidir. Bu hem ýeterlik däldir. Köp ýumuşlar, degişli akyl işleri ýerine ýetirilmelidir. Okuwçynyň özi suratlary görkezmelidir, gürrüň bermelidir, gaýtalamalydyr we döredijilikli çemeleşmelidir. IV-V synplaryň okuw kitabyndaky reňkli suratlar oňa giň mümkinçilik berýär. Suratlar boýunça gürrüň bermek döredijilikli göz öňüne getirmäni, okuw materialyny başarnykly saýlamaklygy talap edýär. Okuwçylaryñ görkezilen suratlar boýunça gürrüň bermekleri üçin pikirlenmelerini guramaly, degişli soraglary goýmaly. Okuwçylara suratlar barada öz islegleri boýunça öý düzmesini tabşyrmak bolar.

Tejribeleriň görkezişi ýaly, geçmiş ýadygärliklerini görkezmek, okuw-görkezme esbabyny ýerlikli peýdalanmak okuwçylarda ge-

çmişi öwrenmäge gyzyklanma döredýär. Ol bolsa okuwçylaryň pikirlenmek işjeňligini, ünsüni we döredijilikli göz öňüne getirmesini artdyrýar.

### § 5.2. Kitapdaky suratlar we olar bilen işlemegiň usuly. Taryh sapagynda portretiň ulanylmagy

Biziň döwrümizde taryh okuw kitaplarynyň suratly bolmagy, jedelsiz, hökmanydyr. Taryh okuw kitabyndaky suratlary häsiýetleri boýunça tapawutlandyrýarlar.

**Kitaplardaky suratlaryň dokumental häsiýeti** (taryhy we arheologik ýadygärlikleriň şekilleri, arhitektura desgalary, olaryň häzirkizaman ýa-da gaýtadan dikeldilen görnüşleri). Kitaplardaky suratlaryň çeperçilik häsiýeti azda-köpde “hyýalydyr”, önümleri döredijilikli göz öňüne getirilendir, olara taryhy žiwopis eserleri, okuw suratlary we kitapdaky suratlar degişlidir. Taryhy öwrenmekde dokumental häsiýetli suratlar esasy hasaplanýar, olar az mukdarda çeperçilikli we ylmy taýdan dogry bolýar.

Okuw kitabyndaky suratlar öwrenilýän döwrüň jemgyýetçilik durmuşynyň häsiýetli tarapyny açyp görkezmelidir. Okuw kitabyna suratlar seçilip alnanda iň dogry, häsiýetli, manyly, şol bir wagtda-da anyk material alynmalydyr. Alynýan suratlar teksti dolduranda, ikinji derejeli bolsa, onda onuň bilim berijilik we terbiýeçilik ähmiýetine seredip alynmalydyr, kitapdaky suratlar doly derejede anyk garaýşy kemala getirmelidir.

Okuw kitabyndaky suratlaryň dogry seçilip alynmagy onuň mazmunynyň aýrylmaz möhüm bölegi bolmalydyr. Ol belli bir ýagdaýda teksti açyp görkezýän görkezme şekili bolup hyzmat etmelidir.

Okuw kitabyndaky suratlary ulanmagyň usulyndan edilýän esasy talap hem şulardyr. Okuw kitabyndaky suratlar esasan öý işinde däl-de, eýsem synp işinde ulanylmalydyr. Diwardaky suratlar synp bilen düýpli işler edilende giňden ulanylýar. Okuw kitabyndaky suratlar mekdep okuwçylarynyň özbaşdak işi üçin niýetlenendir.

Okuw kitabyndaky käbir suratlaryň mazmuny mugallymyň anyk düşündirişini ýa-da uly bolmadyk gürrüňini talap edýär, her bir okuw kitabyndaky suratlar okuwçylaryň ýokary işjeňligini ýüze çykarma-

lydyr. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, okuwçylara mugallym okuw kitabyndaky suratlardan aňrybaş bilimleri saýlap almagy öwretmelidir, olaryň ünsüni, gözegçiligini, pikirlenmesini we sözleýşini ösdürmelidir. Bu ýokary işjeňlik okuw kitabyndaky suratlaryň häsiýetine we mazmunyna, okuwçylaryñ ýaş aýratynlygyna, taýýarlygyna, synpda ýa-da öýde kitap suratlaryny saýlamaklygyň özbaşdak tabşyrylan ýumşuna, galyberse-de okuwçy bilen mugallymyň arasyndaky geplesigiň gezekleşmegine bagly bolup durýar.

Mugallymlar, köplenç, suratlar boýunça işlände, kitapdaky suratyň mazmuny barada soraman, öz gürrüň beren materialynyň ýa-da okuw kitabyndaky tekstiň mazmunyny sorap ýalňyşlyklar goýberýär.

Okuw kitabyndaky "Goňurdepedäki ybadathana" diýen surat bilen işlenende,: *“Goňurdepe haýsy döwletiň paýtagt şäheri bolupdyr? Olarda merhum jaýlamagyň däpleri nähili bolupdyr?”* diýen soraglary berseň, ol kitapdaky suratlaryň mazmunyny açyp görkezýär. Kitapdaky suratlaryň aşagynda tekstleriň (ýazgylaryň) bolmazlygy ony ünsli seljermekden aýyrmaýar. Meselem, IV synpda “Riton” diýen suratyň aşagynda şeýle ýazgy ýok, ýöne Riton köpsanly adamlaryň, haýwanlaryň we ösümlikleriň şekilleri bilen bezelipdir. Şol sebäpli biz okuwçylara şeýle soraglary berip bileris: *Riton näme? Ol nämeden ýasalypdyr? Suratlarda nämeler beýan edilýär?* Okuwçylaryň özi şu soraglardan netije çykarmalydyr.

Dokumental we taryhy ýadygärlikleriň suratlaryna seredenlerinde, mugallymyň soraglary okuwçylary ünsli we düşbi bolmaga ugrukdyrmalydyr. Taryh kitabyndaky suratlar täze bilimleri ele almagyň çeşmesi hökmünde ulanylýar. Kitapdaky suratlar bilimleri berkitmekligiň we ulanmaklygyň görkezme materialy hem bolup biler.

Deňeşdirme täri kitapdaky suratlaryň tapawutly taraplaryny açyp görkezmek üçin ulanylýar. Mekdep okuwçysy gadymy döwürdäki pul birliklerine ünsli seretmek bilen, olardaky meňzeşlikleri deňeşdirýärler. Meselem, Dariý I-niň döwründäki altyn pul, Aleksandr Makedonskiniň altyn puly, Sezaryň şekili çekilen altyn pullary deňeşdirip gürrüň berýärler.

Arhitektura ýadygärliklerini gaýtadan dikeltmek (rekonstruksiýa) aýratyn orna eýedir. Olaryň ilki başlangyç görnüşi çaklamak, gazuw-

agtaryş we arheologik gözlegleriň esasynda amala aşyrylýar. Ýene-de bir bellemeli zat, bu topara degişli kitap suratlary köpdürli bolup, diňe bir seljermede, deňeşdirmede, netije çykarmakda ulanylman, eýsem okuwçylaryň estetiki terbiýesiniň we duýgusyna täsir etmegiň serişdesidir, ýöne bu ýerde mugallym kitap suratlary bilen işlände, çeper edebiýatyň döredijiligine ünsi çekmelidir.

Häzirki zaman hudožnikleriniň döreden sýužetli we durmuş kompozisiýasy (sazlaşykly suratlar toplumy) wakalary häsiýetlendirýän suratlaryň ulanylyşy ýaly usulda peýdalanylýar.

Resminamalaryň, ýazgylaryň dokumental şekilleri (daşa oýulyp ýazylan ýazgylar, golýazmalar we şuňa meňzeşler) özüniň mazmuny we görnüşi boýunça okuwçylara hat-ýazuwyň alamatlaryny duýmaga kömek edýär. V synplarda "ieroglifler bilen daşyň ýüzüne ýazylan ýazgylar" okuwçylarda uly bilesigelijigi döredýär.

**Taryh sapagynda portretiň ulanylmagy.** Taryh mugallymy portrete taryhy şahsyň häsiýetnamasy we taryhy terjimehaly hökmünde garaýar. Käte şeýle sorag berýärler: *Taryhy portretiň kömegi bilen geçmişe akyl ýetirip bolarmy?* Taryhy şahsyň daşky alamatlary arassa tötänlik däldir. Kiçi ýaşly mekdep okuwçysy hem öz söýýän gahrymanynyň daşky keşbi bilen gyzyklanýar. Portret ilkinji nobatda taryhy şahsyň obrazyny anyklaşdyrýar.

Ýüzüň özboluşly alamatlary, gözüň reňki taryhy waka düşünmäge kömek etmeýär. Çeper portretde döwrüň alamatlary we aýratynlyklary şöhlelendirilýär. Portret taryhydyr. Taryhy portret akyl ýetiriş çeşmesidir, ol okuwçylara öwrenilýän döwrüň adamlarynyň keşbi, egin-eşikleri bilen tanyşmaga mümkinçilik berýär.

Çeper portretde görkezilen taryhy şahsyň obrazy ýetginjek mekdep okuwçysyna uly täsir edýär. Aýratyn hem oglanlarda harby şahslaryň portreti uly täsir galdyrýar. Ol portretlerde arkaýynlyk, güýç, saklanmak, erk, mertlik, akyl we alada aýdyň görkezilendir.

IV-V synplaryň okuw kitaby mekdep okuwçylaryna sungat eseri hökmünde portret barada köp maglumat berýär. Meselem, Afinanyň gülläp ösen döwründe grek skulptura portertleri, imperatorçylyk Rimde ellinistik döwür.

Taryhy portretiň ýene bir görnüşi toparlaýyn portretdir. Ol öwrenilýän döwürdäki durmuş gatnaşyklaryny açyp görkezýär. Topar-

laýyn portret sapaklarda köp ulanylmaýar. Mugallym portret bilen işlände taryhy şahslaryň döwürdeşleriniň ýatlamalary uly kömek berip biler.

Portret bilen işlänlerinde, okuwçylaryň bilesigelijiligini artdyrmagyň bir görnüşi gepleşikdir. Ony IV-V synplarda iň bir ýönekeý soraglary goýmak bilen başlap bolar.

Taryhy portret bilen işlenende, mugallymyň ulanýan çeşmeleri we usullary, esasan, şulardyr. Ýöne mugallym sapakda portretleri diňe bir özi saýlap almak bilen çäklenmän, okuwçylarda hem şol başarnygy kemala getirmelidir.

### § 5.3. Taryhy kartalar bilen işlemegiň usuly

**Kartalar** - bular şertli grafiki belgili serişdelere degişlidir, ol okuw-görkezme esbaby bolmak bilen, köp derejede taryhy materialy aňly kabul etmäge kömek edýär. Sapakda kartalary ulanmak diňe bir taryhy wakalary düşündirmän, eýsem geografiki sreda barada garaýşyň döremegine hem getirýär.

Taryh sapagynda kartalar bilen işlemegiň ähmiýeti:

1. Kartanyň kömegi bilen taryhy baglanyşygy, hususan hem, sebäp baglanyşygyny açyp görkezip bilýäris.

2. Karta taryhy okatmaklygyň ilkinji basgançagynda hem ulanylýar, ol okuwçylara öwrenilýän materialy seljermekde we umumylaşdyrmakda kömek edýär.

3. Karta taryhy wakalary we olaryñ gidişini yzarlamaga mümkinçilik berýär.

4. Taryhy kartalar okuw maglumatyny berkitmekde uly rol oýnaýarlar.

Taryh sapagynda kartalaryň esasy üç görnüşi ulanylýar.

*1. Umumy kartalar*- taryhy wakany bir ýurtda ýa-da birnäçe ýurtda, olaryň ýerleşişini, ýagdaýyny we aýgytly pursatda taryhy ösüşini şöhlelendirýär. Meselem, “Ilkidurmuş adamlarynyň, ekerançylygyň we maldarçylygyň ýaýran ýerleri”. Bu kartalar taryhy ösüşiň dowamlylygyny şöhlelendirýär, belli wagtda territoriýalaryň üýtgeýşini, şertli belgileri, harby hereketleriň gidişini görkezýär.

*2. Syn kartalary* – öwrenilýän hadysanyň ösüşiniň esasy pursatlarynyň yzygiderliligini şöhlelendirýär. Köplenç, uzak döwür aralygynda territoriýalaryň üýtgeýşini görkezýär. Meselem, "Rim respublikasy, b.e.öňki V-III asyrlar"atly karta meñzeş kartalar, köplenç, gaýtalamak sapaklarynda giňden ulanylýar.

*3. Tematik kartalar* – aýratyn waka ýa-da taryhy prosesiň bir bölegine bagyşlanýar. Meselem, "Aleksandr Makedonskiniň Gündogara ýörişi" tematik karta degişlidir.

Tematik kartalar öwrenilýän hadysany ýokary derejede anyk görkezýär. Okuw kitabyndaky kartalaryň we atlas kartalarynyň köpüsi tematik kartalar hasaplanýar.

*Shematik kartalar* ýa-da shema kartalar hem tematik kartalaryň bir görnüşidir.

Taryh sapagynda taryhy kartalardan başga-da, **geografiki kartalar** hem ulanylýar. Ol kartalar okuwçylary öwrenilýän ýurduň taryhy şertleri bilen tanyşdyrýar. Taryhy kartalarda geografiki kartalardan tapawutlylykda, fiziki-geografiki maglumatlar az bolýar, oňa derek okuwçylar taryhy kartadan taýpalaryň we halklaryň ýerleşişini, döwletleriň araçägini, şäherleri, söwda ýollaryny tapýarlar, şeýle-de şertli belgiler bilen bellenen uruşlaryň, gozgalaňlaryň, ýörişleriň we beýleki wakalaryñ maglumatlaryny alyp bilýärler. Reňkli taryhy kartalary okuwçylaryñ kabul edişi has ýeňildir.

**Taryh sapagynda karta bilen işlemegiň usullary**

Karta - her bir taryh sapagynyñ möhüm görkezme esbabydyr. Taryhy karta sapakda öwrenilýän döwre gabat gelmelidir. Eger-de mekdepde gerekli taryhy karta bolmasa, onda geografiki kartany ulanmak bolar. Mugallym karta bilen işlände, käbir berk düzgünlere boýun bolmalydyr. Olar:

1) mugallym kartanyň sag tarapynda durmaly;

2) ýüzüni ýagta tutmaly, bolmasa onuň kölegesi karta düşüp, okuwçylara görmäge mümkinçilik döretmez;

3) görkeziji taýajygyny (ukazka) uzap duran sag golunda saklamaly, bolmasa onuň eli we egni okuwçylara görkezilen ýeri görmäge päsgel berer;

4) görkezmekligi howlukman we anyk ýerine ýetirmeli, aýdylýan söz bilen görkezilen ýer gabat gelmeli;

5) görkezmekligiň takyklygyny, söz bilen gabat gelmegini mugallym okuwçylardan talap etmelidir. Meselem, okuwçylar “Demirgazyk”, “Günorta”, diýmegiň ýerine “kartanyñ ýokarsy” ýa-da “aşagy” diýýärler.

Okuwçylara karta bilen işlemegiň tärini başdan öwretmegiň möhüm ähmiýeti bardyr. Täze karta bilen işlenende, ulanylýan tärleriň biri hem okuwçylara oňat belli bolan obýektlere daýanmak usulydyr. Meselem: Türkmenistanyň serhetlerini görkezenlerinde, Hazar deňzi, Köpetdag, Amyderýa we şuňa meňzeşler. Şeýlelikde, mugallym okuwçylaryň taryhy karta oňat düşünmegi üçin, dogry usuly saýlap almalydyr. Ýagny öň öwrenilen zatdan täzä geçmelidir. Gaýtalamak we umumylaşdyryjy sapaklarda geçilen temany täzeden kartada görkezip geçmeklik örän peýdalydyr. Indiki sapakda bolsa täze tema giriş hökmünde iki kartany, öňki öwrenileni we täzäni deňeşdirmelidir.

Mugallymyň ýolbaşçylygynda iki kartany deňeşdirmek bilen, taryhy durnuklylygy, döwletleriň ösüşini ýa-da territoriýasynyň azalmagyny, şäherçeleriň ösüşini we şuňa meňzeşler ýüze çykarýarlar. Synp işlerinde, öý işi düşündirilende taryhy kartadan peýdalanmak hökmandyr.

Okuwçylaryň kartadan ugur almak başarnyklaryny ösdürmegiň we berkitmegiň synalan tärleriniň biri hem bir wagtda iki karta bilen işlemekdir. Mugallym diwardaky kartadan görkezýär, okuwçylar bolsa okuw kitabyndaky kartadan yzarlaýar. Bu iş taryh sapagynda yzygider geçirilip, kem-kemden çylşyrymlaşdyrylýar.

Okuwçylar karta bilen özbaşdak işlänlerinde, esasy maksat ony pikirde kabul etmegidir. Karta boýunça öý işi berlende, iki kartany deňeşdirmek ýoly bilen seljerme häsiýetli dilden beýan etmek ýumuşlary, okuw kitabyndaky ýa-da taryhy atlasdaky umumy we tematik kartalary tapawutlandyrmak ýaly ýumuşlar berilmelidir.

Okuwçylaryň *sudury (kontur) kartalar* bilen işlemeginiň köp artykmaçlygy bardyr. Okuwçylar taryh sapagynda V synpda ilkinji gezek sudury kartalary bilen tanyşýarlar. Taryh sapagynda sudury kartalary doldurmak başarnygy kemala gelýär. Sudury kartalar bilen

işlenende okuwçylaryň çeper döredijiligi peselmeýär. Eýsem, olaryň sudury karta bilen işlemek ukybynyň döredilmegi döredijilikli okamagyna täsir edýär. Sudury kartalar okuwçylarda karta bilen işlemeklige gyzyklanma döredýär. Okuwçy sudury kartalardaky ýumuşlary ýerine ýetirýär. Mugallym ýerine ýetirilen ýumşuň dogrudygyny barlaýar we bahalandyrýar. Bu bolsa okuwçylaryň okuw kitabyndaky kartalara bilesigelijiligini artdyrýar, kartalary öwrenmegiň yzygider bolmagyna getirýär. Tabşyrylan ýumuşlar okuwçylardan döredijilikli çemeleşmegi, pikirlenmegi talap etmelidir.

Sudury kartalaryň yzygider ulanylmagy mugallyma okuwçylaryň akyl ýetiriş işine ýolbaşçylyk etmäge kömek edýär.

Sudur kartanyň çyzylyşy.

1. Ýumuşlar yerine yetirilende taryh atlasyny we okuw kitabyny ulanmaly.

2. Reňkli galam bilen işlemeli. Beýleki atlandyrylmalary ýerleşdirer ýaly çäkleri birmeňzeş solaksy reňkler bilen reňklemeli.

3. Işe başlamazyndan öň haýsy şertli belgileri ulanjakdygyny pikir etmeli. Döwletleriň, derýalaryň, şäherleriň atlaryny biri-birine päsgel bermez ýaly edip ýerleşdirmeli.

4. Saýlanyp alnan atlandyrmalary ýörite bölünip goýlan “şertli belgiler” diýen ýerde görkezmeli.

Türkmenistanyň dolandyryş çäklerini we döwlet serhetlerini sudur karta geçirmegiň usullary:

1. Ilki bilen “Türkmenistanyň ýerleşişi we döwlet araçäkleri” diýen temany doly öwrenmeli.

2. Türkmenistanyň araçägini gyzyl reňk bilen geçirmeli we serhetdeş döwletleriň atlaryny ýazmaly.

3. Ýurdymyzyň çetki nokatlaryny bellemeli we atlaryny ýazmaly.

4. Türkmenistanyň çägini sary galam bilen reňklemeli.

5. Hazar deňzini bolsa gök reňk bilen reňklemeli .

6. Türkmenistanyň paýtagtynyň, welaýatlaryň, welaýat merkezleriniň çäkleriniň atlaryny ýazmaly.

Eger-de okuwçylar sudur kartanyň çyzylyşynda kynçylyklar çekseler, ýalňyş goýberseler ýoldaşlary bilen maslahatlaşyp ýa-da beýlekileriň çyzan nusgalary bilen deňeşdirip görüp öz yalňyşyny

düzedip bilerler. Sudur karta bilen işlemeklik okuwçylarda ünsli bolmagy we görüş ýadyny terbiýeleýär, karta bilen işläp başarmak endiklerini berkidýär.

Karta bilen özbaşdak iş. Taryh sapaklarynda täze material boýunça işlenende we okuwçylaryň öýe berlen yumuşlary barlananda atlaslaryň ahmiýeti öran uludyr. Onuň üçin her bir okuwçy okuw kitabyna we maksatnamasyna laýyk gelýän taryh atlaslary bilen üpjün edilen bolmaly. Synpda mugallym temany düşündirýän pursatynda okuwçylar öz ellerindäki atlas boýunça gürrüňi yzarlap oturýarlar. Atlas kartany okuwçylar bilen sorag-jogap gurnalanda, sapak berkidilende we öýe ýumuş tabşyrylanda hem peýdalanyp bolýar. Okuwçylaryň kartalar bilen özbaşdak işini guramak üçin olara elde, öz güýji bilen karta taýýarlamagy öwretmek peýdalydyr. Kartany ýasamak üç tapgyrdan durýar: Meýilnamalaşdyrmak, düzmek we bezemek. Kartany ýasamaga başlamazdan öňürti onuň maksady, mazmuny çeşmeleri, şertli belgileri we reňkler bilen bezemek barada oýlanmaly. Karta öz mazmuny boýunça juda çylşyrymly bolmaly däldir. Kartanyň mazmuny biri-biri bilen berk bagly iki bölümden durýar – kartanyň esasy we yörite ýumuşlary. Kartanyň esasynda: gradus tory, derýalaryň we kenarlaryň çyzgysy, aragatnaşyk ýollary, şäherler we şuňa meňzeşler bolmaly. Kartanyň esasyny degişli kartalardan göçürip almak hem mümkin. Atlasdan ýa-da okuw kitabyndan kiçi masştabdaky kartalar alynmaly bolsa, onda kartany göz öňüne getirilen masştab ulanmak üçin epidoskopdan, kompýuterden peýdalanyp bolýar. Şeýle usul bilen çekilen kartanyň esasyna ýörite ýumuşlarymyzy geçirip başlaýarys. Karta düzülende ýönekeý gara galam bilen işlenýär. Birnäçe gezek barlanyp görülýär we gerek bolsa düzedişler we goşmaçalar girizilýär. Kartany bezemek işi ony owadan edip reňklemekden başlanýar. Munuň üçin akwarel reňkleri peýdalanmak gerek.

Ilki bilen kartanyň düşegini reňklemeli, soňra ähli çyzyklary we belgileri çyzmaly, soňundan gerekli ýazgylary etmeli. Eger çyzyklary, yazgylary öňünden geçirip, soňra reňklense, onda karta bulaşar. Akwarel reňki gerekli mukdarda öňünden taýýarlap goýmaly, zerur reňki almak üçin akwareli iki-üç sapar peýdalansaň hem bolar.

### § 5.4. Taryhy okatmakda täzeçil usullaryň ulanylmagy

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow okuwyñ hilini kämilleşdirmekde daşary ýurtlaryñ oñyn tejribesini öwrenmegi ündeýär. Türkmenistanyň orta, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde multimediýa tehnologiýalarynyñ we okatmagyň interaktiw usullarynyñ girizilmegi ýurdumyzyň bilim ulgamynda dünýä derejesine ýetmegine mümkinçilik berdi.

**Multimediýa** – bu informasiýalaryň we okatmagyň dürli görnüşli serişdeleriniň bir wagtda ulanylmagydyr.

Okuwçylara bilim bermegiň häzirki zaman serişdeleriniň esasylarynyň biri kompýuter bolup durýar. Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ösüp gelýän nesil hakdaky ýadawsyz aladasy netijesinde eýýäm okatmagyň multimediýa tehnologiýasy bilen üpjün edilen mekdepler açyldy. Ulanylmaga berlen täze mekdepleriň okuw otaglary kompýuter tehnikasy, sensor ekranly interaktiw mekdep tagtasy, sapaklara öňünden taýýarlanmaga niýetlenen geçiriji planşet, okuwçylaryň bilimi özleşdirişini barlamak üçin birlaý pultlar hem-de ähli ulgamy dolandyrmaga niýetlenen kompýuter bilen doly üpjün edilendir.

**“Interaktiw”** - sözi “interakt” diýen iňlis sözünden gelip çykyp, ol “özara baglanyşmak, özara gatnaşykda bolmak, biri-biriňe täsir etmek” ýaly terjime edilýär.

Interaktiw okuw diýlende, okuwçynyň töwerekdäki okuwa dahylly zatlar hem-de adamlar (mugallym, synpdaşlary, kompýuter we şuňa meňzeşler) bilen işjeň aragatnaşykda bolýan okuwyna düşünmeli. Interaktiw okuwda sapaklar okuwçylaryň ählisiniň akyl ýetiriş prosesinde durky bilen berler ýaly ýagdaýda bolup, okuw materiallaryny özleşdirmäge şahsy goşandyny goşar ýaly derejede geçirilmelidir. Interaktiw okuwyň netijeliligi, ilkinji nobatda, mugallymyň ussatlygyna baglydyr. Hut mugallym oňaýly ýagdaýy döretmek arkaly okuwçylar bilen aýratynlykda, iki-ikiden we toparlaýyn işleri gurnamak ýoly arkaly, sapagyň maksadyna ýetmegini gazanmalydyr. Munuň üçin sapaklarda dürli hili döredijilikli ýumuşlar, görkezme esbaplary, köp dürli oýunlar ulanylýar, ýazmaça we dilden materiallar, kompýuter we beýleki informasiýa çeşmeleri bilen işjeň ýagdaýda iş geçirilýär.

Bu okuw prosesi has netijeli bolýar. Interaktiw okuw ýalňyz çykyş edýäniň agalyk etmegini we ýeke-täk pikiri aradan aýyrýar. Häzirki zaman mugallymçylyk tejribesinde okatmagyň interaktiw görnüşi, esasan, okuwçylaryň alan täze informasiýalaryna akyl ýetirmegine, işjeň pikirlenmegine, bilimi düýpli özleşdirmegine ýardam berýän usuldyr.

**Interaktiw usuly** okuwçylarda bar bolan bilimleriň ulanylmagyna, alnan täze informasiýalara gyzyklanma oýarmaga, berilýän bilimlere olaryň şahsy çemeleşişini emele getirmäge gönükdirilendir. Okuw materiallaryny taýýarlamak, interaktiw barlag işlerini geçirmekde, sorag-jogap alyşmakda we okuwçylaryň işjeňligini gazanmakda interaktiw tagtanyň orny uludyr.

Interaktiw ders otaglarynda internet hyzmatlaryndan peýdalanmak üçin, enjam-maksatnama toplumynyň bolmagy okuwçylara dünýä ylymlary, täzelikler bilen tanyşmaga mümkinçilikleri döredýär.

Taryh sapagynda tehniki serişdeleriň ulanylmagy mugallyma okuw-terbiýeçilik işlerinde ýokary netijeler gazanmaga mümkinçilik berýär. Okuw işinde tehniki serişdeleriň ulanylmagy mugallymyň ýolbaşçylyk roluny peseltmän, onuň işini başarjaň, maksadalaýyk alyp barmagyna ýardam edýär. Taryh mugallymynyň tehniki serişdeleri ulanmagy onuň öňünde täze mümkinçilikleri açýar, wagty tygşytly ulanmaga mümkinçilik berýär. Okuw-görkezme esbabynyň netijeliligini artdyrýar, okuwçylaryň kabul etmesini, pikirlenmegini we ýatda saklamagyny ýokarlandyrýar. Tehniki serişdeleriň üsti bilen okadylanda, dürli enjamlar we gollanmalar peýdalanylýar.

Taryhy okatmakda teleýaýlymlaryň materiallaryny peýdalanmak hem öz netijesini berýär. Okuw telegepleşikleri günsaýyn durmuşymyza ornaşýar. Teleýaýlymlarda berilýän gepleşikler belli temalara degişli bolup biler. (Meselem, Soltan Sanjaryň kümmedi, Nejmeddin Kubra, gadymy Dehistanyň taryhy baradaky gürrüňler we şuňa meňzeşler) Teleýaýlymlarda berilýän çeper filmler hem belli bir derejede taryhy eserler bolup durýar. Ol kinofilmlere “Magtymguly”, “Şükür bagşy” we şuňa meňzeşler degişlidir. Bu kinofilmler öz döwrüniň esasy meselesini belli bir derejede açyp görkezýär.

Teleýaýlymlar taryhy okatmagyň mümkinçiliklerini giňeldýär, okuwçylara görnükli adamlar bilen ekran arkaly duşuşmaga şert döredýär.

Saz ýazgyly audiokassetalaryň ýazgysyny diňlemek medeni – taryhy materialy kabul etmeklige kömek edýär. Audiokassetalaryň ýazgylaryny diňlemegiň ýene-de bir aýratynlygy görkezip ýa-da okuw kitabynda ýazyp beýan edip bolmaýan zady diňlemeklige mümkinçilik berýär. Türkmen bagşylarynyň we häzirki zaman kompozitorlarynyň aýdym-saz ýazgylaryny taryh sapagynda, aýratyn hem synpdan daşary geçirilýän işlerde diňlemeklik öz netijesini berýär. Audiokassetalary gurnak işlerinde hem giňden ulanyp bolýar.

Taryhy temalara degişli audiokasseta ýazgylarynyň ikinji görnüşi edebiýat eserleriniň ýazgylary hem bolup bilner. Meselem, Beýik Watançylyk urşuna degişli goşgularyň ýazgylary ulanylyp bilner. Bularyň hemmesi taryh sapagynyň duýgulara täsirini artdyrýar.

**Taryhy okatmakda wideokassetalaryň orny**. Ilki bilen wideokassetany mugallymyň özi görýär we tanyşýar. Taryh sapagynda wideokassetalaryň ulanylmagy mugallymyň sapagy guramagynyň bir görnüşidir. Mugallym okuwçylaryň ünsüni kesgitli tarapa gönükdirýär, filmdäki esasy pursada çekýär, okuwçylaryň jogap bermeli soraglaryny taýýarlaýar. Wideokassetalaryň ýazgylary görlenden soň, özara gürrüň geçirýär, öý işini tabşyranda, wideokassetalaryň mazmuny bilen baglanyşykly soraglary tabşyrýar. Ýöne wideokassetalara ýazylan filmler mugallymyň ornuny çalşyp bilmez. Goý, aýdalyň, wideofilm täze temanyň ähli meselelerini açyp görkezýän hem bolsa, ol täze tema bilen öňki temanyň arabaglanyşygyny, okuwçylaryň wakalary saýgarmagyny we umumylaşdyrmagyny üpjün edip bilmeýär.

*Wideokassetalary sapaklaryň iki görnüşinde: täze temany beýan etmekde we gaýtalamak sapaklarynda ulanmak bolar.* Täze tema geçilende, wideofilmler has hem giňden ulanylýar. Sapak wideofilmler arkaly gurnalanda, mugallym iki sany aýratynlygy hasaba almalydyr. Ol aýratynlyklaryň birinjisi-mugallym wideofilmleri wagtal-wagtal saklamak, säginmek arkaly düşündirip biler. Ikinji aýratynlygy, özboluşly şerte laýyklykda tomaşa edilýän wideofilmleri yzygider görkezmekdir.

**Sapak** *(mysaly nusga)*

Mugallym taryhy kartalar bilen işlände sapagy aşakdaky görnüşde gurnap biler

*Sapagyň temasy.* Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň döremegi.

*Sapagyň maksady:*

a) Aleksandr Makedonskiý we onuň Gündogara harby ýörüşleri barada düşünje bermek;

b) kartalar arkaly okuwçylaryň düşünjelerini, pikirleniş endiklerini ösdürmek;

ç) Watançylyk terbiýesini bermek.

*Sapaga gerekli esbaplar:*

*Kartalar*: Makedoniýanyň gülläp ösmegi, Makedonskiniň Gündogara ýörüşi, mazmunly suratlar, tapmaça.

*Sapagyň gidişi:*

**I. Guramaçylyk döwri.**

a) okuwçyny sapaga taýýarlamak;

b) Watan täzelikleri bilen tanyşdyrmak.

**II. Öý işi barlamak.**

Sorag-jogap arkaly, barlagnama arkaly, suratlardan soramak arkaly. Tragiki we masgarabazlyk nikabynyň we tragiki aktýoryň çekilen suratyny tagtada asyp, tapawudyny düşündiriş arkaly soramaly.

Oýunlaryň üsti bilen barlamak. Meselem, gije-gündiz oýny.

*Grek hudaýlarynyň atlaryny sanaşyk.*

**III. Öý işi jemlemek.**

Edebiýat sapagynda öwrenen, öý işiniň gidişinde-de tanyş bolan gülküli çykyşlar-komediýalardan birini aýdyp berip, okuwçylaryň ýadawlygyny aýyrmaly.

**IV. Täze temany beýan etmek**.

a) aý-günüň hasabyny, temanyň adyny okuw tagtasyna ýazmaly;

b) mugallym tema barada giriş-duýdurma gürrüňi;

ç) sapagyň maksady: Aleksandr Makedonskiniň Merkezi Aziýa ýörişleri, onuň imperiýasyna giren ýerleri, esasy söweşleriň bolan ýerleri, ol hakdaky rowaýatlar barada düşünje bermeli.

*Meýilnama:*

Makedoniýanyň gülläp ösmegi. Filipp II.

Aleksandr Makedonskiý we onuň Gündogara harby ýörişleri.

Pars patyşalygynyň synmagy.

Gawgamel söweşi, onuň netijesi.

a) meýilnama esasynda temany sada dilde düşündirmeli;

b) düşündirişiň gidişinde kartadan görkezmeli. Şonda kartalardaky bellikleri okap öwretmeli.

**V. Öwrenilenleri berkitmek.**

a) sorag-jogap alyşmak;

b) kartalar arkaly.

*Makedoniýanyň gülläp ösen döwri (b.e.öňki 359-336ý.) diýen karta boýunça soramak:*

1. Makedoniýa b.e.öňki 359-njy ýyla çenli nähili ýer tutupdyr?
2. B.e.öňki 359-356-njy ýyllarda Filipp II nireleri eýeläpdir?
3. Esasy söweşleriň bolan ýerlerini kartadan görkezmeli?
4. Filip II birleşen grek goşunlaryny nirelerde derbi-dagyn edýär?
5. Makedoniýa grek-şäher döwletlerinden nireleri birleşdirilýär?

*Aleksanr Makedonskiniň Gündogara ýörişi diýen kartadan soramak:*

1. B.e.öňki 336-njy ýyldaky Makedoniýa patyşalygyny görkezmeli.
2. Makedoniýanyň golastyna geçen grek-şäher döwletlerini kartadan görkezmeli?
3. Pars imperiýasyny kartadan görkezmeli.
4. B.e.öňki 334-325-nji ýyllarda Aleksandr Makedonskiniň goşunlarynyň ýörişlerini yzarlamaly.
5. Esasy söweşleriň bolan ýerlerini görkezmeli.
6. Aleksandr Makedonskiniň imperiýasyna giren ýerlerini kartadan görkezmeli.
7. Wawilony kartadan tapmaly.

**VI. Sapagy jemlemek.**

“Aziýanyň patyşasy” diýlip yglan edilen Aleksandr Makedonskiniň imperiýasy baradaky düşünjeleri jemlemek.

**Okuwçylary bahalandyrmak.**

**VII. Öý işi tabşyrmak.**

§ 41 okap öwrenmeli. Kartadan peýdalanmagy öwrenmeli. Ýer-ýurt atlaryny kartadan öwrenijilik depderlerine geçirmeli.

## § 5.5. Taryhy okatmakda tekst bilen işlemegiň usullary

**Kitapdaky tekst bilen işlemegiň usuly**

Mugallymyň gürrüňinden we okuw-görkezme esbabyndan soň okuwçylaryň bilimleri almagynyň çeşmesi bolup tekst hyzmat edýär. Mekdep okuwçysy uly boldugyça, ylmy we çeper edebiýatdan, taryhy çeper okaýyşlardan, taryhy dokumentlerden, gazet-žurnallardan şonça-da taryhy maglumatlary alýar. Emma IV-V synplarda esasy çeşme, köplenç, okuw kitabydyr. Ol taryhy beýan etmekligiň yzygiderliligini özünde jemleýär. Mugallym okuw kitabyny gündelik sapakda we öý işini ýerine ýetirmekde möhüm gollanma hasaplaýar. Okuw kitabyndaky tekstler bilen sapakda ýumuşlary ýerine ýetirmek okuw materialyny oňat özleşdirmäge kömek edýär, kitap bilen özbaşdak işläp bilmek endigini kemala getirýär.

*Taryh okuw kitabyndan edilýän talaplar:*

1. Ilkinji nobatda okuw kitaby okuw maksatnamasy esasynda ýazylmalydyr.
2. Taryh okuw kitabynyň mazmuny, gürrüňsiz, ylmy dilde bolmalydyr, ýagny taryhy geçmişi ylmy taýdan beýan etmelidir we açyp görkezmelidir.
3. Okuw kitabynda beýan edilýän, häsiýetlendirilýän, baha berilýän taryhy wakalar, kesgitlemeler, netijeler IV-V synp okuwçylarynyna añýeterli derejede ýazylan bolmalydyr.
4. Ylmy maglumatlar anyk, ýönekeý, sada we düşnükli dilde beýan edilmelidir.
5. Okuw kitaby okuwçynyň söz baýlygyny artdyrmalydyr, onuň sözleýşini we taryhy pikirlenmesini ösdürmelidir.
6. Taryh boýunça okuw kitabyndan edilýän möhüm talaplaryň biri hem materialyň ýerleşdirilişi wagt taýdan yzygider bolmalydyr.
7. Okuw kitaby okuwçylar üçin güýçýeterli bolmalydyr.

Täze düşünjelere öňünden girişmek, wakalary çylşyrymly beýan etmek, okuwçylara düşünjeleriň elýetersiz bolmagy, ýaş aýratynlygyny hasaba almazlyk edilýän talaplaryň häsiýetli bozulmalarydyr.

*Okuw kitabyndan usuly işleriň esasy talaplary:* ol taryhy kartany (şol sanda reňkli), görkezme şekilleri, uly bolmadyk sorag-jogap materialyny, mazmuny we hronologik tablisany we beýlekileri özünde

saklamalydyr. Okuw kitaplary usulyýet ylmynyñ talaplaryny berjaý etmelidirler. Olarda baplar, paragraflar boýunça soraglar we ýumuşlar, özbaşdak işlär ýaly materiallar (taryhy dokumentler, sözlükler) bolmalydyr. Bularyň hemmesi mekdep okuwçylarynyň özbaşdak işleriniň dürli görnüşini guramak üçin netijelidir.

**Kitapdaky tekst bilen işlemegiň usullary we tärleri**

*Düşündirişli okaýyş.* V synpda okuwçy ilkinji gezek çylşyrymly taryhy tekstlere gabat gelýär. Şonuň üçin mugallym ilkinji sapakdan başlap gürrüň beren materialyny çagalaryň dogry kabul etmegi üçin düşündiriş okaýşyny geçirýär. Ol maglumatlary beýan etmek bilen, paragraflardaky tekstleri bölekler boýunça okamak bilen gezekleşdirýär. Okamasy we düşünmesi kyn bolan tekstleri mugallym daşyndan okaýar, okuwçylar bolsa ony tekst boýunça yzarlaýarlar, has ýeňil abzaslary bolsa okuwçy daşyndan okaýar. Okamak prosesinde tekste düşünmeklik barlanylýar. *„Biziň günlerimizdäki adamlardan olaryň aýratynlygy nämede?“ diýen sözleme sen nähili düşünýärsiň? Ýa-da „Adamlar tebigatyň beren zadyny ýygnapdyrlar“. Bu sözleme nähili düşünmeli? Ony başgaça nähili aýdyp bolar?*

Mugallym tekstde gabat gelýän täze sözleri, adalgalary düşündirýär. Mekdep okuwçylary taryhy materialy pikirlenip okamagy ele alandan soň, bitewi düşündirişli okamak has kyn ýerleri saýlap okamak bilen çalşylýar. Okaýşy düşündirmek täri mugallymyň düşündirişli gürrüňi bilen utgaşýar. Ol okuw kitabyndaky tekstiň has çylşyrymly ýerini okamaklygyny ýokary synpa çenli alyp barmalydyr. Sebäbi ýokary synpda okuwçylaryň özbaşdak işlemek başarnygy ösýän hem bolsa taryhy materialyň mazmuny hem çylşyrymlaşýar.

Mugallym paragrafdaky ähli materialy beýan etmelimi ýa-da materialyň bir bölegini özbaşdak iş hökmünde düşündirmän goýmalymy? IV-V synplarda okuwçylaryň okuw kitabyndaky tekstlerden bilimleri özbaşdak saýlap almagyny öwretmeli. Elbetde, bu hemişe mümkin hem bolup durmaz. Sapagyň esasy özenine degişli bolan meseläni paragrafdaky tekstden özbaşdak okap almagy tabşyrmak dogry bolmaýar. Sebäbi ol mugallymyň giňişleýin gürrüňini ýa-da gyzykly gürrüňini talap edýär. Galyberse-de, sapakda möhüm akyl ýetiriş we terbiýeçilik meseleleri bar, täze düşünjeleriň üstüni açmaly. Meselem,

“Gadymy Hytaýyň medeniýeti” temasy geçilende, sungat baradaky materialy özbaşdak okamaklygy tabşyrmak bolmaz. Sebäbi onuň esasynda çylşyrymly meseleler, gözellik terbiýesi, görkezme esbaby saýlap almak, täze düşünjeleri kemala getirmek, hytaý sungatynyň özboluşlylygy ýaly aňsat bolmadyk wezipeler bar. Oňa derek özünde maglumatlary saklaýan şekilleri özbaşdak okamak üçin berip bolar. Onuň üçin şeýle soragy goýup bolar: *“Gadymy döwürde Hytaý halky nähili önümleri öndüripdirler?”.* Şeýle ýagdaýda soragyň jogabyna taýýar okuwçy elini galdyrýar. Bu bolsa işi tizleşdirýär, okalan zatlara has ünsli bolmaklygy üpjün edýär, her bir okuwçyny bu işe gatnaşmaga mejbur edýär.

Materialy bir okuwçy daşyndan okaýar, okalan ýerlerden mugallym sorag berýär, seýrek ýagdaýlarda ol synpyň işjeňligini peseldýär. Ol özbaşdak iş okuwçylaryň özleşdiren çylşyrymly bolmadyk okaýyşlary bolup biler.

Mugallymyň gürrüňinde okuw kitabynyň tekstleriniň böleklerini ulanmak bolar.

Kitapdaky teksti aňlamagyň ähmiýeti dürli tärler bilen seljerilýär we özleşdirilýär. Mekdep okuwçysynyň kitapdaky tekstiň mazmunyny aýyl-saýyl etmek başarnygynyň bir ýoly hem: *“Şu abzasda näme barada gürrüň gidýär?” “Şu setirleri nähili atlandyrmak bolar?”* ýaly soraglar arkaly amala aşyrylýar. Bu ýol teksti böleklere bölýär we meýilnama düzmeklige getirýär. Beýleki ýol okalan setirlerden esasy, baş pikiri saýlap almaklyga kömek edýär. Bu ýoly mugallym V synpda (ökde mugallymlar eýýäm IV synpda) öwredýärler.

Her bir temanyň üstünde işlemek bilen, okuwçylara meýilnama düzmekligi öwretmeli. Mugallym täze materialy beýan etmezden ozal, temadaky bölekleriň atlaryny okamagy tabşyrýar we şeýlelikde, täze sapagyň meýilnamasy bilen tanyşdyrýar.

Taryh kitaby bilen işlemek taryhy materialyň özüni aňlamakdyr. Tekstdäki taryhy materialy seljermek, umumylaşdyrmak, taryhy hadysa baha bermek olaryň arasyndaky baglanyşygy deňeşdirmek arkaly ýüze çykarylýar.

*Bu işiň usuly tärleri şulardyr*:

a) temalaryň we onuň bölekleriniň mazmunynyň möhüm pursatlaryna degişli barlag soraglaryny düzmeli;

b) okuwçylara kitabyň tekstinden öňde goýlan soraglaryň jogabyny tapdyrmaly;

ç) kitap tekstindäki hadysalardan çykarylan netijäni tassyklatmagy öwretmeli;

d) okuw kitabynyň tekstinde ýazylan iki ýa-da ondan hem köp hadysany deňeşdirmegi, olaryň meňzeşligini we tapawudyny ýüze çykarmagy öwretmeli.

Tejribeli mugallym okuwçylar bilen jemleýji netijeleriň, düşünjeleri kesgitlemegiň, täze adalgalaryň üstünde yzygider işlemekligi guraýar. Mugallym okuwçylaryň ünsüni tekste çekýär, ony özleşdirer ýaly okamagy tabşyrýar, görkezilen kesgitlemeleri aýdyňlaşdyrýar. Temanyň ahyryndaky netijeler jemleýji gepleşik üçin material bolup hyzmat edýär.

Okuw kitabyndaky materialy özleşdirmegi durnukly we aňlylygyny ýokarlandyrmak üçin, mugallymyň ýolbaşçylygynda tekste bellikler edilýär. Onuň üçin okuw kitabyndaky çylşyrymly ýerler (şertler, sebäpler, netijeler, hadysanyň esasy ýagdaýlary, gapma-garşylyklaryň ýitileşýän ýeri we şuňa meňzeşler) synpda okalýar, gepleşigiň gidişinde aýdyňlaşdyrylýar, okuwçylar netijeleri çykarýarlar, öwredijilik depderlerine bellik edýärler. Şeýlelikde, tekstiň yzygiderli gurluşy emele gelýär. Bu işiň gidişinde okuwçylar giňişleýin meýilnamalaşdyrmagyň we ýazgy ýöretmegiň başarnyklaryny ele alýarlar.

Okuw kitaby bilen işlemegiň möhüm şertleriniň biri hem okuwçylara öý işini ýerine ýetirmek endigini öwretmekdir. Onuň möhüm şerti anyk öý işi we ony nähili ýerine ýetirmelidigi baradaky irginsiz görkezmeleridir. Kitap boýunça şeýle ýumuşlary tabşyryp bolar: teksti gürrüň bermek, meýilnama boýunça gürrüň, tekst boýunça soraglara jogap taýýarlamak, temanyň ahyrynda berlen netijeleri tassyklamak, kitabyň tekstine laýyklykda tablisalary, shemalary düzmek.

Mekdep okuwçylarynyň okuw kitabyny peýdalanyp, ony şol yzygiderlilikde, sapakda öwrenişi ýaly, beýan etmek başarnygynyň örän uly akyl ýetiriş we terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Okuwçylar goýlan soraglara degişli jogaplary tiz tapmagy başarmalydyr. Şeýle işler gaýtalama-umumylaşdyryjy sapaklara taýýarlanylanda geçilip bilner.

Okuwçylaryň akyl işjeňligini ösdürmegiň bir usuly hem mugallymyň beýan edýän täze materialyny öňki alnan bilimlere daýanyp kabul etmegi we pikirlenmegi bolup durýar. Mugallym her bir sapagynda öňki geçilen düşünjeleri degişlilikde ýatlap durýar, bu bolsa okuwçylaryň ýadynyň dikelmegine we berkemegine getirýär. Meselem, *"Ýadyňyzdan çykardyňyzmy", "onda 70-nji sahypany açyň'"...*

Okuw kitaby bilen okuwçynyñ nähili işländigini barlamagy biz öý işiniň barlanyşynda alyp barýarys. Okuwçylara sapaga jogap berýän ýoldaşynyň ýalňyşyny tapmagy we ony takyklamagy tabşyrýarys. Şeýlelikde, kitapdaky tekst bilen işlenende, mugallym bilen okuwçynyň arasynda ýüze çykýan dürli usullar we tärler bütin okuw işinde, onuň böleklerinde, kabul etmekde, pikirlenmekde, berkitmekde, taryhy materialy öwretmekde we onuň özleşdirilişi barlananda giňden ulanylýar.

### Taryhy resminama bilen işlemegiň usullary

Taryhy resminama okuw kitabynyň zerur bölegi hökmünde ýönekeý hem elýeterli bolup, özünde habar berijilik we göz öňüne getirme häsiýetlerini ýüze çykarýar. Beýik Galkynyşlar we täze Özgertmeler eýýamynda mekdep okuwçylary üçin taryh boýunça täze okuw kitaplary neşir edildi. Taryh okuw kitaplarynda dokumental materiallaryň roly düýpgöter üýtgedi. Taryhy resminama bilen sapakda işlemek mümkinçiligi artdy. Taryhy dokumentiň ulanylmagy öwrenilýän materialyň anyk bolmagyna, geçmiş barada takyk suratlandyrmanyň döremegine, öwrenilýän döwrüň ýagdaýyna okuwçylaryň düşünmegine, olaryň dilini, döwrüň ruhuny duýmaga kömek edýär. Taryhy resminama seljermek üçin oňat material bolup durýar.

Taryhy resminama bilen işlemek okuwçylaryň pikirlenmelerini we göz öňüne getirmelerini ösdürýär, taryhy hadysany seljermäni öwredýär, häzirki zaman dokumentleriniň möhüm jemgyýetçiliksyýasy mazmunyny seljermek başarnygyny ele almaga ýardam edýär. Taryh okuw kitabynda berilýän dokumental materiallaryň häsiýeti, göwrümi we mazmuny okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna laýyklykda dürli-dürlidir. Okuwçylar V synpda "Gadymy dünýä taryhy" okuw kitabynda ilkinji gezek taryhy resminama bilen tanyşýarlar.

Taryhy resminamalar bilen işlemegiň usullary barada aýdylanda, esasan mekdepde taryhy okatmakda olary ulanmagyň esasan iki usuly bardyr:

1) dokumental materialy mugallym sapagy beýan edende ulanylýar;

2) dokumentiň tekstiniň üstünde okuwçylaryň işini guraýar.

Mugallymyň sapagy beýan edende taryhy dokumentleri ulanmagy. Mugallym taryhy dokumenti beýan etmekligi ulanmak bilen gürrüňi ýa-da göz öňüne getirmäni anyklaşdyrmak maksadyny öňde goýýar. Şeýle ýagdaýda mugallym özüniň gürrüňi üçin materialy haýsy çeşmeden alandygyny görkezmese-de bolar. Köplenç, umumy görkezme, "ýyl ýazgylarynyň görkezişi ýaly" ýa-da "döwürdeşleriniň şaýatlyk etmegine görä" diýmek ýeterlikdir. Mugallym sapagy beýan etmeklige uly bolmadyk dokumentlerden bölekleri girizip biler. Şeýle materialy mugallymyň başarnykly peýdalanyp bilmegi, onuň gürrüňiniň ähmiýetini artdyrýar. Dokumentden bölekleri, manysyny mugallym ýatdan bilmelidir.

Sapak geçilende görkezme esbap, resminama we düşnükli beýan etmek sazlaşdyrylýar.

Mugallymyñ dokumental materialy sapagy beýan edende ulanmagy mekdep okuwçylarynyň diňlemegini, kabul etmegini, pikirlenmesini artdyrýar. Mugallymyň gürrüňine dokumentlerden bölekleriň girizilmegi okuwçylarda uly bilesigelijiligi oýarýar, taryhy wakany uzak wagtlap ýatda saklamaklaryny gazanýar, şeýle-de subut etmäni, garaýşy artdyrýar. Synpyň taýýarlygyna we dokumentiň mazmunyna görä mugallym dürli soraglary goýup, sapagy umumylaşdyryjy gepleşik görnüşinde gurap biler. Mugallym öz sapagynda ulanýan dokumentleriniň köp bolandygy üçin, olary saýlap alýar, ol bolsa mugallymyň erjelligini ýüze çykarýar. Synpda resminama boýunça uly iş alyp barmak örän seýrek ulanylýar, özem diňe şol dokumentiň teksti okuw kitabynda bolan ýagdaýynda ulanylyp bilner.

Sapakda taryhy dokumenti seljermek işi geçirilende, ilki okuwçylary taýýarlamak möhümdir. Okuwçylar berlen taryhy dokumentiň özünde nämäni saklaýandygyny, haçan, kim tarapyndan düzülendigini we haýsy soraglary çözmek üçin ulanýandygymyzy bilmelidirler.

Eger resminama özünde nätanyş adalgany saklaýan bolsa, onda ony synp tagtasyna ýazyp, gysgaça düşündirişini aýtmaly. Çylşyrymly bolmadyk tekstden sözlük işi resminama seljerilýän wagty geçirilip bilner. IV-V synplarda resminama bilen işlenende, onuň mazmunyna has köp üns berýärler. Käwagtlar mugallymyň birnäçe sözi hem çagalaryň taryhy dokumente ünsli bolmagyny üpjün edýär.

Taryhy dokumentiň tekstiniň üstünde işlemek dürlüçe guralyp bilner:

1) mugallymyň dokumenti seljermegi;

2) mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylaryň dokumenti seljermegi;

3) mugallymyň tabşyrmagynda sapakda resminama boýunça okuwçylaryň özbaşdak işi, öý işini ýerine ýetirmegi.

Birinji ýagdaýda mugallymyň özi okaýar we taryhy dokumenti seljerýär. Okuwçylar mugallymyň düşündirişini diňleýärler, tekst boýunça yzarlaýarlar. Bu usul örän seýrek ýagdaýda has çylşyrymly resminama öwrenilende ulanylýar.

Mugallymyň düşündirip okamagy we dokumenti ylmy seljermesi ünsli bolmagy we pikirlenmegi talap edýär. Kiçi synplarda ýönekeý seljermek we taryhy materialy görkezmek tärini ulanýarlar.

Ikinji ýagdaýda mugallym dokumenti haýal okaýar, okuwçylar bolsa okuw kitabyndan teksti yzarlaýarlar. Dokumentiň mazmunyna laýyklykda degişli soraglary hem goýup bolar. Meselem, "Dokumentde näme barada gürrüň gidýär?"

Okuwçylaryň özbaşdak işini taryhy dokumentler boýunça mugallymyň ýumşy esasynda sapakda ýerine ýetirmek mekdep tejribeçiliginde giňden ulanylýar. Ýöne oňa iki şert gerekdir: birinjiden, dokumentiň çylşyrymlylygy okuwçylaryň özbaşdak işi ýerine ýetirende seljermegi üçin elýeterli bolanda, ikinjiden, ozal biz şoňa meňzeş işi ýerine ýetirip gören bolsak geçirip bolar. IV-V synplarda mekdep okuwçylaryndan resminama boýunça işler ýerine ýetirilende, subutnamalar getirmegini talap etmeli. Meselem: "Gadymy Hindistanda brahmanlaryň kanuny boýunça diniň deňsizligi ündändigini tekstiň esasynda subut ediň!". Okuwçylaryň mugallymyň tabşyrmagyndaky

özbaşdak işi mugallym dokumentiň ýüze çykmagy baradaky ýagdaýy düşündirende has hem ýeňilleşýär.

V synpda mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylaryň dokumentiň üstünde öýde özbaşdak işini guramagyň öz orny bardyr. Taryhy resminama boýunça öýe dürli döredijilik häsiýetli ýumuşlary tabşyrmak bolar: giňişleýin jogap (gürrüň, beýan etmek) taýýarlamak, dokumental material boýunça döredijilikli düzme ýazmak we şuňa meňzeşler. Şeýle ýumuşlaryň ýerine ýetirilmegi okuwçylarda açyk, aýdyň garaýyşlaryň kemala gelmegine kömek edýär. Onuň möhüm terbiýeçilik ähmiýeti-de bardyr. Okuwçylarda ezijilere ýigrenç, halk üçin göreşijilere, zähmet çekýän adamlara söýgi duýgusy terbiýelenýär.

Dokumental materialyň bilim berijilik we terbiýeleýjilik netijesi belli bir derejede okuwçylaryň özbaşdak işiniň dogry guralmagyna, mugallymyň başarnygyna, mekdep okuwçylarynyň taryhy resminama bilen işlemegiň ýönekeý tärlerini bilýändiklerine bagly bolup durýar. Bu ýerde taryhy dokumente ýazuw ýadygärligi hökmünde garalmagyny gazanmak möhümdir. Şonuň üçin hemişe okuwçylaryň ünsüni dokumentiň kim tarapyndan düzülendigine, senesine, ýurduň ýagdaýyna çekmek zerurdyr. Okuwçylar dokumente çeşme hökmünde garamalydyr.

Ýazuw ýadygärlikleri baradaky düşünjeler V synpda gadymy dünýä taryhynyň ilkinji sapaklarynda berilýär. Bu düşünjeler dürli ýazuw ýadygärliklerini öwrenmek arkaly anyklaşdyrylýar.

Has golaýdaky taryhyň döwürleri öwrenilende, taryhy dokumentiň haýsydyr bir janly adamlaryň işidigini okuwçylaryň duýmagyny gazanyp bolýar. Ol ýollar dürlüçedir.

**Birinjiden,** dokumentleriň daşky görnüşi bilen mirashanalarda, arhiwlerde ýa-da fotokopiýalary ulanmak arkaly tanyşdyrmak bolýar.

**Ikinjiden,** okuwçylaryň bilesigelijiligini artdyrmak maksady, bilen sapakda we sapakdan daşary çärelerde gündelik ýazgylaryny, durmuş dokumentlerini we başgalary ulanmak bolar.

**Üçünjiden,** ýurdumyzyň taryhy wakalary öwrenilende, görnükli adamlaryň ömrüne degişli dokumentlere ünsi çekmek ähmiýetlidir.

## Taryhy okatmakda çeper edebiýaty ulanmak

Çeper edebiýat okuwçylary taryhy geçmiş bilen tanyşdyrmakda örän möhüm çeşmedir. Taryhy okatmakda çeper edebiýata ýüzlenmek sapakda, synpdan daşary işlerde, özbaşdak okamakda bilesigelijiligi artdyrýar. Taryhy okatmakda çeper edebiýaty şeýle giň ulanmaklygy näme bilen düşündirip bolar?

Çeper edebiýatyň keşpleriniň ulanylmagy mugallymyň beýan edýän materialynyň içki mazmunyny güýçlendirýär, onuň anyk bolmagyny üpjün edýär, okuwçylarda geçmiş barada janly garaýyşlary kemala getirýär. Ýöne munuň bilen taryhy okatmakda çeper edebiýatyň roly çäklenmeýär.

Kesgitli döwrüň jemgyýetçilik ýagdaýyny real şöhlelendirýän çeper edebiýatdaky keşp şol hadysanyň mazmunyny hemme taraplaýyn açyp görkezýän hakyky keşpdir.

Çeper keşp mugallymyň gürrüňiniň duýga edýän täsirini artdyrýar we öwrenilýän taryhy hadysa kesgitli gatnaşygy terbiýeleýär. Taryh mugallymy üçin baý çeşme bolup hyzmat etmek bilen, çeper edebiýat okuwçylaryň aňynda ýokary ahlak sypatlary, gymmatly materiallary saklaýar. Çeper edebiýatyň keşpleri taryhy materialyň okuwçylaryň ýadynda has berk galmagyna ýardam edýär.

Taryhy okatmakda ulanylýan çeper edebiýaty iki topara bölmek bolar:

a) öwrenilýän döwrüň edebiýat ýadygärlikleri.

b) soňky wagtlarda irki döwrüň wakalary barada döredilen çeper edebiýat.

Edebiýat ýadygärliklerine öwrenilýän döwrüň eserleri degişlidir. Bu topara degişli eserler döwrüniň özboluşly resminamasy bolup, taryh ylmyna çeşme hökmünde hyzmat edýär. Meselem, Abdysetdar Kazynyň “Jeňnama“ eseri.

Elbetde, döwrüň edebiýat ýadygärlikleri belli bir toparyň, dolandyryjy gatlagyň, ýurduň, hökümdaryň tarapyny tutup çykyş etmegi mümkin. Şonuň üçin çeper eserlere, islendik taryhy resminama tankydy çemeleşmelidir.

Soňky wagtlarda irki döwrüň wakalary barada döredilen çeper edebiýata taryhy tema degişli romanlar, powestler we beýleki eserler

girýändir. Öwrenilýän döwrüň çeper eserini soňraky döwrüň ýazyjysy döredýär. Bu eserler öwrenilýän döwrüň edebiýat ýadygärlikleri, onuň janly şaýady bolup bilmeýärler, şonuň üçin taryhy çeşme bolup hyzmat etmeýärler. Olar taryhy çeşmeleri we resminamalary, ylmy barlaglary, döwre degişli monografiýalary awtoryň özüniň öwrenmegi esasynda beýan edilýär. Ýöne taryh ylmy üçin dokumental çeşme hasaplanmasa hem, oňat taryhy roman okuwçylary geçmiş bilen tanyşdyrmakda ajaýyp serişde bolup durýar. Mekdep okuwçylarynyň köpüsiniň taryha bolan bilesigelijiligi taryhy romany we powesti okamak netijesinde ýüze çykýar. Ýokarda görkezilen çeper eserleriň ikisiniň arasyndaky tapawudyň hasaba alynmagy diňe bir taryh ylmy üçin däl, eýsem mekdepde taryhy okatmakda-da ähmiýeti bardyr. Öwrenilýän döwrüň edebiýat ýadygärlikleri taryh sapagynda, köplenç, netijeleri we umumylaşdyrmalary almakda giňden ulanylýar. Irki döwrüň wakalary barada soňraky döredilen edebi eserler okuw kitabynda berilýän maglumatlaryň anyk bolmagynda mugallyma ýakyndan ýardam berýär.

Taryh sapagy üçin çeper edebiýat seçilip alnanda, mugallym esasy iki pursady elden bermeýär. **Ilkinji** nobatda çeper materialyň akyl ýetiriş we terbiýeleýjilik gymmaty bolup, ol taryhy hadysany hakykata we onuň ösüş kanunlaryna laýyklykda dogry beýan etmelidir. **Ikinjiden,** materialy saýlap almakda onuň ýokary çeperçilik gymmaty bolmalydyr.

Mugallym taryh sapagynda ulanmak üçin bölekleri saýlap biler. Olaryň mazmuny aşakdaky ýaly bolup biler:

1) okuw meýilnamasynda öwrenilýän taryhy wakany janly şekillendirýän bölek;

2) taryhy şahslaryň, halk köpçüliginiň wekilleriniň keşpleri we halk köpçüliginiň ýagdaýyny beýan edýän bölek;

3) geçmişde yz goýan wakanyň anyk ýagdaýyny suratly göz öňüne getirýän bölek.

Taryh mugallymy üçin iň bir çylşyrymly zat kesgitli döwrüň adamlarynyň akyl ýetiriş aýratynlygyny, olaryň pikirlerini, duýgularyny, ymtylyşlaryny janlandyrmak bolup durýar. Taryh sapagynda çeper edebiýat bu meseläni örän ýeňillik bilen çözýär. Çeper eserler-

de taryhy maglumatlar, köplenç, edebi şahslaryň aýdýan sözleri görnüşinde berilýär. Ol aýdylan sözler mugallymyň gürrüňine goşulyp bilner.

Eger biz ähli taryh dersini çeper edebiýatyň materialynyň esasynda gurasak, ol ylalaşyp bolmajak ýagdaýa getirer. Ýöne käbir taryh sapaklaryny tutuşlygyna diýen ýaly çeper edebiýatyň esasynda gurap bolar. Ol sapaklaryň mazmuny çeper edebiýatyň eserlerini öwrenmeklige niýetlenen bolsa ýa-da döwrüň ýadygärligi hökmünde dilden aýdylýan halk döredijiligi baradaky temalar bolsa, onda şeýle sapaklary gurap bolar. Ol sapaklara şulary mysal görkezmek bolar: “Gadymy Hindistanyň medeniýeti”, “Gadymy grek hudaýlary we rowaýatlary”, “Gomeriň Iliada” we “Odisseý poemalary” we şuňa meňzeşler.

Käbir sapaklarda çeper edebiýaty jemgyýetçilik gatnaşyklaryny we durmuşy öwrenmegiň, häsiýetlendirmegiň çeşmesi hökmünde ulanmak maksadalaýyk bolýar. Galan ýagdaýlarda çeper edebiýatyň maglumatlary şeýle görnüşde ulanylyp bilner:

a) sapakda okuwçylarda ahlak-emosional täsiri döretmeli ýagdaýynda;

b) mugallymyň ygtyýarynda çeper edebiýatyň maglumaty bolsa, ol hem okuwçylara elýeterli bolan ýagdaýda.

Şeýle sapaklary taýýarlamagyň kynçylyklary barada aýdylanda, ilki bilen mugallymyň uly eserlerden öz gürrüňi we sapakda okamak üçin bölekleri örän irginsizlik bilen saýlap almalydygyny aýtmalydyrys. Galyberse-de, mugallym sapagyñ wagtyny tygşytly tutmaly bolýar. Sapagy geçmegiň bu usuly orta we uly ýaşly okuwçylarda köpräk ulanylsa gowy netije berýär.

Şu ýerde bellemeli zadyň biri hem mugallym ulanýan çeper eseri bilen, ilkinji nobatda özi tanyş bolmaly, ony añryýany bilen özleşdirmelidir. Bu mugallym üçin goşmaça maglumatdyr we ýerlikli ulansa örän peýdalydyr. Mugallym okuw materialyny keşpler bilen baýlaşdyranda, öz gürrüňiniň açyk we aýdyň bolmagyny gazanýar, okuwçylaryň aňynda geçmişi janlandyryp bilýär. Şeýle obrazly geçilen sapaklar okuwçylarda mäkäm taryhy garaýyşlary kemala getirýär. Mugallymyň sözi ýaşlarda uly ynamy, ýagşa meñzejek bolmak, ýa-

many ýigrenmek duýgusyny ösdürýär. Mugallym sapagy beýan edende, çeper edebiýatdaky keşplere goşmaçalary goşmalydyr. Mysal üçin, watançy şahs barada gürrüñ gidende, watançylyk terbiýesini bermegi unutmaly däldir. Şeýle usulda taryhy okatmaklygyñ örän möhüm terbiýeçilik ähmiýeti bardyr. Taryhçy bolsa taryhyñ üsti bilen terbiýe bermegi ýekeje pursat hem ýadyndan çykarmaly däldir. Çünki taryh terbiýe mekdebidir.

Işe täze başlan mugallym sapaga taýýarlananda, öz gürrüňine iki-üç sany jümläni, bölegi, gysgaça häsiýetlendirmäni, anyk suratlandyrmany, ýazyjylaryň eserlerinden sözlemleri alyp biler. Okatmakda folklory täzeden ýatlap ulanmak hem bir tärdir. Aýratyn hem iki-üç setirli gysgajyk sitatalary ulanmak oňaýlydyr. Olar gysga, manyly, uly täsirli bolup, çalt ýatda galýar.

Taryh sapagynda çeper edebiýaty giňden ulanmak bilen, taryhy şahslary sitatalar bilen aşa doldursak hem okuwçyny ýadadýar. Taryh sapagynda çeper edebiýaty sapagy bezemek we okuwçylaryň gyzyklanmasy üçin girizmeli däl-de, eýsem taryhy geçmişe akyl ýetirmäge kömek eder ýaly derejede ulanmaly. Ol sapagyň bilim berijilik we terbiýeleýjilik meselelerini çözmelidir.

**Sapak** *(mysaly nusga)*

Mugallym taryhy okatmakda tekst bilen işlemegiň usulynda şeýle sapagy gurap biler

*Sapagyň temasy:* Magtymguly Pyragy – beýik şahyr we akyldar.

*Sapagyň maksady:*

a) Magtymgulynyň ýaşan ýeri, bilim alan ýerleri, eserleri barada düşünje bermek.

b) onuň Watan öňünde bitiren hyzmatlary, onuň adyna bagyşlanan, adyny göterýän ýerler, goşgularynyň halk pähimine öwrülmeginiň sebäpleri barada aýdyp berip, düşünjelerini ösdürmek.

ç) Ahlak, watançylyk, akyl, zähmet terbiýelerini kemala getirmek.

*Sapagyň gerekli esbaby we serişdesi:*

Kitaplar, mazmunly suratlar we karta.

*Sapagyň gidişi:*

**I. Guramaçylyk döwri.**

a) synpy sapaga taýýarlamak.

b) Watan täzelikleri.

**II. Öý işi barlamak**.

Sorag-jogap alyşmak arkaly soramak. Kartadan soramak: Daşoguz, Balkan, Ahal welaýatlaryny, Eýrany, Köneürgenji görkezmeli. Paýlaýyş serişdeleri arkaly soramak.

**III. Öý işi jemlemek**.

Keýmir serdaryň edermenlikleri barasynda aýdylanlardan okuwçylaryň onuň tebigy pähimliligi barasynda gelen netijelerini jemlemek.

**IV. Täze temany beýan etmek.**

a) aý-günüň hasabyny, temanyň adyny okuw tagtasyna ýazmaly;

b) mugallymyň tema barada giriş gürrüňi.

*Sapagyň maksady*: Magtymgulynyň ýaşan, okap bilim alan ýerleri, goşgularynyň many-mazmuny, häzirki günlerde onuň hatyrasynyň belent tutulyşy barada düşünje bermeli.

*Meýilnamalaşdyrmaly:*

a) meýilnama esasynda temany düşündirmeli;

b) tekstden bölekler okap düşündirmeli;

ç) goşgulary ýatdan labyzly, aýdyp bermek.

**V. Öwrenilenleri berkitmek**.

Gürrüňden, tekstden alnan bölekler arkaly soramak. Mysal üçin, *“Magtymguly öz halkynyň ykbaly barada çuňňur aladalanypdyr”* diýen jümläni okadyp, okuwçynyň düşündirmegini talap etmeli ýa-da:

*“Ol Hywadaky Şirgazy, Halaçdaky Idris baba, Buharadaky Gögeldaş medreselerinde okapdyr”*;

Ýene:

*“Magtymguly türkmen halkynyň garaşsyz döwleti döretjekdigine we bagtly, eşretli durmuşda ýaşajakdygyna ynanypdyr”* ýaly bölekleri okadyp, şahyryň şu jümlelere degişli goşgularyndan soramak.

Okuwçylaryň sözleýiş dilini ösdürmek, edebi diliň kadalaryny özleşdirmek. Okamagyň we ýazmagyň endiklerini özleşdirmek maksady bilen oýunlaryň üsti bilen soramak.

“Yzyny dowam et!”
Jahankeşde şahyr . . .
Bilmeýen soranlara . . .
Türkmenler baglasa . . .
Köňüller ýürekler . . .
Şahyr aradan çykan soň, . . .
Her ýylyň 18-nji maýy . . .

Tekst boýunça meýilnama düzmegi öwretmek, düzdürmek, goşgularyny labyzly okatmak.

**VI. Öý işi jemlemek**.

Magtymgulynyň ady dakylan etraplar, muzeýler barada pikir alyşmak.

**Okuwçylary bahalandyrmak**.

**VII. Öý işi tabşyrmak**. Goşgularyndan ýatlap gelmek.

# 6. Taryhy düşünjeleriň üstünde işlemegiň usuly

## § 6.1. Wagt baradaky göz öňüne getirmeleri ösdürmek we hronologiýany özleşdirmek

Taryhy hadysanyň aýratynlygy onuň belli bir wagtdaky kesgitligidir. Diňe wakalaryň bolan wagtyny kesgitliligidir, onuň öňki we soňky wakalar bilen arabaglanyşygyny, sebäplerini, yzygiderliligini bilip bolýar. Mekdepde taryhyň okadylmagy okuwçylaryň taryhy wakany wagta görä başarnykly göz öňüne getirmesini talap edýär. Olar ol ýa-da beýleki esasy wakalaryň haçan bolandygyny bilmelidirler. Okuwçylaryň geçmiş baradaky garaýyşlary bolup geçen hadysanyň wagty bilen baglanyşykly bolmaly.

Mekdep okuwçylarynyň taryhy hronologiýany ele almagy ýeňil amala aşmaýar. Hronologiýa okuwçylarda taryhy wagt baradaky garaýşy ösdürýär. IV synpda taryhy material öwrenilip başlananda, okuwçylaryñ wagt baradaky garaýşy, göz öňüne getirmesi çäklidir. Olara ilki günler, hepdeler, aýlar, ýyllar baradaky garaýyşlar berilýär. Adamzat taryhynyñ iñ gadymy döwürlerini çagalar entek göz öňüne getirip bilmeýärler. Şonuň üçin olara wakalaryň haçan bolup geçendigini anyklaşdyrmak üçin, ilki bilen sada dilde, dünýäde ýyl hasabynyň ýöredilişini, biziň eýýamymyz, biziň eýýamymyzdan öňki döwür ýaly düşünjeleriň başlangyjyny öwretmelidir. Wagt baradaky göz öňüne getirmeler IV synpda taryhy okatmagyň gidişinde kem-kemden ösdürilýär, “boş” asyrlar wakalar bilen doldurylýar, wakalar bolsa hronologik yzygider hatary emele getirýär. Şeýlelikde, başlangyç synplarda okuwçylaryň taryhy wagt baradaky göz öňüne getirmesi ösdürilýär, wakalaryň yzygiderliliginden, geçmiş baradaky göz öňüne getirmelerinden hemmä mälim bolan hronologik yzygiderlilik

emele gelýär. Elbetde, mekdep okuwçysynyň V synpda hronologiýany öwrenmegi-de olaryň wagt baradaky düşünjeleri doly öwrendigi däldir. Olara gadymy döwürleriň wagt ölçegleriniň ýöredilişini, aý hasaby, häzirki zaman ýyl hasabynyň ýüze çykmagy bilen täze ýyl hasabynyň ýöredilip başlanmagyny öwretmeklik zerurdyr. Hronologiýa taryhy materialy tertipleşdirmegiň, aňly kabul etmegiň we umumylaşdyrmagyň möhüm serişdesi hasaplanýar. V synpda biziň eramyz diýilýän wagt hasabynyň Isa pygamberiň doglan senesinden başlanýandygyny düşündirmelidir. Ony özleşdirmekde we wagtyň çuňlugyny göz öňüne getirmeleri ösdürmekde wagt lentasy ajaýyp gollanma bolup hyzmat edýär. Ony mugallym we okuwçylar ýeňillik bilen ýerine ýetirip biler. Wagt lentasyny ýasamak üçin 10 sm inli we uzynlygy 1 m bolan kagyz kesiminde biziň eramyz we ondan öňki döwür, asyr barada görkezme esbap taýýarlap düşundirilse gowy ýatda galýar.

Wagt lentasyndan başga-da okuwçylarda “wagtyň çuňlugy” barada anyk göz öňüne getirmäniň beýleki tärleri hem bar. Olaryň biri uzak geçmişi suratly göz öňüne getirmekdir. Gadymy dünýä taryhy öwrenilende okuwçylara ýylyň dowamynda bu hasap bilen meşgullanmagy tabşyrmaly. Şeýlelik-de, okuwçylara Hammurapiniň patyşalygynyň dowam eden taýýar senelerini bermeli däl. Gowusy patyşalygyň başlanan senesini synp tagtasyna ýazmaly, Hammurapiniň patyşalygynyň 42 ýyl dowam edendigini aýdyp, onuň haçan gutarandygyny soramaly, Parfiýa döwletiniň emele gelen we synan ýyllaryny okuwçylara ýumuş hökmünde tabşyrmaly.

Mugallymyň yzygider işleýändigine garamazdan, okuwçylaryň gödek hronologiki ýalňyşlyklary goýbermekleri mümkin. Onuň üçin ikilik baha goýmak hökman däl, sebäbi hronologiýa okuwçylar üçin, hakykatdan hem, kyn düşýär. Mugallym has oňat netijeleri gazanmaga çemeleşmelidir. Hronologiýany düşündirmegiň usulynyň üstünde işlemelidir.

Möhüm hronologik seneler okuw kitabynda goýy harplar bilen görkezilendir. Taryhy wakanyň wagtyny öwredenimizde, biz okuwçylara öwrenilýän hadysalaryň häsiýetine görä uly ýa-da kiçi takyklykda berýäris, olaryň käsiniň asyryny öwretsek, käsiniň gününe çenli

takyk öwredýäris. Öwrülişikli hadysalar we möhüm wakalar esasy taryhy seneler hasaplanýar we köp gaýtalamak netijesinde okuwçynyñ ýadynda uzak saklanmagy üpjün edilýär. Wakalaryñ gaýtalanýandygyna okuwçynyñ ünsi çekilip, taryhyñ kanunalaýyklyklary düşündirilýär.

Esasy senelere möhüm wakalar, dünýä täsirini ýetiren hadysalar, başarjañlygy sebäpli halkyny gowy ýaşadyp, taryha giren hökümdarlar, iri-iri uruşlar, möhüm tebigy hadysalar we şuňa meňzeşleri degişli bolup durýar. Möhüm hronologik seneleriň berk özleşdirilmegi taryh sapagynda köp gabat gelýän esasy wakalary öwrenmegi ýeňilleşdirýär. Ähmiýeti az bolan seneleri esasy seneler bilen baglanyşdyrmak bolar.

Möhüm hronologik seneleri hökman ýatda saklamaly we bilmeli. Hronologik seneleri berkitmek täze material öwrenilende başlanýar. Mugallym anyk senäni aýdýar, ony gaýtalaýar, synp tagtasyna ýazýar, mekdep okuwçylary depderlerine ýazýar, gaýtalamakda ulanylýan hronologik kalendaryna senäni goşýarlar. Senäni diňe bir ýatda saklamak zerur bolman, eýsem ony ýatdan çykarmazlyk hem möhümdir. Hronologiýany özleşdirmek diňe bir seneleri ýatda saklamak däldir, eýsem-de bolsa taryhy wakalaryň yzygiderliligini oňat göz öňüne getirmekdir, olaryň arasyndaky arabaglanyşyga dogry düşünmekdir. Şonuň üçin hronologik materialy gaýtalamak taryhy baglanyşygyny ýüze çykarmakdyr. Seneleri aňly berkitmeklige we olaryň baglanyşygyny we kanunalaýyklygyny açyp görkezmäge kömek edýän hronologik meseleleri çözmek has peýdalydyr.

Okuw kitabyndaky hronologik tablisanyň üstünde işlemegi guramak bilen, biz okuwçylara wakalaryň kalendaryny, hronologik we sinhron tablisany düzmekligi öwredýäris. Kalendarlar wakalar köp bolanda peýdalydyr. Wakalaryň kalendary we ýönekeý hronologik tablisalar diňe bir seneleri berkitmäge kömek etmän, eýsem öwrenilýän hadysanyň esasy bölümlerini hem düşündirýär (uruşlar, halk gozgalaňlary we şuňa meňzeşler). Sinhroniki jedwel dürli ýurtlaryň we hadysalaryň birwagtdaky wakalaryny (sinhronlygyny) deňeşdirmekde ähmiýetlidir. Ol jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryna degişlidir. Sinhroniki jedweller dürli ýurtlaryň taryhyndaky wakala-

ryň baglanyşygyny ýüze çykarmaga kömek edýär, ol ýurtlaryň ösüşiniň aýratynlygyny açyp görkezýär.

Sinhroniki jedwel - bu belli bir döwrüň çäklerinde dürli yurtlarda bolan wakalary beýan edýar.

| T/№ | Wakalaryň bolan ýyly | Asyry | Wakalaryň gysgaça mazmuny |
|---|---|---|---|
| 1. | b.e.öň 247 | b.e.öň II | Parfiýa döwletiniň emele gelmegi |
| 2. | b.e.öň 218 | b.e.öň II | II Puni urşy |
| 3. | b.e.öň 221 | b.e.öň II | Hytaýyň bir bitewi döwlete birleşdirilmegi |

## § 6.2. Okuwçylarda taryhy düşünjeleri döretmek

Taryhy okatmagyň möhüm meseleleriniň biri hem okuwçylarda anyk taryhy düşünjeleri kemala getirmekdir. Taryhy düşünjeler taryhy hadysalaryň diňe bir umumy alamatlaryny şöhlelendirmän, eýsem olaryň baglanyşygyny, kanunalaýyklygyny hem açyp görkezýär. Anyk taryhy garaýyşlar taryhy düşünjeleriň kemala gelmeginiň esasy bolup hyzmat edýär. Geçmiş baradaky suratlaryň we şekilleriň mazmuny näçe giň we baý bolsa, ol şonça-da okuwçylaryň ýadynda oňat galýar, düşünjeler manyly, çeýe bolýar. Okuwçylarda taryhy düşünjeler okatmagyň esasynda döredilýär. Taryhy düşünjeleriň kemala gelmegi taryhy okatmagyň ilkinji basgançagynda IV-V synplarda emele gelýär. Taryhy düşünjeler biziň aňymyzda obýektiw taryhy hakykat görnüşinde şöhlelendirilýär. Taryhy okatmakda taryhy düşünjeleriň üç toparyny bellemek bolar:

a) *aýratyn taryhy düşünjeler* anyk taryhy hadysalary şöhlelendirýär we umumylaşdyrýar, öwrenilýän ýurduň taryhynyň belli döwrüni öz içine alýar. Meselem, “patrisiler”, “plebeýler”, “tribun” Rim gul eýeçilik durmuşyna degişli düşünjelerdir. “Faraon”, “şaduf”, “sfinks” gadymy Müsür düşünjelerine degişlidir. “Riton”, “käriz”, “jykyr” biziň ýurdumyzyň taryhyna degişli düşünjelerdir. Aýratyn taryhy düşünjeler örän ýönekeý bolup, okuwçylara onuň manysy birnäçe minudyň dowamynda, iň bolmanda bir sapagyň dowamynda açylyp görkezilýär. Şeýle düşünjeleriň toplumy okuw meýilnamasynyň göwrü-

mi, wagty, okuwçylaryň ýaş aýratynlygy, galyberse-de mugallymyň başarnygy, okuw kitabynyň düzülişi we beýlekiler bilen kesgitlenýär. Aýratyn taryhy düşünjeleri aşa köp başarnyksyz ulanmak okuwçylarda perwaýsyzlyk döredýär. Ýöne bu düşünjeleri az ulanmak hem taryhy okatmaklygyň anyklygyny aradan aýyrýar, onuň mazmunyny peseldýär, aýratyn ýurtlaryň we halklaryň taryhy ösüşiniň özboluşlylygyny açyp görkezmäge mümkinçilik bermeýär.

b) *umumy taryhy düşünjeler* taryhyñ kesgitli döwrüne häsiýetli bolan hadysalary şöhlelendirýär we umumylaşdyrýar: “gullar” we “gul eýeleri”, “gulçulygyň çeşmeleri”, “gul eýeçilikli demokratiýa”, “berkidilen daýhanlar", “iri ýer eýeleri”, “hakyna tutma zähmet”, “ykdysady çökgünlik” we şuňa meňzeşler. Umumy taryhy ýa-da gysgaça taryhy düşünjeler umumylaşdyrmagyň ýokary basgançagynda durýar. Bu düşünjeler okuwçylar üçin has çylşyrymly bolup, olar sapakdan - sapaga, temadan - tema, bölümden - bölüme yzygider geçmek bilen öwrenilýär.

ç) *sosiologiki düşünjeler* taryhy ösüşiñ umumy baglanyşygyny we kanunalaýyklygyny şöhlelendirýär. “Öndüriji güýçler”, “önümçilik gatnaşyklary”, “döwlet”, “medeniýet” düşünjeleri has çylşyrymly we has umumy düşünjelerdir.

Taryhy okatmakda esasy we aýgytly düşünjeler umumy taryhy düşünjeler hasaplanýar. Ony okuwçylaryň berk özleşdirmegi hökmandyr. Diňe taryhy düşünjeleriniň esasynda sosiologiki düşünjeler özleşdirilýär. Meselem, “medeniýet” düşünjesi “edebiýat”, “sungat”, “binagärçilik” we şuňa meňzeş düşünjeleriň esasynda özleşdirilýär.

Taryhy düşünjeleriň kemala gelmegi aşakdaky pursatlarda amala aşyrylýar:

1) Taryhy hadysa barada bitewi şekiliň emele gelmegi.

2) Hadysanyň häsiýetli aýratynlyklara bölünmegi.

3) Berlen düşünjäni berkidýän esasy terminler.

4) Düşünjäni kesgitlemek.

5) Täze düşünjeleri ulanmakdaky ýumuşlar, täze termini bermek ýa-da indiki sapakda ulanyp bilmek.

6) Täze düşünjeleri wakalary beýan etmekde ulanmak endikleri.

Görkezme esbap ulanmaklyk taryhy düşünjeleriň döremeginde esasy rol oýnaýar. Sapakda görkezme esbaplylyk dürli basgançaklarda taryhy düşünjeleriň kemala gelmeginiň möhüm usuly bolup durýar.

Her bir öwrenilýän anyk taryhy material bilen okuwçylar kesgitli netijeleri, umumylaşdyrmalary, düşünjeleri alýarlar. Ýöne taryhy düşünjeleriň kemala gelmeginiň şertleriniň biri hem anyk garaýşyň we hadysalar barada durnukly bilimiň bolmagydyr.

Orta asyrlar galasynyň bitewi suratlandyrmasy özboluşly, häsiýetli alamatlary bilen tapawutlanýar: diş-diş diwarlar, beýik minaralar, çuň garymlar we şuňa meňzeşler. Okuwçylarda taryhy düşünjeleri döretmegiň bilim berijilik ähmiýeti nämeden ybarat?

Okuwçylarda taryhy düşünjeleri döretmegiň maksady IV-V synplarda taryhy hadysadan esasy, baş hadysany saýlap almagy, okuwçylara netijeleri çykarmagy, olaryň pikirlenmegini ýokarlandyrmaklygy öwretmeklikdir.

## § 6.3. Taryhy terminler (adalgalar) boýunça sözlük bilen işlemek

Sözlük bilen işlemeklik taryhy okatmagyň bütin dowamynda amala aşyrylýar. Onuň maksady taryhy terminleri başarnykly we dogry peýdalanmaklygy kemala getirmekdir, olary göni we göçme manyda ulanmakdyr, beýan etmek üçin has anyk sözi saýlap almakdyr, sypat, sypatlandyrma, häsiýetlendirme we metaforalary ulanmakdyr. Sözlügi ulanmaga endikleri döretmekdir.

Mugallym sapaga taýýarlananda, täze termini saýlap alýar, ol täze düşünjeleri aňladýar, onuň üstünde synp bilen işleýär. Meselem IV-V synplarda mugallym anyk predmetleri aňladýan (zähmet guraly, arhitektura desgasynyň bir bölegi we şuňa meňzeşler). Täze terminleriň mazmunyny açyp görkezýär, käbir ýagdaýlarda terminleriň düşündirişi depdere ýazdyrylýar.

Terminleri öwrenmek dürli ýollar bilen amala aşyrylýar. Täze terminleri etimologik (sözüň gelip çykyşy) boýunça düşündirmek ýeňil bolýar. Köplenç, täze terminler mekdep okuwçylaryna tanyş bolan sözleriň kömegi bilen düşündirilýär. Mysal üçin, “ieroglif” - şekil, surat, “progres” - öňe hereket etmek we şuňa meňzeşler.

Daşary ýurt sözleri adatça terjimesi bilen görkezilýär (demokratiýa – halk häkimiýeti we şuňa meňzeşler). Ýene-de bir zady belläp geçmeli. Ol hem sözlemi sözme-söz terjime etmek düşünjäniň aýratyn bir tarapyny görkezýär. Meselem, manufaktura – el zähmeti, ýöne ol onuň doly manysyna gabat gelmeýär. Demokratiýa sözi ne bir gul eýeçilikli demokratiýa ýa-da harby demokratiýa many taýdan gabat gelmeýär. Köp terminler manysy bilen däl-de, eýsem gelip çykyşy, döwründaki manysy boýunça düşündirilýär. Meselem, "faraon" sözüniň „uly öý" manysy bar. Emma ol şeýle terjime edilende, manysyna gabat gelmeýär, şonuň üçin ol mekdep okuwçylarynda nädogry garaýşy kemala getirmegi mümkin. Her bir sözüň, termininiň dogry okalyşyny, ulanylyşyny bilmek üçin, täze terminleri synp tagtasyna yzygider ýazyp durmalydyr. Söze düşýän basymy görkezmelidir.

Aýdylan sözler, jümleler bilen işlemeklik okuwçylaryň sözleýşini baýlaşdyrýar. Gadymy dünýä taryhy öwrenilenden soňra, çagalar Rimiň alyp baran syýasatyna düşünýärler: "Agzyny alart-da, höküm sür". Mekdep okuwçylarynyň sözlük ýumuşlarynyň üstünde yzygider işlemegi özüniň oňyn netijesini berýär.

IV-V synplar üçin sözlük ýumuşlary:

1. Halk nakyllarynyň we matallarynyň gelip çykyşyny hem manysyny düşündirmek.

2. Bir umumy tema üçin birnäçe hekaýalardan, gürrüňlerden nakyllary, matallary saýlap almak.

3. Taryhy şahsy häsiýetlendirmek üçin, okuw kitabyndan we taryhy dokumentden täze sözlemleri göçürip almak.

4. Gelip çykyşy bir bolan sözleri saýlap almak we soňky emele getiren sözlerini düşündirmek. Meselem: *gul, gulçulyk, gul eýesi, gul eýeçilik gurluşy.*

5. Sözüň taryhy gelip çykyşyny we manysyny düşündirmek. Meselem: *ýyl ýazgysy, paýtagt, komediýa, tragediýa.*

6. Manydaş sözleri saýlap almak. Meselem: *faraon, feodal*.

7. Terminleriň manysyny düşündirmek. Meselem: *hristianlar, hristian buthanalary, reformasiýa* ýaly terminleriñ haýsy wakalar bilen baglanyşyklydygyny ýatlamaly.

8. Meňzeş terminleri tapawutlandyrmaly. Meselem, a) haýsy ýagdaýda şu sözler ulanylýar: *birleşmek, birikmek, goşulmak*; b) medeni ýadygärlikleriň restawrasiýasy we rekonstruksiýasynyň arasynda näme tapawut bar?

9. Terminiň ähmiýetini düşündirmeli. *Oba, şäher, stansiýa* we şuňa meňzeşler. Taryhy terminiň gelip çykyşyny we mundan beýläk onuň ähmiýetiniň üýtgeýşini görkezmeli.

10. Ganatly sözleriň taryhy gelip çykyşyny, ilki başlangyç manysyny, häzirkizaman manysyny düşündirmeli. Meselem: *Ahilles dabany – troýa aty, marafon ylgawy – aždarha kanuny, galkanly gel ýa-da galkanda..*

11. Aşakdaky sözler kime degişli we nähili taryhy waka bilen baglanyşdyrylýar? Meselem: *“gel we al”, “Aç bolandan, demirden ölen ýagşy”, “Geldim, gördüm, ýeňdim”, “Ser bereris, ýer bermeris”.*

12. Okuw kitabyndaky terminleri bir tema toplamak. Meselem, hünärmentçilige, ýazgylara we edebiýata degişli terminleri toplamak.

13. Ýerli şerti hasaba almak bilen, şäherleriň we ilatly ýerleriň atlarynyň gelip çykyşyny düşündirmeli. *Samarkant, Kerki, Dehistan, Maňgyşlak, Sarahs, Tejen, Horasan, Aşgabat, Mary* we şuňa meňzeşler.

Mekdep okuwçylarynyň sözleýiş işjeňligini ösdürmek örän çylşyrymly mesele bolup durýar. Hemme okuwçylar sözleýiş işjeňligini gynansak-da, ýeterlik derejede ele alyp bilmeýärler. Ol sebäpli sözleýiş başarnyklaryny deňlemek üçin, mugallym gowşak okuwçy bilen yzygider gaýtalap durmalydyr, olary güýçli okuwçylara berkitmelidir. Ýöne bu ýerde güýçli okuwçylar bilen mugallym özbaşdak iş geçirmelidir. Taryhy terminleri öwretmek we sözlükler bilen işlemek okuwçylaryň sözleýiş endiklerini we ýatda saklamak ukyplaryny kemala getirmekde uly ähmiýete eýedir.

**Sapak** *(mysaly nusga)*

Mugallym taryhy düşünjeleriň üstünde işlände sözlük bilen işlemek sapagyny guramak.

*Sapagyň temasy:* Taryhda ýyl hasaby (V synp).

*Sapagyň maksady:*

a) taryhy hronologiýa, wagtyň gün, aý we ýyl, asyr hem müňýyllyk bilen ölçelişi barada düşünje bermek.

b) gadymy döwürde wagt ölçegleriniň ýöredilişi, senenama, häzirki ýyl hasaby, wagt çyzgysy baradaky düşünjelerini ösdürmek.

ç) akyl, hukuk, watançylyk terbiýelerini bermek.

*Sapagyň görkezme esbaby:* gün sagadynyň suraty, suw sagadynyň suratlary, wagt çyzgysy.

*Sapagyň gidişi:*

**I. Guramaçylyk döwri**.

a) synpy sapaga taýýarlamak;

b) okuwçylaryň ünsüni sapaga jemlemek;

ç) okuwçylaryň okuw esbaplary bilen üpjünçiligini gözden geçirmek.

**II. Öý işini barlamak**.

Okuwçylaryň geçen sapakda öwrenilen tema bilim derejelerini barlamak, berkitmek maksady bilen dilden sorag-jogap alyşmak.

*Soraglar*:

1. Gadymy dünýä taryhy haýsy döwürleri öz içine alýar?

2. Adamzat jemgyýetiniň ösüş ýoluny öwrenmekligiň zerurlygy näme?

3. Adamlar geçmişiň wakalaryny nämeleriň üsti bilen öwrenipdirler?

4. Maddy ýadygärlikler nämelerden ybarat?

Dogry jogaplary tapmaly.

*(Tablisany doldurtmak)*

| T/b | Soraglar | Jogaplar |
|---|---|---|
| 1 | Gadymy halklaryň ýaşaýyş durmuşyna, medeniýetine degişli saklanyp galan ýadygärlikleri öwrenýän ylym | Numizmatika |
| 2 | Dürli halklaryň durmuşyny ýaşaýşyny, däp-dessuryny öwrenýän ylym | Arheologiýa |
| 3 | Gadymy şaýlaryň, pullaryň üsti bilen taryhy öwrenýän ylym | Etnografiýa |

**III. Öý işiniň netijesini jemlemek.**

Taryhy çeşmeler, ýazuw çeşmeleri baradaky düşünjelerini barlamak.

**IV. Täze temany beýan etmek.**

*Meýilnama:*

1. Döwürleriň taryhy yzygiderliligi.
2. Gadymy döwürde wagt ölçeginiň ýöredilişi.
3. Aý hasaby.
4. Ýyl hasabynyň ýüze çykarylyşy. Senenama.
5. Häzirkizaman ýyl hasaby.
6. Wagt çyzgysy.

**V. Öwrenilenleri berkitmek.**

a) sorag-jogap arkaly;




Synp tagtasynda mugallym şu çyzgyny çyzýar, okuwçy dilden ony düşündirýär.

b) wagt hasaby baradaky testler arkaly.

Nusga

1. Aşaky görkezilen seneleriň haýsy biri bize has ýakyn sene hasaplanylýar?

a) **b.e.öň 324-nji ýyl**;

b) b.e.öň III müňýyllyk;

ç) b.e.öň XV asyr;

d) b.e.öň 530-njy ýyl.

2. Hijri ýyl hasaby haýsy wakadan başlap ýöredilýär?

a) Isa pygamberiň doglan gününden başlap;

b) **Muhammet pygamberiň Mekgeden Medinä göçmeginden başlap;**

ç) Muhammet pygamberiň pygamber diýlip yglan edilen gününden;

d) Muhammet pygamberiň yslamy wagyz edip başlan gününden.

**VI. Sapagy jemlemek.**

Döwürleriň taryhy yzygiderliligi baradaky düşünjeleri jemlemek.

**Okuwçylaryň bilimine baha goýmak**.

**VII. Öý işi tabşyrmak.**

Temany okap öwrenmeli. Türkmen aý atlaryny öwredijilik depderlerine yzygiderlilikde ýazmaly.

## 7. Taryh sapagynyň gurluşy we görnüşleri

### § 7.1. Taryh sapagynyň umumy aýratynlyklary

Sapak - okatmagyň esasy görnüşidir. Ol okuw işiniň iň möhüm we yzygiderli amala aşyrylýan formasydyr. Sapagyň guralyşy, maksady we mazmuny mugallymyň döredijiligine baglydyr. Sapaga mugallymyň taýýarlanyp gelmegi iň zerur şertleriň biridir. Sapak mekdepde okuw-terbiýeçilik işini guramagyň esasy görnüşidir.

Mugalymyň gurnaýan we geçirýän sapagy diňe bilim berijilik häsýeti bilen çäklenmän, ol terbiýe berijilik häsiýeti bilen hem utgaşykly bolmalydyr. Mugallym sapakda geçilmeli temanyň üsti bilen Watana we tebigata, ata-enä, zähmete, okuwa söýgi döredýär. Umuman aýdylanda mugallym temanyň mazmunyna görä maksady saýlamagy başarmalydyr.

Mekdepde sapak 45 minudyň dowamynda geçýär we şol wagt birnäçe bölümlere bölünip geçilýär. Mugallym her bölüme berilýän wagty tygşytly peýdalanmagy başarmaly.

Sapagyň maksadynyň möçberi geçilmeli tema laýyklykda seçilip alynmaly. Sapagyň netijeliligi mugallymyň sapaga näderejede taýýarlanandygyna bagly bolýar. Dogry saýlanylan maksatly sapak netijeli bolýar. Mugallym sapagyň dowamynda göz öňünde tutan maksadyna ýetmek üçin, maksada we mazmuna laýyk görkezme esbaplary taýýarlamalydyr. Şol taýýarlan esbaplaryny sapakda ulanmalydyr. Islendik sapagyň manysy we mazmuny mugallymyň okuw işi we okuwçylaryň işjeňligi bolup durýar, okuwçylaryň bilimleri, başarnyklary, endikleri onuň netijesidir Taryhy bilimleri özleşdirmek we degişli başarnyklary we endikleri ele almak sapakda amala aşyrylýar. Şonuň üçin taryh sapagynyň umumy usulyýeti we düzümi şu bölümlerden ybarat:

I. Guramaçylyk döwri.

II. Öý işini soramak.

III. Öý işini jemlemek,täze materialy kabul etmäge taýýarlamak.

IV. Täze temany beýan etmek.

V. Täze temany berkitmek.

VI. Sapagy jemlemek. Bahalandyrmak.

VII Öý işini tabşyrmak.

*I. Guramaçylyk döwri.* Oňa aşakdakylar degişlidir:

a) sapaga gatnaşmaýan okuwçylary hasaba almak we synp dergisine bellik etmek;

b) okuwçylary sapaga taýýarlamak;

ç) watan täzelikleri bilen tanyşmak.

Mugallym sapaga giren wagty okuwçylar taýýar durmaly, nobatçy eýýäm gerekli kartany synp tagtasyndan asyp goýmaly, ol mugallymyň görkezmesi bilen öňünden usuly otagdan alynmaly. Synp nobatçysy sapakda ýok okuwçylaryň sanawyny düzýär we mugallyma maglumat berýär; hek, mekdep okuwçylarynyň partasynda zerur zatlary taýýarlaýar. Ilki bilen mugallym okuwçylary arakesmedäki şowhunly oýunlardan soň sapaga taýýarlamaly.

*II. Öý işini soramak.*

Taryh sapagy, adatça, öý işini soramakdan başlanýar. Öý işini soramagyň usullary we tärleri örän köpdürlüdir:

a) berlen material esasynda giňişleýin barlag gürrüňi;

b) okatmaklygyň täzeçil usullaryny ulanyp soramak;

ç) öý işi hökmünde tabşyrylan goşmaça ýumuşlary barlamak.

Bilimi dilden barlamak okuwçynyň pikirleniş işjeňligini, sözleýiş dilini ösdürýär. Munuň üçin okuwça berilýän soraglaryň gysgadan düşnükli, manyly, täsirli bolmagy zerurdyr. Şoňa görä-de, mugallym dilden soramakda gürrüň, okuwçynyň özbaşdak işi, okuw usullarynyň degişli tärlerini döredijilikli ulanmagy başarmalydyr. Mugallym okuwçylara soraglar berende şu aşakdaky maksatlary göz öňünde tutmalydyr:

a) geçilen tema boýunça okuwçylaryň alan bilimlerini barlamaklygy;

b) täze öwrenilen temany berkitmekligi;

ç) geçilen temanyň ýa-da bölümiň aýry-aýry böleklerini gaýtalamaklygy;

d) täze öwrenilen tema boýunça belli bir netijä gelme maksady bilen sorag-jogap geçirmekligi we şuňa meňzeşleri.

Mugallym sapaklara taýýarlanan mahalynda, oýlanyşykly soraglary düzmeli, ony sapak meýilnamasyna ýazyp bellemeli we sapakda ulanmaly. Onuň düzen soraglary okuwçylary pikirlendirmeli, ony berlen soragyň many-mazmunyny açyp görkezmäge, sorag boýunça bilýän düşünjelerini ýüze çykarmaga gönükdirmelidir. Mugallym tema boýunça soraglary taýýarlanda, okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny, soraglaryň güýçýeterliligini, ukyplaryny nazarda tutmalydyr. Onuň okuwça berýän her bir soragy aşakdaky talaplara laýyk gelmelidir:

– mugallymyň oýlanyşykly düzen her bir soragy belli bir derejede okuwçylaryň bilimlerini barlamalydyr;

– sorag temanyň esasy ýerlerini berkitmekligi, gaýtalamaklygy göz öňünde tutmalydyr we geçilen tema bilen baglanyşykly bolmalydyr;

– sorag anyk, aýdyň, gysga, manyly, düşnükli, sapagyň mazmunyna, temasyna degişli bolmalydyr;

– soragyň sözleri jaýba-jaý bolmaly, artykmaç, gerekmejek sözler bolmaly däldir;

– sorag okuwçylary işjeň pikirlenmeklige itermeli, olaryň pikirlenmesini ösdürmelidir;

– mugallymyň düzen soraglarynyň mazmuny milli häsiýete eýe bolmalydyr;

– Mugallym okuwçylaryň jogaplaryndan aşakdaky düzgünleri talap etmelidir:

– berilýän soraglara okuwçylaryň gysgadan manyly, doly we dogry, aýdyň jogap bermekligini;

– olaryň soraglara berýän jogaplaryny sözlem görnüşinde yzygiderli beýan edip bilmeklerini;

Mugallym sapagy täsirli, gyzykly, netijeli guramak üçin, sapakda dilden soramagyň dürli görnüşlerini ýerlikli ulanmaklygy başarma-

lydyr. Ol dilden soramagyň aşakdaky görnüşlerinden döredijilikli peýdalanmalydyr:

a) köpçülikleýin soramak.

b) ýeke-ýekeden soramak.

ç) bir wagtda birnäçe okuwçydan soramak.

**Köpçülikleýin soramak**. Dilden soramagyň bu görnüşiniň esasy maksady okuwçylaryň sapaga gatnaşygynyň işjeňligini we gyzyklanmasyny artdyrmak bolup, bu tär bir mesele (ýumuş) barada birnäçe okuwçynyň pikirini bilmäge, olaryň pikirlerini deňeşdirmäge, şol esasda dogry, kesgitli netije çykarmaga kömek edýär.

**Ýeke-ýekeden soramak**. Ýeke-ýekeden soramak sapakda okuwçylaryň işjeňligini, gyzyklanmasyny ösdürýär, jogapkärçiligini artdyrýar, pikirlenişini we sözleýiş dilini kämilleşdirýär. Bir okuwçy dilden jogap berende, ýoldaşlary onuň berýän jogabyndaky kemçilikleri belläp oturýar. Okuwçy soraglara jogap berip gutarandan soň, beýleki okuwçylar mugallymyň rugsat bermegi bilen onuň jogabyndaky ýalňyşlary düzedýärler.

**Bir wagtda birnäçe okuwçydan soramak**. Dilden soramagyň bu görnüşi sapakda wagty tygşytlamaga, az wagtda köp okuwçynyň bilimini barlamaga uly mümkinçilik berýär. Mysal üçin, mugallym bir okuwçydan dilden soraýan wagtynda, iki okuwça oturan ýerinde işlär ýaly sapaga degişli tapmaça, barlagnama ýa-da soragnama berýär, ýene iki okuwça karta we surat bilen işlemekligi tabşyrýar. Şeýlelikde, mugallym belli bir wagtda birnäçe okuwçy bilen işläp bilmegi başarýar.

*III. Öý işini jemlemek, täze materialy kabul etmäge taýýarlamak.*

Onuň maksady okuwçynyň öý işine jogap berende kynçylyk çeken ýerini gysgaça gaýtalap geçmek, täze temanyň mazmunyny diňlemäge taýýarlamak.

*IV. Täze temany beýan etmek* taryh sapagynyň esasy bölegini düzýär. Okuwçylara täze materialy düşündirmek mugallymyň gürrüňi we göz öňüne getirmesi arkaly amala aşyrylýar, oňa mugallymyň suratlardan, görkezme esbaplardan bilimleri saýlap almak usuly we okuw kitabyndan tekstleri okamagy hem girýär. Sapaklar dürli usullary talap edýänligi bilen köpdürlüdir. Okuw işjeňliginiň ähli zynjyr-

laryny saklaýan sapaklar üçin adatdan daşary dürli usuly tärler we şol bir sapakda ulanylýan serişdeler häsiýetlidir. Olara mugallymyň gürrüňi, suratlar boýunça işi, okuw kitabyndan düşündirişli okaýyş, karta, illýustrasiýa bilen işlemek, taryhy desganyň nusgasyna seretmek, mugallymyň okamak we hekaýa aýtmak bilen gezekleşýän gürrüňi degişlidir. Gynansak-da, häzirki wagtda IV-V synplarda, köplenç, gürrüň bermek usulynda sapak alnyp barylýar.

Sapakda taryhy materialy seljermek we umumylaşdyrmak mugallymyň ýolbaşçylygynda özara gürrüň usulynda ýa-da düşündirmek usulynda amala aşyrylýar. Özara gürrüň işiň has işjeň görnüşi bolup, mekdep okuwçysynyň taryhy hadysalara özbaşdak düşünmegini amala aşyrýar.

Başarnyklary we endikleri ele almak sapagyň ähli basgançaklarynda amala aşyrylýar we ol öý işini barlamak, täze materialy beýan etmek, berkitmek we öý işini tabşyrmak bilen berk baglanyşyklydyr. Ýöne başarnyklary we endikleri kemala getirmek sapagyň aýratyn basgançagynda, meselem, sapak beýan edilenden soň we mugallymyň ýolbaşçylygynda okuwçylaryň taryhy materialy seljermeginde emele gelýär. Täze we öň özleşdirilen bilimleri, başarnyklary hem-de endikleri ulanmak şol sapagyň esasynda amala aşyrylýar. Okuw kitabyndaky suratlar we illýustrasiýalar boýunça ýumuşlar tabşyrylanda ýa-da okuw kitabynyň ahyryndaky soraglar bilen işlenende ýerine ýetirilýär.

*V. Täze temany berkitmek* kiçi we orta synplarda sapagyň ahyrynda möhüm pursat hasaplanýar. IV-V synplarda sapagy berkitmek üçin, soramaklygyň dürli usullaryndan peýdalanmak bolar. Meselem, tapmaçanyň, çyzgynyň, soragnamanyň, barlagnamanyň, suratlaryň, kartanyň we beýlekileriň üsti bilen okuwçylardan soramak.

*VI. Sapagy jemlemek.* Bahalandyrmak.

Täze tema boýunça okuwçylaryň alan bilimlerini berkitmekde ýüze çykan bellikler barada gysgaça durup geçip, sapagyň dowamynda oňa işjeň gatnaşan okuwçylaryň ählisini dogry we usulyýetiň talaplaryna laýyklykda bahalandyrmaly.

*VII. Öý işini tabşyrmak.* Okuw kitabyndaky degişli temany görkezip, “Okap geliň” diýmek bolmaz. Öý işini tabşyrmak okuwçylaryň

özbaşdak işini guramagyň möhüm pursadydyr. Şonuň üçin öý işi tabşyrylanda, iň bolmanda, nähili okamalydygy, nämä üns bermelidigi, nämäni ýatda saklamalydygy, hronologiýany nähili ulanmalydygy, sözlükden nähili peýdalanmalydygy, nähili kynçylyklaryň bardygy, ony ýeňip geçmegiň usullary barada gysgaça düşündiriş geçmek hökmandyr. Öý işi hökman anyk tabşyrylmalydyr.

### § 7.2. Taryh sapagynyň esasy görnüşleri

Taryh dersi öwrenilende, mugallym her bir temanyň manymazmunyny düşündirmäge döredijilikli çemeleşmelidir. Mekdepde adaty utgaşdyrylan sapaklar bilen bir hatarda, *erkin görnüşli umumy okuw, amaly okuw, tejribe sapaklary, çekişmeler, hasabat sapaklary, teswirleme sapaklary, ylmy-amaly sapaklar, maslahat, metbugat söhbetdeşligi, syýahat, gaýybana syýahat, gezelenç, kim bilmeşek, duşuşyk, öz-özüňi dolandyryş sapaklary* ýaly erkin görnüşli sapaklar giňden ulanylyp bilner.

Mekdepde taryh dersini okatmagyň dürli erkin görnüşlerini ulanmaga, usullarynyň dowamlylygyny ýola goýmaga, okuwçylaryň ýaş aýratynlygyna görä taýýarlyk derejesine baglylygyň ylmy derejesini ýokarlandyrmak üçin, birnäçe usuly talaplaryň, düzgünleriň berjaý edilmegi zerurdyr. Ýokarda agzalyp geçilen dürli usully erkin görnüşli sapaklaryň esasy talaby seredilýän meselelere - temalara okuwçylaryň öz şahsy garaýyşlarynyň işeňňir, döredijilikli, özbaşdak kemala gelmegini üpjün etmek zerurlygyndan gelip çykýar. Mugallym bilen okuwçynyň taryhy hadysa, pursada bolan garaýyşlar barada pikirlenmegi, orta atylan soragyň çözgüdini aýyl-saýyl etmegi netijesinde tema has gowy özleşdirilýär. Mugallymyň sapagy ol ýa-da beýleki usulda geçmegi, ozaly bilen, öwrenilýän temanyň mazmunyna, ýagdaýyna, okuwçylaryň taýýarlygyna, ulanylýan çeşmeleriň häsiýetine, sapakda göz öňünde tutulŷan bilim-terbiýeçilik maksadyna we okuwçylaryň bilimini artdyrmak boýunça meselelere baglydyr.

Mugallymyň sapagy gürrüň bermezden, okuwçylar bilen yzygiderli söhbetdeş bolmagy olaryň düşünjesini artdyrmaga, döredijilikli özbaşdaklygy özleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Taryh dersini okatmak - okuwçylara oýlanmagy we taryhy wakalardan baş çykarmagy, öwrenilýän taryhy maglumatlar boýunça netije çykarmagy öwretmekdir. Okuwçylaryň tutuş temanyň maglumatlaryny we dersiň esasy meselelerini özleşdirmegi, taryhy maglumatlaryň üstünde işlemegi, dilden gysgaça çykyş taýýarlamagy özbaşdak döredijilik işleriniň başlangyjydyr.

Şeýlelikde, okuwçylara oýlanmagy, taryhy hakykaty, wakalary, jemgyýetçilik wakalaryny, pursatlary we hadysalary deňeşdirmegi hem-de olara baha bermegi, özbaşdak netije çykarmagy öwretmek mugallymyň esasy wezipesidir. Bu wezipe taryhy öwretmekde dürli usullar we tärler arkaly, şol sanda sapakda okuwçylaryň jogaplaryny deňeşdirmekligi, subut etmekligi, taryhy şahsyýetlere baha bermekligi, meseleleriň çözgüdini özbaşdak gözlemäge gönükdirilýän soraglar we meseleler arkaly amala aşyrylýar.

**Taryh sapaklarynyň esasy görnüşleri:**

a) okatmaklygyň ähli talaplary bolan“garyşyk” sapak;

b) täze bölüme başlananda ulanylýan giriş sapagy;

ç) gaýtalaýjy, umumy bilimleriň jemlenmegi, bir ulgama salynmagy;

d) okuwçylaryň bilim derejesini barlamakda we hasaba almakda ulanylýan jemleýji sapak;

e) has uly temalara, bölümlere, uly soraglara bagyşlanyp öwrenilýän bilimleriň öňden belli maglumatlar bilen jemlenen jemleýji-gaýtalaýjy sapak.

Bu sapaklar öz gezeginde esasy görnüşler bolmak bilen, her biri özüniň dürlüligi taýdan hem tapawutlanýar. Meselem: umumy okuw sapagy, çylşyrymly düşünjeleri kemala getirmek sapagy, okuwçylaryň käbir başarnyklaryny we ukyplaryny ösdürmek sapagy hem-de şol sapaklary okatmak usulynyň, ol ýa-da beýleki sapagy geçiş usulynyň gürrüň bermek, mugallymyň umumy okuw, sorag-jogap sapagy okuwçylaryň okuw kitaby, taryhy-resmi iş kagyzlary, metbugat täzelikleri bilen özbaşdak işlemekligine gönükdirilendir.

**Sapaklar we kinosapaklar**

Öňdebaryjy mugallymlar sapaklaryň dürli görnüşlerini saýlap, şol öwreniljek tema esasynda we onuň maksadyna, mazmunyna,

okuwçylaryň bilim derejesine, başarnyklaryna laýyklykda, sapagyň gurluşyny ulanýarlar. Ol ýa-da beýleki tema degişli kinofilmi okuwçylar bilen bilelikde görüp, soňra onuň many-mazmuny barada gürrüňdeşlik guraýar. Okuwçylaryň akyl ýetirijilik ukyplaryny ösdürmäge, özbaşdak pikirlenmäge ugrukdyrýan soraglara ýazuw üsti bilen we dilden jogap talap edýär. Okuwçynyň beren jogaplaryny, teswirlemesini, gelen netijesini takyklaýar.

**Sapaklaryň adaty däl usullarda guralyşy**

Adaty däl sapaklaryň her biriniň özboluşly aýdyň maksady bolup, olaryň ählisi hem okatmagyň usullarynyň we tärleriniň kämilleşdirilmegine gönükdirilendir. Öz-özüňi dolandyryş sapagyny, sahnalaşdyryş, metbugat, amaly maslahat, ýaryş, duşuşyk, bije sapaklaryny we sapagyň beýleki görnüşlerini giňden peýdalansa bolar.

Sapagyň görnüşlerini saýlap alanda mugallym aşakdaky ugurlary göz öňünde tutýar.

1. Okuw- terbiýeçilik mazmuny.
2. Őwrenilýän maglumatlaryň möçberi.
3. Sapagyň wezipeleriniň tutuş toplumy.
4. Mugallymyň we okuwçylaryň döredijiligi.
5. Okuwyň netijeleri.

**Umumy okuw sapagy**

Umumy okuw sapagy – munuň özi sapagyň gidişinde okuw maglumatlarynyň mugallym tarapyndan yzygiderli beýan edilmegidir. Umumy okuw sapaklary ýokary synplarda ulanylýar.

Umumy okuwlar şu aşakdaky esasy görnüşlere bölünýär: giriş, esasy, gutaryş we syn.

Giriş umumy okuwlary bütin dersi ýa-da onuň bölümini öwrenmekde ugur görkeziji bolmak bilen, okuw işinde möhüm ähmiýete eýedir we olarda okuwçylara güýçli pikirlenmäni talap edýän täze bilimler berilýär.

Ders boýunça esasy umumy okuwlarda dersiň möhüm nazarýet esaslary öwredilýär.

Gutaryş umumy okuwlar dersiň bölümi ýa-da ders gutarylandan soň geçilýär. Olarda şu ders boýunça sapaklarda alnan ähli ylmy-naz-

ary we usuly taýýarlygy esasynda möhüm meseleleri suratlandyrmak ýoly bilen dersiň ylmy umumylaşdyrmagy berilýär.

Syn umumy okuwlary okuwçylaryň geljekde saýlap aljak hünäri üçin gerekli bilimleri gaýtalamak we tertipleşdirmek maksady bilen geçirilýär. Şu mazmunly umumy okuwlar okuwçylar bilen Döwlet synaglarynyň öň ýanynda geçirilýär.

Umumy okuwlara bildirilýän usuly talaplar:

a) manysy boýunça:

– umumy okuwlarda üç sany esasy talap özara baglanyşmaly. Olar bilim, terbiýe we aň taýdan ösüş;

– umumy okuwlar ylmy bilimleriniň çuňlaşmagyna ýardam bermeli, okuwçylaryň geljekki hünärine höwes döretmeli we çuňlaşdyrylan özbaşdak işe ukyby ösdürmeli;

– umumy okuwlar ylmylyk, ulgamlylyk, many yzygiderligine esaslanyp, bitewilik we gutarnyklylyk bilen häsiýetlenmelidir;

– umumy okuw sapaklarynda täze temanyň öňki temalar bilen arabaglanyşygy elmydama saklanmalydyr;

– mugallym umumy okuwlarda hökmany däl düşünjeleri bermän, temany özleşdirmek üçin gerekli maglumatlary, düşünjeleri we subutnamalary saýlap almalydyr;

b) guralyşy we geçirilişi boýunça:

– okuwyň, görkezme esbaplaryň, çyzgylaryň, jedwelleriň we beýleki gerekli serişdeleri, tagtadaky ýazgylaryň ulanylyşyna aýratyn üns bermeli.

– umumy okuwyň soňunda mugallym nazary maglumatlary jemläp, berlen soraglara jogap bermeli.

**Amaly okuw sapagy**

Amaly okuw sapagy okuwçylaryň özbaşdak işlerini täsirli guramaklyga we olary ugrukdyrmaklyga esaslanan sapak görnüşidir. Sapagyň görnüşi hökmünde amaly okuw sapagynyň mekdebe ýokary okuw jaýyndan gelendigini göz öňünde tutup, esasy ünsi aşakdakylara bermelidir:

– talyplara seredende, okuwçylaryň akyl ýetirijilik mümkinçiligi çäkli;

– okuwçylara ätiýaçlyk bilimler ýeterlik däl;

– okuwçylaryň özbaşdak işlemek ukyplary pes;

– amaly okuw sapaklaryna berilýän okuw sagatlary-da az.

*Mugallymyň guraýan amaly sapaklaryna aşakdakylar häsiýetlidir:*

– maglumaty, öň öwrenilen okuw maglumatlaryny amaly okuw sapagynda giňeldýärler, çuňlaşdyrýarlar we jemleýärler;

– täze temanyň beýany öwrenilýär;

– mugallym tarapyndan öňde goýlan soraglar toparlaýyn ara alnyp maslahatlaşylýar.

Amaly okuw sapagy okuwçylaryň şahsy özbaşdak işleriniň dowamy bolmak bilen birlikde, ol toparlaýyn özbaşdak işleriniň hem görnüş bolup durýar. Mugallym amaly okuw sapagynda okuwçylaryň öň alan bilimlerini täze düşünjeler esasynda berkidýär, çuňlaşdyrýar. Ol bu sapakda haýsy-da bolsa bir temany açmaklygy, öwrenmekligi maksat edinýär. Şonuň üçin mugallym amaly okuw sapagyny, köplenç, hatarda temany öwrenmekligiň ortasynda ýa-da ahyrynda geçýär. Amaly okuw sapagyny geçmek üçin mugallym azyndan 2-3 hepde öňünden onuň temasy we möhleti barada okuwçylara duýdurýar, edebiýatlaryň we çeşmeleriň sanawyny berýär.

**Öz-özüňi dolandyryş sapagy**

Öňdebaryjy mugallymlaryň tejribesi boýunça okuwda öz-özüňi dolandyryş sapagy hyzmatdaşlyk terbiýenamasy bilen ysnyşykly utgaşýar. Bu sapak görnüşi çagalary, okuwçylary geljekki mugallymlar hökmünde aýawly, ünsli guramakdan ybaratdyr.

Mugallymlar käwagt muňa bäsleşik-ýaryş sapagy hem diýip aýdýarlar. Şonuň meýilnamasy barada mugallym okuwçylara öňünden duýdurýar. Okuwçylar bilen sapakdan soň hepdede bir ýa-da iki gezek taýýarlanyş sapagyny geçýär. Mugallym okuwçylara sapagy nähili geçmelidigini, sapakda haýsy maglumatlary nähili yzygiderlikde, nähili usullar bilen peýdalanmalydygy hakynda jikme-jik maslahat berýär. Tema boýunça hökmany we goşmaça edebiýaty, gazet-žurnal maglumatlaryny salgy berýär, tapmadyk ýagdaýynda özi kömek edýär. Şeýle hem okuw-görkezme esbaplary ýerlikli peýdalanmagyň ýollaryny salgy berýär. Sapagyň gidişinde okuwçylaryň bilimlerine

baha bermegiň talaplaryny okuwçylara pugta öwredýär, kynçylyk çekilen ýagdaýynda ol kömek edýär.

Sapagyň bu görnüşi okuwçylaryň öz-özlerini dolandyrmaklygyna, hünär saýlap almaklygyna we bilimleri özbaşdak özleşdirmekligine ýardam berýär. Başga-da, okuwçylaryň mugallymçylyk kärine isleginiň ösmegine kömek edýär.

**Duşuşyk sapagy**

Sapagyň bu görnüşi okuwçylar üçin örän täsirlidir. Duşuşyk sapagyndan öň mugallym şol tema boýunça umumy okuw sapagyny geçýär we indiki sapagyň duşuşyk sapagy boljakdygyny öňünden duýdurýar. Sapaga nähili myhmanlaryň çagyryljakdyygyny maslahatlaşýar, çakylyk hatlary taýýar edilýär. Şeýlelikde, bu sapaga okuwçylaryň özlerinden başga-da olaryň ata-eneleri, doganlary hem-de dürli hünärdäki işgärler çagyrylýar. Sapagyň öň ýanynda okuwçylarda “Kim bolmaly?” diýen gyzyklanma döredýärler. Sapagyň has netijeli geçmegi üçin, sapaga degişli suratlaryň, okuwçylaryň geçen ýylky ýazan nutuklarynyň, zähmete, hünär saýlap almaklyga degişli ýazylan kitaplaryň sergisi guralýar. Okuwçylara “Meniň saýlap alan kärim” diýen temada nutuklar ýazmak tabşyrylýar. Hünär saýlap almaklyga degişli çeper eserleri, hekaýalary, goşgulary, nakyllary, atalar sözlerini, pähimleri, gündelik metbugat boýunça bu baradaky täze çykyşlary gözläp tapmak we taýýarlamak tabşyrylýar.

Mugallym sapagy guramaçylyk işlerini geçirmek, gelen myhmanlary tanyşdyrmak bilen başlaýar. Okuwçylaryň sapakda ýerine ýetirmeli işleri olara tabşyrylan ýumuşlaryň görnüşleri esasynda toparlar boýunça amala aşyrylýar. Mysal üçin, birinji toparyň okuwçylary gündelik metbugat boýunça taýýarlanan täzelikler barada çykyş edýärler, ikinji topar “Zähmete hukuk” diýen tema boýunça düzülen meýilnama esasynda yzygider gürrüň berýärler, üçünji topar zähmete degişli nakyllary, pähimleri, atalar sözüni tapyp aýdýarlar, dördünji topar zähmete, hünäre degişli okan çeper eserleri, hekaýalary, goşgulary barada gysgaça gürrüň edýärler. Okuwçylaryň çykyşlary jemlenenden soň, gezek myhmanlara berilýär. Olar özleriniň hünärleri, kärleri barada gürrüň berýärler. Myhmanlaryň täsirli gürrüňlerinden soň, sorag-jogap guralýar, ýagny myhmanlar okuwçylaryň gyzyklanýan

soraglaryna jogap berýärler. Sapagyň ahyrynda okuwçylar düşünmesi kyn we näbelli hereketleri ýerine ýetirýärler. Myhmanlar bolsa her bir hereketiň haýsy hünäre degişlidigini tapmaly ýa-da bilmeli bolýarlar.

**Çekişme sapagy**

Çekişme sapaklary okuwçylaryň özbaşdak okamak endiklerini, işjeňligini, özbaşdak pikirlenmek ukyplaryny ösdürýär. Mugallym bu sapagy, aýratyn hem, gaýtalamakda we täze temany özleşdirmekde ulanýar.

Okuwçylar iki topara bölünýärler ýa-da olar öz ugurlary boýunça birnäçe toparlara-da bölünip bilýärler. Bu sapaga çenli okuwçylar temanyň mazmunyna laýyklykda gazet-žurnallardan, çeper, taryhy eserlerden we beýleki goşmaça edebiýatlardan peýdalanyp, sapaga taýýarlykly gelýärler.

Käbir temalar geçilende, adaty garyşyk sapak görnüşine meňzeş görnüşli, emma täze temany berkitmeklige derek okuwçylary iki topara bölüp, teswirleme geçirmek maslahat berilýär.

Sapagyň bu görnüşleri orta mekdepleriň durmuşynda soňky wagtlarda ýüze çykyp, giňden ýaýrap başlady.

Sapakda şeýle temanyň mazmunyny söhbetdeşlik, gürrüňdeşlik ýaly tärleriň üsti bilen beýan edip bolýar.

**Jemleýji-gaýtalamak sapagy**

Her bir sapagy okuwçynyň aňyna ýetirmekde şol dersi okadýan mugallyma örän uly orun degişlidir. Mugallym gaýtalamak sapagyny geçende hem ilki bilen öz öňünde şol sapagyň bilim we terbiýeleýjilik ähmiýetine üns bermelidir. Gaýtalamak sapagy özleşdirilen ylym-bilimleri umumylaşdyrmak, belli bir ulgama salmak hyzmatyny ýerine ýetirýär. Şular ýaly sapaklar, köplenç, uly bölümler ýa-da baplar, temalar geçilip gutarylandan soň, çärýegiň ahyrynda, okuw ýylynyň soňunda geçirilýär. Şeýle okuwlar talabalaýyk edilip guralan mahalynda okuwçylaryň biliminde, başarnygynda bar bolan ýetmezçiligiň öwezini dolmak bolýar.

Okuwçylaryň bilimlerini barlamak, hasaba almak we bahalandyrmak maksatly sapakda ätiýaçlyk sapaklarynyň hasabyna guralmak bilen bu ýerde gaýtalamak sapagynyň ikinji derejeli talaby bolup durýar we zerurçylygy ýüze çykanda amala aşyrylýar. Geçilenleri gaýta-

lamak okuwçylara taryhdan yzygiderli bilim bermegiň we alnan bilimleri berkitmegiň esasy görnüşleriniň birdir.

Käbir synplarda geçilenleri gaýtalamak üçin ýörite sagatlar berilýär. Şonuň üçin mugallym meselä örän oylanyşykly çemeleşmelidir. Mugallym diňe bütin okuw ýylynyň dowamynda öwrenilenleri yzygiderli gaýtalamak bilen okuwçynyň aňly düşünjeli özleşdirmeklerini gazanyp biler.

Gaýtalamak sapagyny meyilnamalaşdyrmak. Geçilenleri gaýtalamagyň häzirki wagtda köplenç gürrüň, sorag-jogap alyşmak ýaly usullary arkaly geçrilýändiginiň şaýady bolunýar. Ýöne okuwçylaryň ählisiniň ünsüni sapaga çekmäge, sapaga höwesli we yhlasly gatnaşmaklaryna mümkinçilik berýän dürli usullar ulanylsa, öwrenilenleri gaýtalamak has netijeli bolýar. Şeýle usullaryň biride *oýunlardyr*. Sapagyň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda geçilenleri gaýtalamak sapaklarynda oýunlary guramaga oňat şertler bolýar. Sebäbi beýle sapaklar tutuşlygyna geçilenleri gaýtalamaga bagyşlanansoň, öwrenilenler boýunça maglumatlary özünde jemleýän oýunlary çözmäge wagt tarapyndan-da amatly mümkinçilik bolýar. Şerti boýunça okuwçylaryň ählisiniň birbada gatnaşmaklaryny, ýagny, köpçülikleýin ýerine ýetirýän ýa-da özbaşdak, 3-4 ýa-da 5-6 okuwçynyň gönüden-göni gatnaşmaklary, beýleki okuwçylaryň gytaklaýyn gatnaşmaklaryny talap edýän oýunlaryň guralmagy juda ähmiýetli bolýar. Beýle edilende okuwçylar gaýtalanýan okuw materiallaryny kemsiz özleşdirýärler. Sebäbi olar oýun arkaly öwrenilenler boýunça biri-birleri bilen güýç synanşýarlar, ýaryşýarlar. Öz başarnyklaryny yüze çykarmaga mümkinçilik alýarlar. Öwrenilen ýerleriň özleşdirlişine laýyklykda oýunda ýeňiş gazanýarlar. Oýun arkaly gazanylan ýeňiş bolsa olaryň geljekde halkymyzyň gadymy we baý taryhyny has-da ünsli we düýpli öwrenmäge ýykgyn etmeklerine getirýär.

Gaýtalamak we umumylaşdyrmak sapagynyň netijeli bolmagy üçin şu aşakdaky şertlere aýratyn ähmiýet bermeli: okuwçylaryň öýlerinde öňünden taýýarlykly gelmegi, sapakda okuwçylaryň höwesli we işjeň doredijilikli bolmagy, sapagyň mazmunyny, logiki yzygiderligini we usulyýet tärlerini dogry saýlamagy başarmak, sapagyň peý-

dasyny okuwçylaryň duýup bilmegi. Gaýtalamak sapagyny geçirmek üçin mugallym her bir synpyň okuwçylarynyň bilim-başarnyklarynyň, işjeňliginiň, okuwa höwesiniň meňzeş bolmaýandygyny göz öňünde tutmalydyr. Derse has gyzyklanýan, bilesigelijiligi ýokary, höwes bilen okaýan synplarda gaýtalamak – umumylaşdyrmak üçin soragnamalar, barlagnamalar, bilimleri barlamagyň we gözegçilik etmegiň beýleki görnüşleri beýleki synplara seredeniňde düýpli bolmagy zerurdyr. Gowşak ýetişik berýän synplarda bolsa sapaklarda dürli usullaryň üsti bilen okuwçylarda bilimleri ele almaklyga höwes döretmeli, başarjaňlygyny artdyrmaly we tiz wagtda oňat okaýanlara deňleşmäge ýardam etmeli.

Gaýtalamak sapagyny guramaklyk öz öňünde goýan wezipeleri boýunça-da, ony dürli usullar bilen baglanyşdyryp geçmeklik boýunça-da örän köp wagty we tejribäni talap edýär. Taryh sapagy boýunça gaýtalamak sapagy gurnalanda wakalary we hadysalary tutuşlygyna öz içine alýan hem-de bir topar möhüm meseleleri içgin, çuňlaşdyryp öwretmeklige gönükdirilen usullary peýdalanmak maksada laýyk bolardy. Mysal üçin: synp tagtasynda gaýtalanjak materialyň giňişleýin meýilnamasyny düzmek we ony düýpli seljermek arkaly gaýtalamak.

5-nji synpda gadymy dünýä taryhy dersinden jemleýji-gaýtalamak sapagyny geçenimizde gadymy Gresiýa degişli öwrenilenleri has-da çunlaşdyrmak maksady bilen aşakdaky meyilnama esasynda işleýäris:

1. Gresiýanyň tebigaty we ilatynyň meşgullanan kärleri.
2. Gomeriň “Iliada” we “Odisseýa” poemalary.
3. Gadymy grekleriň dini.
4. Afiny we Sparta gul eýeçilik döwletleri.
5. Grek-pers uruşlary.
6. Gadymy Gresiýada ylym we mekdep.

Soňra okuw kitabyndaky suratlaryň üstünde işleýäris hem-de “Odisseýa” hakyndaky telefilmden bölekleri okuwçylara görkezip, olaryň gadymy Gresiýa hakyndaky düşünjelerini artdyrýärys. “Teatr”, “Olimpiýa oýunlary”, “Amfiteatr”, “Afina akropoly”, “Sparta mekdebi” diýen adalgalar boýunça çekişme guraýarys.

Her çärýek ahyrlanda, okuw ýylynyň soňunda berlen bilimleriň hilini barlamak, okuwçylaryň bilim derejesini anyklamak maksady bilen dürli görnüşdäki barlag işlerini alyp bolar. Mysal üçin test – barlagnama arkaly okuwçylaryň bilimlerini barlamak.

"Test" diýen düşünjäni ulanyşa girizen we testirleme usulyny ilkinji bolup durmuşa ornaşdyran amerikan psihology J.M.Ketteldir "test" iňlis sözi bolup, ol "ekzamen, synag, barlap görmek" diýen manylary aňladýar.

Testiň soraglary gysga bolup, aşagynda jogaplaryň birnäçe nusgalary ýazylýar, şolaryň içinde dogry jogaby hökmany suratda bir bolmaly. Okuwçy nusgalaryň arasyndan dogry hasap eden jogabyny saýlap alýar.

Mysal:

1. Taryh nämäni öwredýär?
a) döwletleriň döreýşini;
**b) geçmişi öwrenýär;**
ç) halklaryň ýaşaýşyny;
d) söweşleri.

2. Adamzat taryhyny zat tapyndylary esasynda öwrenýän ylym?
a) etnografiýa;
b) hronologiýa;
**ç) arheologiýa;**
d) numizmatika.

3. Kuşan döwletiniň döwlet dini haýsy bolupdyr?
a) otparazçylyk;
b) hristiýançylyk;
**ç) buddizm;**
d) brahmanizm.

4. Yslam dininiň mukaddes kitaby?
a) Töwrat;
**b) Kurany Kerim;**
ç) Injil;
d) Zebur.

5. Ekerançylyk bilen meşgullanýan ilata näme diýlipdir?
**a) çomrular;**

b) hünärmentçiler;
ç) senetçiler;
d) çarwalar.

**Test usulynyň peýdaly taraplary**

Bir wagtyň özünde şol bir test bilen ýüzlerçe, müňlerçe okuwçynyň bilim derejesini ölçäp bolýar. Şol bir sapaklary we temalary deň mümkinçiliklerde öwrenen okuwçylara şol bir soraglary berip, olaryň bilim derejelerine adalatly baha berip bolýar. Test usulynda soraglaryň bir jogaby dogry bolany üçin netijesini adalatly çözüp bolýar. Aýratyn hem matematika we tebigy bilimler sapaklarynda okuwçynyň çalt hem nagt jogap bermek ukybyny ösdürýär.

**Test soragy nähili taýýarlanylmaly?**

Sorag sözlemi düşnükli bolmalydyr.

Sorag sözlemi sada görnüşde we ýeke-täk bolmalydyr.

Sorag sözleminde ulanylýan terminler (adalgalar) orta mekdebiň kitaplaryndaky terminler bolmalydyr.

Sorag sözlemleri çylşyrymly goşma sözlemler görnüşinde hem düzülip bilner.

Sorag sözleminde birnäçe däl-de, ýeke-täk jogap islenilmeli.

Sorag sözlemi düzülýärkä, işlenilýän jogabyň daşyndaky jogaplaryň sany ýeterlik mukdarda we soragyň jogabyna ýakyn bolup-bolmazlygyna üns berilmelidir.

Eger sorag sözleminde belli bir düşünjä degişli sorag berilýän bolsa, şol düşünje hakynda ugrukdyryjy sorag soralmalydyr (näme üçin, nähili, haçan). Meselem, *“Daňdanakan söweşi haçan bolupdyr?”* diýilmän, *“Seljuklar bilen Gaznalylaryň arasyndaky Daňdanakan söweşi haçan bolupdyr?”* diýilse, okuwçy üçin sowal has-da aýdyňlaşar.

Ähli soraglaryň jogaplarynyň sany deň bolmalydyr (birinde 2, başgasynda 3 ýa-da başga görnüşde bolmaly däldir).

**Test çözülende okuwçylaryň esasy üns bermeli zatlary:**

**1. Her sowal üçin jogap möhletini bellemeli.**

Her sowal üçin bellenen wagt jogap bermek üçin ýol görkeziji häsiýete eýedir. Mysal üçin, her sowala bir minutlyk wagt berilen

synagda okuwçy üçin sowaly okamak, jogabyna düşünmek we bellemek üçin käbir sowallara 2-3 minut, käbirlerine bolsa diňe sekunt harçlamak ýeterlikdir. Bir sowala köpräk üns berip, beýleki sowallara ýetişip bilmezlikden seresap bolmalydyrys.

**2. Üns çekiji zatlardan peýdalanmak**.

Test sowallarynda aşagy çyzylyp, ýaý içine alnyp ýa-da gara ýazylan “däldir”, “hemme wagt”, “bolup bilmez”, “görkezmez” we şuňa meňzeş sözlere üns çekilip näme talap edilýändigi düşündirilýär. Bu düşündirişiň çäklerinde wagt ýitirmän, meseläniň jogabyny çözmäge girişmek wagt utmakdyr.

**3. Ýüzugra jogap berip bilmedik sowallaryňy soňa goýmaly**.

Jogap bermek üçin güýmenmek wagt ýitirmäge alyp barýar. Mysal üçin, sowaly dogry çözmek kyn bolanynda, iň çalt, ýeňil çözüp boljak sowallary tapyp, şolara ilki jogap berip, soňra beýlekilere geçmeli.

**4. Çen bilen jogap bermek.**

Soňa goýlan, ikinji gezek okalan sowallaryň sözlerini has ünsli okamaly. Okalan wagtynda sowala degişli temalardaky baglanyşygy guramak, netijäni anyklamaga çalyşmak üçin ozalky çözülen, bilýän sowallaryňdan peýdalanmaly.

Test baradaky şu maglumatlary öwrenenden soňra taryh mugallymlary öz sapaklarynda bu usuly netijeli peýdalanyp bilerler.

Bu usuly ulanmak bilen birnäçe okuwçynyň bilim derejesini ölçäp bolýar. Şol bir sapaklar we temalary deň mümkinçiliklerde öwrenen okuwçylara şol bir soraglary berip, olaryň bilim derejelerine adalatly baha berip bolýar. Jogaplar tema degişli bolmalydyr. Eger dogry jogap soralýan bolsa, ýalňyş jogaplar hem şol soralýan tema degişli bolmaly. Jogaplarda birden artyk dogry jogabyň bolmagyna we ýalňyş düşünişmä ýol berilmeli däldir.

Käbir synplarda geçilenleri gaýtalamak üçin, ýörite sagatlar berilýär. Şonuň üçin mugallym meselä örän oýlanyşykly çemeleşmelidir. Mugallym diňe bütin okuw ýylynyň dowamynda öwrenilenleri yzygiderli gaýtalamak bilen okuwçynyň aňly düşünjeli özleşdirilmegini gazanyp biler.

### § 7.3. Taryh sapagynyň dersara we özara baglanyşygy

Okuwçylarda bilim ulgamynda dünýägaraýyşlary kemala getirmekde hem-de ösdürmekde dersara baglanyşyk möhüm ähmiýete eýedir.

Dersara baglanyşyk:

– dürli dersleriň üsti bilen ele alnan başarnyklardyr. Bu başarnyklar endiklere hem-de bilimlere esaslanmalydyr.

– şol dersleriň üsti bilen alnan bilimleri ösdürmeklige hem-de umumylaşdyrmaklyga gönükdirilen bolmalydyr.

– jemgyýetde, bizi gurşap alan gurşawda bolup geçýän hadysalara obýektiw göz ýetirmek başarnyklaryny kämilleşdirmekligi hem-de olaryň syýasy garaýyşlaryny artdyrmaklygyny üpjün etmelidir.

Mekdepdäki alynýan taryh bilimi okuwçylarda taryhy oýlanmalary, göz öňüne getirmeleri hem-de taryhy wakalardan özbaşdak netije çykaryp bilmek başarnyklaryny kemala getirýär.

Mekdepde okuwçylaryň taryhy wakalara akyl ýetirmekligi taryh sapaklarynda berilýän bilimleriň möçberi bilen çäklenilmeýär. Sebäbi okuwçylar öz Watanynyň hem-de bütin adamzat jemgyýetiniň taryhy bilen baglanyşykly örän köp hem-de bölekleýin maglumatlary beýleki okuw derslerinden, aýratyn-da edebiýat, geografiýa ýaly derslerden, şonuň ýaly-da dürli edebi eserlerden, gazet-žurnallardan, teatrlardan, kinofilmlerden, telegepleşiklerden, özüni gurşap alan durmuş wakalaryndan alýar. Ýöne ýokarda agzalan serişdeler okuwçylaryň taryhy bilimleriniň bir ulgama jemlenmegini üpjün edip bilmeýär. Olara taryh boýunça ulgamlaýyn we yzygiderli, maksadalaýyk bilimi diňe taryh sapaklarynyñ üsti bilen bermek mümkin.

Taryh sapaklarynda kemala getirilen taryhy bilimleriň kömegi bilen okuwçylar beýleki derslerde berilýän taryhy maglumatlara dessine akyl ýetirmek hem-de ol maglumatlary taryh dersinde berilýän maglumatlar bilen deňeşdirip görmek, ondan degişli netije çykarmak prosessine örän çalt girişip bilýär. Şonuň üçin hem taryh sapaklarynda berlen hem-de özleşdirilen taryhy düşünjeler, taryhy maglumatlar okuwçylaryň beýleki derslerde berilýän maglumatlara akyl ýetirmeginiň esasy daýanjy bolup durýar.

Dersara baglanyşyklarynyň aýratyn hem, taryh sapaklarynda ähmiýeti örän uludyr. Çünki taryh okuwçylaryň beýleki dersleriň üsti bilen alan taryhy, jemgyýetçilik hadysalar baradaky bilimlerini ulgamlaşdyryp umumylaşdyrýar, şol ýagdaýa özbaşdak netije çykarmak we baha bermek mümkinçiligini berýär. Has dogrusy, beýleki dersleriň üsti bilen berilýän taryhy düşünjeleri anyklaşdyrýar. Şol wakalaryň jümmüşine çuňňur aralaşyp bilmek, ony seljermek, akyl ýetirmek ukyplaryny ösdürýär.

Mugallym nobatdaky sapaga taýýarlyk görýän wagty, okuw maksatnamalarynda göz öňünde tutulan wezipeleri çözmekligiň ýollaryny, serişdelerini saýlap almalydyr hem-de geçilýän temany haýsy dersler bilen baglanyşdyryp geçse, temanyň okuwçy tarapyndan ýeňil özleşdirip bilinjekdigini anyklamalydyr.

Dersara baglanyşygy ýola goýmaklyk, öňki temalarda belläp geçişimiz ýaly, taryh dersleriniň beýleki derslerden tapawutlandyryjy bir topar alamatlaryna daýanýar. Şolaryň biri hem taryh ylmynyň ähli beýleki ylymlar üçin wajyp hem-de zerur bolan maglumatlara baýdygy bilen tapawutlanýandygydyr.

Dersara baglanyşyk pedagogikanyň güýçýeterliginiň hem-de bilimleri yzygiderli ulgamlaýyn özleşdirmeginiň berjaý edilmegini talap edýär. Bir temany beýleki bir tema bilen ýa-da beýleki derslerde geçilýän şol bir tema ugurdaş temalar bilen baglanyşdyryp geçmek arkaly mugallym okuwçylaryñ öwrenilýän ders boýunça ylmy bilimleriniň, düşünjeleriniň baýlaşmagyny gazanýar.

Beýleki derslerde berilýän bilimleriň mazmunyny doly özleşdirip, taryh sapaklarynyň üsti bilen okuwçylarda kemala getirilmegi we ösdürilmegi göz öňünde tutulýan ylmy dünýägaraýyşlar, düşünjeler, başarnyklar hem-de endikler aýry-aýry dersleriň özara baglanyşygynda ösdürilmelidir. Ýokardaky talaplara esaslanyp, dersara baglanyşygyny, esasan, 3 topara bölmek bolar:

***1. Daýanç baglanyşyklary*** **-** bu öwrenilýän okuw maglumatlaryny öňki synplarda öwrenilýän düşünjeleriň, bilimleriň haýsyna esaslanyp geçmelidigini aňladýar.

Meselem: 4-nji synpda “Meniň Watanym” okuw dersinde öwrenilýän “Türkmenistan Garaşsyz we Baky Bitarap ýurtdur” diýen te-

many öňki ýyllardaky geçilenlere esaslanyp, şolar bilen baglanyşdyryp geçmeklik maslahat berilýär.

***2. Ugurdaş baglanyşyklar* -** ol ýa-da beýleki bir öwrenilýän temany şol bir synpda, şol bir wagtda öwrenilýän ýa-da öwreniljek düşünjeler bilen baglanyşdyryp geçmek.

Meselem: “Türkmenistanyň taryhy” dersini geografiýa okuw dersi bilen baglanyşdyrmak ýa-da türkmen edebiýaty bilen baglanyşdyryp geçmek. Geografiýa hem türkmen edebiýaty türkmen taryhy bilen has ysnyşykly baglanyşyklydyr.

***3. Daşdan görüjilik baglanyşygy* -** bu daýanç baglanyşygynyň tersine ol ýa-da başga bir öwrenilýän temanyň indiki synplarda has giňişleýin we çuňňur öwrenmekligini aňladýar.

Meselem: 4-nji synpda umumylaşdyryp berilýän düşünjeleriň 7-8-9-njy synplarda Türkmenistanyň taryhy boýunça geçilýän sapaklarda has giňişleýin hem-de çuňňur düşünjeler bilen üstüniň ýetiriljekdigini mugallym okuwçylara düşündirmelidir.

Taryh mugallymy dersara baglanyşygyň islendik görnüşini guramakçy bolanda, ilki bilen okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny, olaryň umumy taýýarlyk derejesini we başga-da köpsanly pedagogik-psihologik talaplary göz öňünde tutmalydyr.

Taryh dersi boýunça guralýan dersara baglanyşyklar, esasan, ýurdumyzyň şu günki ykdysady, syýasy we medeni durmuşyndan üzňe bolmaly däldir. Şonuň ýaly-da taryh dersiniň özara baglanyşygyny üpjün etmekde, mugallym okatmagyň umumy talaplary bilen bir hatarda, taryh dersiniň mazmunynyň bütewiligini, döwrüň aňyýet-syýasy talaplaryny hem göz öňünde tutmalydyr.

Taryh sapaklarynda okuw dersleriniň dersara hem-de özara baglanyşygynyň dogry we talabalaýyk guralmagy okuwçylary okatmakda hem-de olara döwrebap bilim we terbiýe bermekde şu aşakdaky netijeleri gazanmaklyga şert döretmelidir:

1. Öwrenilýän ders boýunça geçilýän temalaryň has aňsat we çuňňur özleşdirilmegine, olaryň belli bir derejede gaýtalanyp, okuwçylaryň uzak wagtlap ýadynda galmagyna we aýry-aýry düşünjeleri berk özleşdirmegine ýardam edýändigine üns bermelidir.

2. Daýanç we ugurdaş dersara baglanyşygy guramagyň netijesinde okuwçylaryň özbaşdak pikirlenmek hem-de taryhy wakalary dogry seljerip bilmek we ol wakalara taryhy nukdaý nazardan dogry baha bermek ýaly başarnyklarynyň kemala gelmegi üpjün edilýär.

3. Dürli temalar arkaly berilýän düşünjeleriň, bilimleriň üsti bilen şu günki Garaşsyz hem-de baky Bitarap Türkmenistanda we bütin dünýäde bolup geçýän wakalara okuwçylaryň çuňňur gyzyklanmalary döredilýär. Dersara we özara baglanyşygy göwnejaý gurnamak üçin, mugallymyñ ýeterlik başarnygy, beýleki dersleriñ degişli temalaryndan baş çykarmagy zerurdyr.

**Sapak** *(mysaly nusga)*

Mugallym taryh dersini beýleki dersler bilen baglanyşdyryp sapagy şeýleräk gurap biler.

*Sapagyň temasy:* Gündogaryň görnükli alymlary.

*Sapagyň maksady:*

a) Türkmen topragy ylymda dünýä meşhur alymlaryň ýüze çykan ýeridir.

b) Muhammet al-Horezmi, Abu Nasyr al-Faraby, Abu-Reýhan al-Biruny, Abu Aly Ibn Sina barada düşünje bermek. Matematika, geografiýa, saz, tebigat dersleri bilen baglanyşdyryp düşünjelerini ösdürmek.

ç) Akyl, ahlak, watançylyk terbiýelerini bermek.

Sapagyň esbaby: suratlar, çyzgy.

*Sapagyň gidişi:*

**I. Guramaçylyk döwri.**

a) synpy sapaga taýýarlamak;

b) Watan täzelikleri;

ç) öý işi barlamak.

**II. Öý işi barlamak.**

sorag-jogap arkaly soramak.

Paýlaýyş serişdeleri arkaly soramak.

ç) kartadan soramak.

**III. Öý işi jemlemek**.

Gadymy türkmen döwleti.

Döwleti esaslandyryjy.

Döwletiň ýerleşen ýeri.

Gutlug Timuryň minarasy we Tekesiň kümmeti baradaky gelen netijelerini jemlemek.

**IV. Täze temany beýan etmek.**

a) temanyň adyny okuw tagtasynda ýazmaly.

b) mugallymyň tema barada giriş gürrüňi.

*Sapagyň maksady*: Gündogarda görnükli alymlar sapakda dersara baglanyşygy alyp gitmek.

ç) mugallym sapagyň meýilnamasyny beýan etmeli.

*Meýilnama:*

Gündogaryň görnükli alymlary.

Muhammet al-Horezmi.

Abu Nasyr al-Faraby.

Abu Reýhan al-Biruny.

Abu Aly ibn Sina (Awisenna)

d) meýilnama esasynda temany sada dilde, täsirli düşündirmeli (sapak ýazgysynda doly görkezmeli.)

**V. Öwrenilenleri berkitmek**.

a) täze tema boýunça okuwçylaryň alan bilim derejelerini we öwrenenlerini aňly-düşünjeli özleşdirişlerini aýdyňlaşdyryp biljek oýlanyşykly düzülen ýörite soraglara jogap almak.

*Soraglar:*

1. Al-Horezmi nähili ylmy açyş edipdir?

2. Faraby nirede doglupdyr we haýsy ugurlardan ylmy iş ýazypdyr?

3. Al-Biruni haýsy dilleri bilipdir we ilkinji bolup nämäni oýlap tapypdyr?

4. Lukman Hekimiň ukuplylygyna we ýatkeşligine degişli mysal getiriň.

b) karta bilen işlemek endiklerini ösdürmek.

*Dünýäniň syýasy kartasy.*

Gündogaryň alymlarynyň doglan, okan we ýaşan ýerlerini kartadan görkezmek. Horezm, Merw, Bagdat, Mawerannahr, Buhara, Samarkant, Damask.

**VI. Sapagy jemlemek.**

Gündogaryň görnükli alymlarynyň ylmy açyşlary baradaky düşünjeleri jemlemek.

**Okuwçylaryň bilimlerini bahalandyrmak**.

**VII. Öý işi tabşyrmak.**

Okuw kitabyndan temany okap gelmek. Lukman Hekim baradaky rowaýatlary toplamak.

### § 7.4. Okuwçylar bilen sapakdan daşary geçirilýän ylmy- taryhy, terbiýeçilik işleriniň mazmuny, görnüşi

Sapakdan daşary işler we olaryň okuw-terbiýeçilik işinde tutýan orny.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň talyp ýaşlaryna, mugallymlaryna we bilim işgärlerine ýüzlenip, şeýle diýdi "Men halkymyzyň eşretli durmuşynyň gözbaşlaryny ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmeginde görýärin. Biziň bu ýolumyz kämilligiň ýoludyr. Bu ýol biziň ýaşlarymyzy sowatly, bilimli-terbiýeli, giň dünýägaraýyşly, ruhy-ahlak taýdan sagdyn, ynsanperwer adamlar edip ýetişdirmegiň ýoludyr." Şeýle köp taraply, sazlaşykly ösen kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesini diňe bir öwrenilýän taryh we beýleki sapaklaryň dowamynda, bilimleriň esaslary özleşdirilýän mahalynda berjaý etmek ýeterlik däldir. Bu möhüm wezipäni amal etmekde synpdan daşary geçirilýän terbiýeçilik çäreleri aýratyn hyzmat bitirýär. Sapaklarda öwrenilen ylym-bilim, amaly başarnyklar üstüniň ýetirilip, hem berkidilip durulmagyny talap edýär. Başgaça aýdanymyzda, okuw işi bilen terbiýeçilik işiniň sepleşip gitmegi, bir-biriniň üstüni ýetirip durmagy örän wajypdyr. Şonuň üçin hem mugallymyň, synp ýolbaşçysynyň okuwçylar bilen geçirilýän terbiýeçilik işleriniň guramaçylyk-usuly tärlerinden baş çykarmagy, işi ugrukdyryp hem oňa ýolbaşçylyk edip bilmegi hökmandyr.

Sapakdan beýleki wagtlarda okuwçylar bilen geçirilýän dürli mazmundaky, dürli häsiýetdäki okuw-terbiýeçilik çäreleri "Synpdan we mekdepden daşary işler" diýlip atlandyrylýar. Beýleki dersler ýaly, taryh dersi boýunça synpdan daşary işler bir synpyň okuwçylary bilen hem, birnäçe synpyň okuwçylary bilen hem, umumy me-

kdep möçberinde hem guralýar. Terbiýeçilik çäreleri nähili ýagdaýda, haýsy möçberde guralýandygyna garamazdan, olar ýeke-täk bir maksada – sowatly, bilimli-terbiýeli, giň dünýägaraýyşly, ruhy-ahlak taýdan sagdyn, ynsanperwer, kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek maksadyna hyzmat etmelidir.

Şeýle asylly maksada gönükdirilip taýýarlanylýan we geçirilýän täsirli terbiýeçilik işleri, çäreleri birinjiden, sapakda özleşdirlen ylym-bilimiň üstüni ýetirýän, ikinjiden nazaryýetde öwrenilen ylmy-bilimiň durmyşda zerurlygyna akyl ýetirip bilmäge amatly şert döredýär. Sapakdan daşary çäreleri taýýarlamaga, geçirmäge gatnaşanlaryň, hat-da ony görenleriň-de işjeňligi, guramaçylyk başarnyklary ýokarlanýar, höwesi artýar. Sapakdan daşary işler mugallym üçin haýsy okuwçynyň näme ukuplydygyny äşgär etmekde bahasyna ýetip bolmajak hyzmaty bitirýär.

Sapakdan daşary terbiýeçilik çäreleriniň maksadynyň, wezipeleriniň, ýörelgeleriniň bilim we terbiýäniň umumy maksadyndan, wezipelerinden hem-de ýörelgelerinden ugur alýandygy aýratyn belläp geçerlikdir. Ýöne taryh dersi ýa-da, aýry-aýry okuw dersleri bilen baglanyşykly geçirilýän synpdan daşary işleriňem, umumymekdep möçberinde guralýan terbiýeçilik çäreleriňem Garaşsyz ýurdumyzyň Beýik Galkynyş we özgertmeler eýýamy, Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bilim - terbiýeçilik işini kämilleşdirmek boýunça öňde goýan wezipeleri, türkmeniň milli ruhly edep-terbiýesi bilen ýugrulmagy, şol bir wagtyň özünde-de öňdebaryjy dünýä tejribesi bilen berk baglanyşykly edilip durmuşa geçirilmegi esasy ýörelge bolmagynda galýar.

*Ata-eneler ýygnaklaryny geçirmegiň ähmiýeti.* Ata-eneler ýygnaklary – ýurdumyzda bilim-terbiýeçilik işini döwrüň talaplaryna doly laýyk edip ýola goýmak niýeti bilen yzygiderli geçirilip durulýan möhüm çäredir. Synp ýolbaşçysynyň geçirýän guramaçylyk we okuw-terbiýeçilik işleriniň göwnejaý ýola goýmagy üçin her bir okuwçynyň maşgala ýagdaýy, däpleri, ata-enäniň işi-pişesi, maşgala agzalarynyň özara gatnaşyklaryny içgin öwrenmegi zerurdyr. Okuwçylaryň ata-eneleri bilen işlemegiň, mekdep bilen maşgalanyň özara gatnaşykda bolmagyny gazanmagyň dürli usullary iş tejribä giňden ornaşdy. Ine

olaryň käbirleri: Okuwçylaryň öýüne baryp, olaryň ata-enesi, kespkäri, Garaşsyzlyga, ylym-bilime, okuw işine, zähmete, edeplilige we şuňa meňzeşler bolan garaýyşlary bilen tanyşmak, maşgala däplerini, özara gatnaşyklaryny öwrenmek, synp ýolbaşçysynyň öz okuwçysynyň kemala gelen maşgalasyna hemmetaraplaýyn belet bolmagy zerurdyr.

Zerurlyk dörände, ata-enäni ýa-da olaryň orunlaryny tutýan adamy mekdebe çagyrmak, olar bilen gyzyklandyrýan meseleler boýunça pikir alyşmak, geňeşmek.

Okuwçynyň gündeligine bellik etmek, ýa ýörite hat ýazmak arkaly ata-enäni haýsydyr bir derwaýys mesele barada habarly etmek.

Ata-eneler ýygnagy – ylym-bilim, tälim-terbiýe babatynda pikir alyşmagyň hemmeler tarapyndan ykrar edilen, özüni ödän görnüşine öwrüldi. Şonda synp ýolbaşçysynyň çagalaryň we ýetginjekleriň hossarlary bilen köpçülikleýin ýüzbe-ýüz bolup, pikir alyşmaga, işe bolan yhlasyny, janypkeşligini, mahlasy, pedagogik ussatlygyny bütin düýrmegi bilen äşgär etmäge bolan mümkinçiligi has hem ýokary bolýar. Ýygnaga gelenleri aýratyn mähir bilen garşylamak, olar bilen sypaýy gürleşmek, göz öňünde tutulan meseleler barada sala-salmak, geňeşmek, guramaçy pedagogyň mertebesini beýgeldýär. Ýetişigi pes, tertibi erbet diýip hasaplanylýan okuwçynyň ata-enesine igenmegiň peýdasyzdygyny mekdep tejribesi bireýýäm subut etdi. Işine ussat synp ýolbaşçylary ata-eneleriň özleriniň hem çagalarynyň atlaryna aýdylýan bellikleri ýokuş görmez ýaly usullary peýdalanmagy başarýarlar. Şol bir wagtyň özünde-de ata-eneleri öwrenmeklerini hem dowam etdirýärler.

Ata-eneler üçin guralan ýörite söhbetdeşlikler, leksiýalar, ýurdumyzda ýöredilýen daşary we içeri syýasaty, “Milli Galkynyş hereketi” bilen baglanşykly çäreler, kemally şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmekde maşgalanyň hukuklary hem borçlary baradaky gürrüňler hiç kesi biperwaý galdyrmaýar.

Türkmen kalby bilen maşgala ojagynyň abat saklanmagy üçin, ýaş nesli ata-babalaryň wesýetleri, asylly sypatlary hem-de häzirki döwrüň talaplary esasynda kemala getirmek ugrunda çyny bilen alada edýän ata-enelerden işjeň topary emele getirmek, olary maşgala

terbiýesi hakyndaky tejribesini öwrenmek hem peýdalanmak, guramaçylyk-usuly güýjüne daýanmak synp ýolbaşçynyň işini diňe ýeňilleşdirip biler.

Her bir okuwçynyň zehinine, ukybyna, başarnygyna laýyklykda, onuň geljekki durmuş ýoluny ata-eneler bilen bilelikde kesgitlemek, okuwçyny şol ugra gönükdirmek synp ýolbaşçynyň möhüm wezipeleriniň biridir.

Tälim-terbiýe, edep-ekram, kesp-kär bilen baglanyşykly sorag-jogap, pikir alyşmak niýeti bilen geçirilýän duşuşuklar, ýygnanyşyklar, konferensiýalar. Şeýle çärelere pähimdar ýaşulular, lukmanlar, hukuk hem tertip-düzgüni goraýjy organlarynyň wekilleri, dürli kärdäki adamlar, ýazyjy-şaherlar, sungat we medeniýet işgärleri, daşary ýurtda okap, bilim alýanlar gatnaşdyrylsa gowy netije berýär.

Şu ýerde mekdep boýunça ata-eneler ýygnagy geçirilende okuwçylaryň ýaş aýratynlyklaryny göz öňünde tutulmagynyň zerurlygyny nygtap bellemek bolar.

Ata-eneleriň pedagogikadan bilim derejesini ýokarlandyrmak niýeti bilen olary degişli edebiýatlar, gazet-žurnallarda çap edilýän, radiodyr telewideniýede berilýän makalalar, gepleşikler bilen tanyşdyryp durmagyň möhüm ähmiýeti bar. Bu çäreleri durmuşa geçirmekde synp ýolbaşçysynyň uly orny bardyr.

Mugallymyň döredijilikli zähmeti netijesinde sapakdan daşary işlerde baý tejribe toplanýar. Ol tejribeler pedagogiki işlerde, gündelik çykýan gazet-žurnallarda öz orunlaryny tapýarlar. Öňdebaryjy mugallym ýaş mugallymlara nepi degsin diýip, öz iş tejribesi barada çykyş edýär, makalalar ýazýar. Ýaş mugallym şeýle tejribeleri öwrenmelidir, olary sapak edinmelidir. Taryh boýunça sapakdan daşary işler geçmişe we häzirki döwre akyl ýetirmäge ýardam berýär. Olar mugallym tarapyndan dolandyrylyp, okuwçylaryň taryhdan bilimleriniň çuňlaşmagyna täsir edýär, olaryň gyzyklanmasyny we ukybyny ösdürýär, şahsyýetiň belli bir alamatlaryny kemala getirýär. Sapakdan daşary işleriň bilim berijilik we terbiýeçilik ähmiýeti uludyr.

Taryh boýunça sapakdan daşary işleriň bir meselesi hem mekdep okuwçylaryny jemgyýetçilik durmuşynyň dürli taraplaryny şöhlelendirýän täze hadysalar we düşünjeler bilen baýlaşdyrmakdan

ybaratdyr. Taryh boýunça sapakdan daşary işlerde okuwçylaryñ aňynda bar bolan taryhy düşünjeler ösdürilýär, bilimleri giňeldilýär, olaryñ jemgyýetçilik ösüşiniň kanunalaýyklygyna çuňňur akyl ýetirmegine täsir edilýär. Sapakdan daşary işde mugallym mekdep okuwçylaryny taryhyň pudaklary bolan arheologiýa, numizmatika, etnografiýa bilen ýakyndan tanyşdyrýar. Sapakdan daşary işleriň möhüm meselesi mekdep okuwçylarynyň taryha gyzyklanmasyny ösdürmekden ybaratdyr. Onuň üçin taryhy hadysalara dogry düşünip, pikirlenmegi, häzirki durmuşa akyl ýetirmegi we oňa işewür gatnaşmagy zerurdyr. Sapakdan daşary işleriň ýene bir mümkinçiligi okuwçylaryň akyl işjeňligini ösdürmekdir. Okuwçylary taryhy kitaplara, maddy medeniýetiň dürli ýadygärliklerine, taryhy dokumentlere, gazet-žurnallara, ylmy gözleglere, sungat eserlerini okamaklyga höweslendirmek sapakdan daşary işleriñ esasy ugry bolmalydyr.

Taryh boýunça sapakdan daşary işler mekdep okuwçylarynyň jemgyýetçilik işleri we olaryň özara ýakynlaşmagy bilen bilen berk baglanyşyklydyr. Kynçylyklary bile ýeňip geçmek, zähmetiň netijesinden lezzet almak, işiňe oňat baha berilmegi mekdep okuwçysynyñ köpçülik bilen baglanyşygyny artdyrýar. Bularyň hemmesi olarda erkin ýoldaşlygy, birek-birege kömek bermek duýgusyny terbiýeleýär.

Sapakdan daşary işleriň üstünlikli bolmagy üçin, mugallym onuň esasy düzgünlerini bilmelidir. Olar:

- Mekdep okuwçylarynyň işe meýletin gatnaşmagy, sapakdan tapawutlylykda diňe meýletin başlangyçlar esasynda geçirilmegi.

- Okuw işiniň mazmunynyň we görnüşiniň saýlanyp alynmagy. Sapakdan daşary işleriň bilim berijilik we terbiýeçilik ähmiýeti bolmalydyr.

- Sapakdan daşary işleriň häzirki döwür bilen baglanyşygy bolmalydyr.

- Taryhdan guralýan sapakdan daşary işler taryh, ülkäni öwreniş ylymlary bilen berk baglanyşykly bolmalydyr. Sapakdan daşary işler okuwçylaryň gatnaşygyna laýyklykda köpçülikleýin, toparlaýyn we özbaşdak görnüşde bolup biler.

Sapakdan daşary okaýyş mekdep okuwçylarynyň taryhy bilimlerini çuňlaşdyrmak we giňeltmek maksady bilen geçirilýär. Şeýle

okaýyşlar okuwçylaryň öz gyzyklanmasyny öwrenmek bilen ýa-da belli bir kitaby öwrenmek bilen geçirilip bilner. Şonda okaýyş bilen mugallymyň sözi gezekleşip gelse has oňat bolýar. Sapakdan daşary okaýşy kitapdan bölekleri gürrüň bermek, taryhy edebiýata syn, täze kitaplar barada gysgaça maglumat bermek, gazet-žurnallardan taryhy oçerkleri we gürrüňleri okamak görnüşinde gurap bolar. 4-5-nji synplarda, köplenç, eşidiler ýaly okaýarlar we eseri okuwçylar gürrüň berýärler.

Her bir synpda gurnaklara, guramalara, umuman, taryha ýokary gyzyklanma bildirýän okuwçylar bar, olar mugallymyň daýanjy bolup, sapakdan daşary işlerde özleriniň işjeňligini görkezýärler.

Mugallym taryh dersine okuwçylaryň gyzyklanmasyny artdyrmak üçin taryh agşamyny gurap biler. Her taraplaýyn ösen, kämil şahsyýeti terbiýeläp ýetişdirmek wezipesini diňe bir sapaklaryň dowamynda, bilimiň mazmunynyň özleşdirilýän mahalynda berjaý etmek mümkin däl. Bu möhüm meselä amal etmekde sapakdan daşary geçirilýän işleriň örän uly ähmiýeti bar. Olaryň biri hem taryh agşamy bolup biler.

Sapakdan daşary işlerde taryh agşamlaryny geçirmegiň örän uly ähmiýeti bardyr. Ol mazmunynyň ylmylygy, gyzyklylygy, aýdyňlygy we duýga täsir edýändigi bilen aýratyn tapawutlanýar. Taryh agşamlary özüniň mazmuny boýunça uly taryhy tema, belli tema, şanly senelere, gyzykly taryha, ülkäni öwrenişe bagyşlanyp biler. Taryh agşamy möhüm taýýarlygy talap edýär. Taryh agşamlarynyň meýilnamasy dürli bolup biler. Olarda çeper höwesjeňler tema laýyklykda çykyş edip bilerler. Okuwçylaryň gyzyklanmasyny ýokarlandyrýan bäsleşikler, ýaryşlar gurnalyp bilner.

Maksada gönükdirilip taýýarlanylýan hem geçirilýän täsirli sapakdan daşary işler, birinjiden, sapakda özleşdirilen ylym-bilimiň üstüni ýetirýär, ikinjiden, nazaryýetde öwrenilen ylmy-bilimiň tejribede-durmuşda zerurlygyna akyl ýetirip bilmäge amatly şertler döredýär, üçünjiden, şol çäreleri taýýarlamaga, geçirmäge gatnaşanlaryň, hatda ony görenleriň-de işjeňligi, guramaçylyk başarnyklary ýokarlanýar, has takygy, sapakdan daşary işler kimiň nämä ukyplydygyny äşgär etmekde bahasyna ýetip bolmajak hyzmaty bitirýär.

Taryh dersi boýunça hem sapakdan daşary işleriň birnäçesini geçirmek peýdaly bolar. Ýöne ol işleri geçirmek bu dersi okadýan mugallymdan öz işine yhlaslylygy, mugallymçylyk ussatlygyny, irginsiz döredijilik gözleglerini talap edýär. Munda:

a) täsirli mazmunyň anyk maksadynyň bolmagy;

b) türkmen ruhy bilen ýugrulmagy, dünýä siwilizasiýasy bilen eýlenmegi;

ç) Garaşsyzlyga, ata Watana çyn söýgi döredip bilmegi, onuň hatyrasyna janypkeşlik bilen zähmet çekmegi öwretmegi;

d) bu işlere okuwçylaryň hemmesiniň işjeň, höwesli gatnaşmaklaryny gazanmak bu çärelerden edilýän esasy talaplardyr;

Taryh agşamlary ugurdaş synplaryň arasynda, bir synpyň çäginde-de geçirip bolar. Mysal üçin, mekdepde iki sany IV synp (IV “A”, IV “B” synplar) bar. Agşamy şu synplaryň arasynda geçirmek has täsirli bolar.

Mugallym agşam geçirmäge has öňünden ykjam taýýarlanmalydyr. Taryh agşamynyň şertlerini, ony geçirmegiň usulyny oýlanyşykly kesgitlemelidir. Ol şertleri her synpda aýry-aýrylykda oňat düşündirmeli. Okuwçylaryň agşama taýýarlanýan wagtlary olaryň ýüze çykan soraglaryna jogap bermeli.

*Taryh agşamynyň şerti hökmünde, takmynan, şeýle zatlary almak bolar:*

Galkynyş we Täze özgertmeler zamanasyny wasp edýän goşgulary çeper okamak;

Hormatly Prezidentimizi ýa-da döwrümizi wasp edýän bir aýdymy ýerine ýetirmek;

Hormatly Prezidentimiziň çagalar baradaky, okamak, bilimli bolmak baradaky parasatly jümlelerini ýatdan aýtmak;

Ýurdumyzdaky taryhy ýadygärlikler bilen baglanyşykly rowaýatlary aýtmak;

Taryh agşamyny dabaraly, şowhunly, gyzykly geçirmäge çalyşmaly. Oňa şol synplaryň okuwçylarynyň ata-eneleri hem çagyrylyp, mekdebiň ähli okuwçylarynyň gatnaşmagynda geçirilse maksadalaýyk bolar.

Agşamda oňat çykyş eden okuwçylar mekdep tarapyndan sylaglansa (hormat hatlary, ýadygärlik ýazgysy ýazylan çeper kitaplar bilen...), höweslendirilse, has ýerlikli bolar.

Sapakdan daşary işleri guramagyň bir görnüşi hem taryh gurnagydyr. Ol okuwçylaryň şahsy gyzyklanmasyny kanagatlandyrýar, olaryň döredijilik ukyplaryny ösdürýär, bilimlerini çuňlaşdyrýar we baýlaşdyrýar, olarda ylmy gözleglere degişli ilkinji endikleri kemala getirýär. Taryh gurnagynyň okuwçylardan hemişelik düzülen topary bolýar, onuň öňünden tassyklanan meýilnamasy bolýar we şol boýunça gurnak geçirilýär.

Gurnagyň üstünlikli işi köpçülik çäreleriniň guralmagy bilen baglanyşyklydyr. Olara ýörişler, agşamlar, olimpiadalar, duşuşyklar degişlidir. Gurnagyň işiniň üstünlikli bolmagyna dürli ýaşly okuwçylaryň gatnaşýandygy oňyn tasir edýär. Tejribäniň görkezmegine görä, sapagyna gowşak ýetişýän okuwçylary gurnak oňat ýetişik berýän okuwçylara öwürýär. Adatça gurnagyň başlygy we kätibi saýlanýar. Gurnaklar dürli ugurlar boýunça hereket edip bilerler: häzirki syýasat, ülke taryhy, harby-taryhy, taryhy-biografiki, taryhy-sungaty öwreniji, taryhy-tehniki, görkezme esbaplary taýýarlamak, ýaş arheologlar, numizmatikler bolup biler. Gurnaklaryň ady, düzgünnamasy, nyşanlary bolýar. Bularyň hemmesiniň terbiýeçilik ähmiýeti bardyr.

Mysal üçin, mekdepde *“Watançylar”* toparlaryny döretmek mümkin. Ol hereket edýän uly birleşme bolup, gözleg işini alyp barmaly. Olaryň işi, esasan, söweş we zähmet weteranlaryny, türkmen halkynyň däplerini öwrenmek bolup durýar. Olar golaý wagtda bolup geçen we şu wagtdaky wakalary öwrenýärler. Olara taryh mugallymlary ýolbaşçylyk edip, gözlegiň gidişinde we materialy öwrenişinde kömek bermelidir.

*Muzeýler, taryh otaglary* sapakdan daşary işlerde möhüm orun eýeleýärlar. Türkmen halkynyň söweş we zähmet däpleriniň ýoluny öwrenmek, ýurdumyzyň şanly senelerini baýram etmek – bularyň hemmesi köp sanly mekdep mirashanalarynyň, zallarynyň, otaglarynyň, burçlarynyň, diwarlarynyň döremegine getirýär. Olar bolsa ösüp gelýän ýaş nesle döwrebap bilim bermäge, terbiýelemäge uly mümkinçilik berýär. Mekdep okuwçylarynyň muzeýleri döretmek, bar bo-

lanlaryny enjamlaşdyrylmak işine gatnaşmaga çekmek, olarda gözleg işlerini, döredijilik ukyplaryny kemala getirýär, jemgyýetçilik işjeňligini ösdürýär. Taryh otaglaryny enjamlaşdyrmaga okuwçylary çekmek bilen, Beýik özgerişler eýýamynyň artykmaçlyklaryny wagyz edýän, Türkmenistanyň Prezidentiniň ideýalaryny, sargytlaryny we durmuş ýoluny öwrenýän materiallary taýýarlamak we özleşdirmek işleri utgaşykly alnyp barylýar.

Muzeýleriň haýsy hem bolsa bir ugurdan döredilýän wagtlary seýrek bolmaýar. Mysal üçin, *Zähmet şöhraty muzeýleri* görnükli adamlaryň zähmet ýoluny yzarlaýar we öwrenýär. *Harby-taryhy muzeýler,* zallar Gökdepe söweşiniň we Beýik Watançylyk urşunuň taryhyny öwrenýär. Ýatlama-biografiýa muzeýlerinde görnükli adamlaryň durmuş ýoly öwrenilýär. *Taryhy-ülkäni öwreniş muzeýleri* ülkämiziň geçmişini we häzirki döwrüni öwrenýär.

Gurnaklarda mugallym okuwçylary geçmiş taryhymyzy öwrenmekde, taryh ylmynyň ýakyn pudagy bolup durýan arheologiýa, etnografiýa, numizmatika, ýazuw çeşmeleri bilen hem ýakyndan tanyşdyrýar.

**Arheologiýa** – gadymy halklaryň ýaşaýyş-durmuşyna, medeniýetine degişli saklanyp galan ýadygärlikleri öwrenýän ylma arheologiýa diýilýär. Gadymy depelerde gazuw işlerini geçirip, geçmişde döredilen her bir zadyň ýüze çykan wagtyny, şolaryň üsti bilen adamlaryň nähili derejede ýaşandyklaryny kesgitlemek bilen meşgullanýan adamlara arheologlar diýilýär. Alymlar gadymy adamlaryň ýaşan ýerlerinde gazuw-agtaryş işlerini geçirýärler we gadymy döwrüň taryhyny arheologiýa tapyndylarynyň esasynda beýan edýärler.

**Etnografiýa** – dürli halklaryň durmuşyny, ýaşaýşyny, däp-dessuryny öwrenýän ylma etnografiýa diýilýär. Bu ylmyň üsti bilen dürli döwürlerde ýaşap geçen halklaryň durmuşy, däp-dessurlary beýan edilýär.

**Numizmatika – t**eňňe pul ýa-da kanuny töleg serişdesi. Numizmatika taryh ylmynyň kömekçi pudagy bolup, ol maddy-medeni ýadygärlikleriň belli bir toparyny, esasan hem, metal pullary, pul belgilerini, zikgäniň we pul dolanyşygyny taryhyny öwrenýär. Kagyz pullary öwrenýän bonistika hem-de medalýer sungatynyň eserleri bo-

lan medallar, žetonlar, plaketkalar we metallardan ýasalan markalar hem numizmatika degişlidir.

**Ýazuw çeşmeleri** – gadymy döwrüň adamlarynyň ýaşaýyş durmuşy baradaky birnäçe halklaryň ýazuwynda saklanyp galypdyr. Şol ýazuw çeşmeleriň üsti bilen hem biz geçmişi öwrenýäris. Ilkinji ýazuw çeşmeleri b.e.öňki IV müňýyllygyň ahyrlaryna, III müňýyllygyň başlaryna degişlidir. Ol wagtlar kagyz bolmandyr. Olar agaç gabyklaryna, eýlenen haýwan derilerine, daşlaryň ýüzüne ýazylypdyr. Bu ýazgylar gadymy döwrüň döwletleri, olaryň ýeten medeni dereјeleri barada gürrüň berýärler. Olar taryh ylmy üçin ýazuw çeşmeleri bolup hyzmat edýärler.

Sapakdan daşary işlerde *gezelençler, ýörişler, ekspedisiýalar* okuwçylaryň arasynda aýratyn gyzyklanma döredýär. Ol mugallym bilen okuwçynyň işjeňliginiň aýratyn görnüşi bolup, ýadygärlikler we hadysalar tebigy şertde öwrenilýär. Meselem, beýle çäreler kärhanada, taryhy ýerde, mirashanada, sergide we şuňa meňzeşler geçirilip bilner. Gezelençleri guramak üçin onuň anyk temasy, maksady, saýlanyp alnan ýeri, anyk ugry we meýilnamasy bolmaly. Taryhy gezelençler çagalaryň syýahaty bilen gezekleşýär. Syýahat okuwçylaryň oňat dynç almaklarynyň we akyl ýetiriş işjeňliginiň bir görnüşidir. Mekdep okuwçylarynyň ekspedisiýalary hem soňky döwürde giň gerime eýe bolýar. Ol tejribeli ýolbaşçyny talap edýär.

Sapakdan daşary işleriň ýene bir ugry görnükli adamlar bilen duşuşyklardyr. Olar uruş we zähmet weteranlary, belli wakalary görenler, oňa gatnaşanlar, ýerleri oňat bilýän adamlar, alymlar we ýazyjylar bilen duşuşyklardyr. Şeýle duşuşyklar gurnalanda esasan türkmen halkynyň gahrymançylygy we zähmet üstünlikleri nygtalyp geçilmelidir. Şu duşuşyklar mekdep okuwçylaryna uly psihologik täsir edip, uzak wagtlap ýatdan çykmaýar. Duşuşyklary özara gürrüň ýa-da sorag-jogap görnüşinde öňünden taýýarlamalydyr we duşuşygyň öňünden ýa-da soňundan mugallymyň sözi bolmalydyr, ol okuwçylaryň seredilen soraglaryna dogry düşünmegine kömek edýär.

Sapakdan daşary işlerde *olimpiadalar* aýratyn orun eýeleýär. Olar birnäçe tapgyrdan ybarat bolup, gerekli bahalary alan okuwçy indiki

tapgyryna gatnaşýar, ýeterlik ballary almadyk galýar. Oňa berilýän jogaplar ýazuw üsti bilen beýan edilip bilner.

Olarda berilýän soraglardan şeýle talaplar edilýär:

a) gyzyklylygy, bilesigelijiligi ösdürişi we şol ýaşdaky mekdep okuwçysyna elýeterli bolmagy;

b) geçilen temalary ýatlamagy, bilimlerini barlamagy, garaýyşlary ösdürmegi;

ç) soraglaryñ anyklygy we dogrulygy.

*Zehinli okuwçylar bilen işlemegiň görnüşleri.* Mekdep durmuşynda zehinli okuwçylar bilen işlemegiň esasy görnüşleriniň biride ders bäsleşiklerine taýýarlamak we olary geçirmekdir. Geçirilen bäsleşikler okuwçylaryň zehinini, ukyplaryny we başarnyklaryny ýüze çykarmaga, ösdürmäge hem kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Beýleki ugurlar bilen bir hatarda, taryh dersi boýunça bäsleşiklere taýýarlyk görlende hem olar geçirilende, okuwçylaryň hyjuwy has-da artýar, bäsleşikde üstün çykmak üçin bar bolan mümkinçiliklerinden peýdalanmaga ymtylýarlar. Bäsleşige gatnaşýan okuwçylar ozaly bilen mekdepde güýçlerini synap görýärler. Ýeňiş gazananlar etrabyň, şäheriň mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän ýaryşlara, bäsleşiklere gatnaşýarlar. Soňra welaýatyň, ondan soňra-da mekdep okuwçylarynyň Döwlet bäsleşiginde güýç synanyşýarlar. Ýeňiş gazanan okuwçylar Hormat hatlara, sylaglara mynasyp bolýarlar. Aýry-aýry derslerden Halkara olimpiýadalary hem geçirilýär.

Okuwçylar bilen işlemekligiň ýene-de bir görnüşi, olary taryh agşamlaryny taýýarlamaga we geçirmäge çekmeklikdir. *Taryh agşamlary* öz mazmuny boýunça tapawutlanýarlar. Olar ýurdumyzyň durmuşyndaky dürli özgertmeleri öz içine alyp dürli wakalara gabatlanyp geçirilýär.

1. Umumy taryhy tema bagyşlanan agşam.
(Meselem:Uruş ýyllarynyň adamlarynyň agşamy)
2. Taryh dersiniň aýratyn temalary boýunça agşam.
(Meselem:1881-nji ýylyň Gökdepe urşy)
3. Şanly senelere we ýubileýlere bagyşlanan taryh agşamy.
(Garaşsyzlygyň şanly baýramy)
4. Beýik Galkynyş döwrüniň üstünliklerine bagyşlanan agşam.

5. Gyzykly taryh agşamy.

6. Ülkäni öwreniş agşamy.

Taryh agşamyny geçirmek düýpli taýýarlyk görmegi talap edýär. Agşamyň temasy we terbiýeçilik maksady kesgitlenýär, gyzykly materiallar saýlanyp alynýar, okaljak nutuklar düzülýär. Agşamyň edebi ssenariýasy işlenýär. Zal we sahna bezelýär. Agşamyň temasyna degişli sergi guralýar. Agşam adatça iki bölümden durýar.

1. Okuwçylaryň nutuklary, çykyşlary.

2. Agşamyň temasy bilen baglanyşykly çeper höwesjeňleriň çykyşy.

Taryh agşamynyň meýilnamasyna onuň temasy bilen ugurdaş wiktorinalar, dürli oýunlar, konkurslar hem girizilýär. Olar agşamy has-da baýlaşdyryp, täsirliligini artdyrýar. Oňa bolan gyzyklanmany ýokarlandyrýar.

Zehinli okuwçylar bilen işlemegiň köp ulanylýan görnüşleriniň ýene-de biri olary okuw görkezme esbaplary, kartalary elde ýasamaga, suratly albomlary taýýarlamaga, durmuşda gadymdan bäri ulanyp ýörlen zähmet gurallarynyň, ýarag-esbaplarynyň nusgalaryny, maketleri döretmäge işjeň çekmeklikdir.

Taryh dersi boýunça başarjaň, ukyply okuwçylary taryhy ýadygärlikleriň şekillerini, maketlerini ýasamaga gönükdirmek has-da peýdaly bolar.

Jemläp aýdanymyzda, sapakdan daşary işiň köp sanly usullary we görnüşleri bardyr. Ol sapakdaky başlanan işiň logiki dowamy bolup, okuwçylaryň döredijilik işeňňirligini ýokary derejede ösdürmeklige ýardam edýär. Ol sapagyň tebigy kemçilikleriniň belli bir derejede öwezini doldurýar. Sapakdan daşary işlerde “gowşak” okuwçylar bolmaýar. Köp halatlarda “gowşak” we “terbiýelemesi kyn” çagalar sapakdan daşary işlere bäşlikçilerden hem göwünjeň gatnaşýarlar. Sapakdan daşary geçirilýän işleriň ähli görnüşleri talaba laýyk gurnalanda örän ähmiýetli terbiýeleýjilik wezipelerini ýerine ýetirýärler. Mugallymyň wezipesi – bu işleri oýlanyşykly meýilnamalaşdyrmak we başarjaň ýolbaşçylyk etmek.

Taryhdan sapakdan daşary işleri guramak çylşyrymly we köpdürlüdir, şonuň üçin ol anyk guramaçylygy talap edýär. Ol kesgitli yzy-

giderlilikde alnyp barylsa, has gowy netije berer. Meýilnamada temalar, okuwyň görnüşi, geçiriljek wagty, ýerine ýetirilişi, seýrek halatda netijesi görkezilýär. Işi meýilleşdirmäge okuwçylaryň özüni çekmeli. Sapakdan daşary işiň ýokary netijeliligi, ilkinji nobatda, mugallymyň ussatlygyna we tejribesine baglydyr.

### § 7.5. Taryhy ýadygärlikli ýerlere, muzeýlere gezelenç-syýahat guramak

Gezelençleri giňden peýdalanmagyň zerurlygy taryh dersini okatmakda ýüze çykýar. Gezelençleri guramak, olaryň görnüşleri we geçirmegiň usullary, okuwçylaryň akyl ýetiriş işjeňligini ösdürýär. Mekdep mirashanalarynyň giňden ýaýramagy, taryh okuw meýilnamalaryna ülkäni öwreniş sapaklarynyň girizilmegi, welaýatlarda ülkäni öwrenişe degişli mirashanalaryñ bolmagy ülkäni öwreniş gezelençleriniň tejribesiniň giňden ýaýramagyna getirdi.

Gezelençler okuw-terbiýeçilik işleriniň görnüşi we usuly bolup, dürli predmetlere, hadysalara tebigy ýagdaýda, adaty şertde (tebigatda, taryhy ýerde, kärhanada we şuňa meňzeşler) ýa-da mirashanada, sergide gözegçilik etmäge hem-de öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Umuman, taryhdan okuw gezelençleri, şeýle hem gezelençleriň beýleki görnüşleri öz öňünde belli bir maksat goýýar. Ol hem taryha göz ýetirmek, ylmy dünýägaraýşy kemala getirmek, okuwçylary terbiýelemekdir. Gezelençler okuw materialynyň häsiýeti, mugallymyň we okuwçynyň işjeňligi bilen biri-birinden tapawutlanýarlar.

**Gezelenç, syýahat sapagyny iki** gornüşde geçirip bolýar:

– obýekte gezelenç;

– gaýybana gezelenç.

Birinji görnüşde ýerli ýagdaýy göz oñünde tutup, medeni ýadygärliklere, galalara, mirashanalara, taryhy galalara mugallymyñ hut özüniñ ýolbaşçylygynda guralýan gezelençlere *ýörite* ýa-da *obýekte* gezelenç diýilýär.

Gaýybana syýahat - synpda, okalýan otagda göz öñüne getirilip, hyýaly gezelenç guramakdyr.

Gündelik sapak meýilnamasynda mugallymyñ üç maksady anyk kesgitlenmelidir. Olar:

– öwredijilik;
– ösdürijilik;
– terbiýeçilik maksatlary.

**Ösdürijilik maksat** okuwçylaryñ bilimlerini, başarnyklaryny, endiklerini ösdürmek boýunça aşakdakylary göz öňünde tutmalydyr:

– akyl ýetirijiligi;
– özbaşdak pikirlenişi;
– ýatkeşligi;
– synçylygy;
– taryhy öwrenmäge islegi artdyrmagy;
– döredijilikli işlemegiñ ýönekeýje endiklerini kemala getirmegi;
– okuwçylaryñ tabşyrylan ýumuşlary ýerine ýetirmegini gazanmagy;
– okuwçylaryñ soraga doly we dogry jogap bermegini gazanmagy.

Täze Galkynyş döwründe türkmen taryhyny dikeltmek, halky milli ruhy taýdan täzeden galkyndyrmak möhüm işleriň birine öwrüldi. Şeýle beýik taryhy okuwçylara syýahat sapagynyň üsti bilen öwretmegiň ähmiýeti ulydyr. Okuwçylar syýahat döwründe taryhy we medeni ýadygärliklere baryp görmek, olary öwrenmek mümkinçiliklerine eýe bolýarlar. Mugallym syýahat sapagyny guramak üçin öňünden taýýarlanmalydyr. Guraljak syýahaty onuň maksady bilen tanyşdyrylandan ýa-da degişli tema boýunça sapak guralandan soň amala aşyrmaly. Şonuň üçin hem gadymy ýadygärliklere guraljak syýahat okuw meýilnamasyna gabat geler ýaly wagtda göz öňünde tutulmalydyr.

*Syýahat şeýle tertipde guralyp bilner:*

Syýahatdan öň, synpda edilmeli işler.

Guraljak syýahatyň dowamynda edilmeli işler.

Syýahatdan soň synpda edilmeli işler.

Syýahatdan öňki taýýarlyk.

Mugallym okuw maksatnamasyna we ýerli şertlere laýyklykda, haýsy ýadygärliklere syýahat guramagyň mümkindigini öňünden kesgitlemeli. Syýahat ediljek ýadygörlikleriň aýratynlyklary bilen

tanyşmaly. Syýahatyň wagtyny we dowamlylygyny kesgitlemeli. Okuwçylara syýahatyň maksadyny, olaryň syýahat wagtynda nämelere ähmiýet bermelidigini düşündirmeli. Syýahat döwründe ýüze çykan soraglary ýazyp almaklaryny tabşyrmaly, şol bir wagtyň özünde düzgün tertibi, howpsuzlyk düzgünlerini berjaý etmegi tabşyrmaly. Syýahatyň dowamynda okuwçylara ýadygärlikleriň gurluşyny, olarda ulanylýan materiýallary özbaşdak öwrenmäge mümkinçilik döretmeli.

**Syýahat ýerinde**

Syýahata gatnaşýan okuwçylaryň sany bir synp toparyndan köp bolmaly däldir. Her bir synlanýan, öwrenilýän ýadygärligiň böleginiň ähli okuwçylara görünmegini gazanmak, olaryň hemmesiniň ünsüni ýadygärligiň şol bir bölegine jemlemek zerurdyr. Her bir ýadygärligiň, mümkin boldugyça, okuw maksatnamasynda öwrenilen maglumatlar bilen baglanşykly aýratynlyklaryny ýüze çykarmak zerurdyr. Syýahaty mugallymyň özi gurasa, maksada laýyk bolar. Syýahaty mirashananyň işgäri gurasa, onda mugallym onuň ýanynda bolup, syýahatyň jemleýji tapgyrynda käbir maglumatlaryň üstüni ýetirmelidir.

**Syýahatyň jemini jemlemek**

Syýahatdan soň, mekdepde nähili işleri ýerine ýetirmelidigini kesgitlemeli. Mugallym indiki sapagyň başynda, okuwçylaryň syýahat döwründe alan bilimlerini barlamak maksady bilen, aşakdaky ýaly soraglar berip biler:

Bu bina näme üçin gurlupdyr we näme sebäbe görä şu ýerde gurlupdyr? Bu bina haçan gurlupdyr we haçan üýtgedilipdir? Muny kim gurupdyr we onda kim ýaşapdyr?

Syýahatyň jemi boýunça mugallyma, iň gowy jogap beren okuwçylary hasaba almak bilen, bahalandyrma maslahat berilýär.

Syýahaty her bir mekdep ýerli ýagdaýlara we mümkinçiliklere görä, golaýyndaky ýadygärliklere gurap biler.

Şu hili syýahat sapaklarynyň guralmagy okuwçylarda bilimleri ele almaga höwesi we watançylyk terbiýäni ösdürmekde ähmiýetlidir.

Gezelençlerde sapaga garanda görkezme esbabyň roly we orny düýpli tapawutlanýar. Olarda hadysalar, netijeler, umumylaşdyrmalar

okuwçylaryň obýektlere, eksponatlara gözegçiligi bilen baglanyşyklydyr. Şonuň bilen okuwçylaryň akyl ýetiriş işjeňliginiň we emosional kabul etmeginiň özboluşlylygy kesgitlenýär. Ýadygärlikleri, taryhy predmetleri kabul etmek we pikirlenmek bilen taryhy geçmişe akyl ýetirmeklik gezelençleriň üsti bilen amala aşyrylanda gowy netije berýär.

Okuw gezelençleriniň pedagogiki mümkinçiligi nähili? Olar ilkinji nobatda düşünjeleri anyklaşdyrýar, anyk, keşpli garaýşy kemala getirýär, taryhy bilimleriň dürli çeşmelerine gyzyklanma döredýär, öwrenilýän hadysany we wakany has oňat görnüşde kabul etmäge mümkinçilik berýär, geçmişi dikeldýär.

*Gezelençler* – okuw işiniň dar görnüşi bolup, sapaga ýakynlaşýar, okuw gezelençleri okuwdan daşary gezelençlerden aşakdakylar boýunça tapawutlanýar.

a) Okuw gezelençleri okuw meýilnamasy boýunça geçilip, seýrek halatda bolaýmasa, sapagy degişli tema boýunça çalyşýar.

b) Okuw gezelençleri okuwçylar üçin hökmany bolup, bütin synpa degişlidir.

Okuw gezelençlerini, köplenç, mugallymyň özi alyp barýar.

Häzirki wagtda mekdeplerde ýüzlerçe ülkäni öwreniş we taryhy mirashanalar açyldy. Olarda hem edil synpda bolşy ýaly, sapaklary geçip bolar. Ol ýerde bilimleri barlap, depderlere bellikler edip bolar. Mirashanalarda okuwçylar wagtyny oňaýly ulanyp biler. Onuň üçin görkezilýän zatlar köp hem baý bolmalydyr. Ýöne sapagy hemişe mirashanada geçip bolmaz.

*Okuw gezelençleriniñ temasyny saýlap almagyň usuly şertleri*.

Okuw gezelençlerini guramagyň esasy şerti ýeterlik baý we köpdürli obýektiň bolmagydyr. Olar, köplenç, önümçilige, gadymy ýadygärliklere, mirashanalara guralýar. Mekdep mirashanalarynda, köplenç, uly we kyn temalary öwrenmäge mümkinçilik bolmaýar. Bu bolsa maksada laýyk gelmeýär. Okuw gezelençlerini mirashana guramagyň zerur şerti mirashananyñ eksponatlarynyň mekdep gezelençleriniň temasyna gabat gelmegidir.

Okuw gezelençlerini ýygy-ýygydan geçirmek mümkin däldir. Onuň üçin degişli tema saýlanyp alynmalydyr, materiallar anyklaşdy-

rylmalydyr, çylşyrymly soraglaryň mazmunyny özleşdirmäge kömek etmelidir.

Okuw gezelençlerini şeýle guramagyñ usullary barada aýdylanda, aşakdakylara üns bermek zerurdyr:

Giriş gezelençleri – degişli temany öwrenmek üçin guralýar, täze tema okuwçylaryň gyzyklanmasyny döretmek üçin amala aşyrylýar. Meselem, “Biziň beýik geçmişimiz” diýen temany öwrenmegiň öňüsyrasynda guralan okuw gezelençleri şol döwrüň hojalygy baradaky ýagdaýy açyp görkezýär.

Jemleýji gezelençler – bir ýa-da birnäçe tema geçilenden soň gurnalýar we umumylaşdyrylýar.

Mugallym öňünden gezelenç geçiriljek ýeriniň wagty, aýratynlygy barada gürrüň berýär. Gezelençde okuwçylaryň akyl ýetiriş işjeňliginiň möhüm şerti aýratyn bir meseläniň goýulmagydyr, uly bolmadyk (ýazmaça ýa-da dilden) maglumatlary taýýarlatmalydyr, suratyny çekmegi ýola goýmalydyr, albom taýýarlatmalydyr.

Taryhy gezelenç taryhy ýadygärliklere düşünmekligi kemala getirýär. Şonuň bilen birlikde, ýadygärlik, dokument, islendik taryhy çeşme taryhy proses bilen seljerilýär. Sorag-ýumuşlary giňeldip hem bolar. *Haýsy eksponat has köp täsir galdyrdy? Gezelenç-sapakda näme has ýatda galdy?* Okuw kitabyna garanda siz nähili täzeligi öwrendiňiz? *Haýsy eksponat wakany, hadysany, adamlary açyk göz öňüne getirmäge ýardam berdi? Şu gezelençden soň siziň garaýyşlaryňyz nähili üýtgedi?*

Köplenç, iri mirashanalara gezelenji ekskursowod guraýar, ýöne mugallym hem oňa taýýarlykly bolmalydyr. Eger gezelenji mugallym gurasa, ol eksponatlary öwrenýär, eksponatyň aýratynlygyna üns berýär, görkezmeli zatlary belläp alýar, onuň ugruny anyklaýar we şuňa meňzeşler.

Mugallymyň gürrüňi materialy kabul etmek bilen berk baglanyşykda bolmalydyr. Okuw gezelençleri hiç bir ýagdaýda garaýyşlary toplamagy çäklendirmeli däldir, onda hadysanyň mazmuny açylyp görkezilmelidir. Mugallym okuwçylara eksponatyň, ýadygärligiň nä-

me diýýändigini görmegi we oňa düşünmegi öwretmelidir. Özboluşly aýratynlygyny düşündirmek mugallymyň möhüm borjudyr.

Gezelençde habar bermek, göz öňüne getirmek, düşündirmek, resminama bilen işlemek we şuňa meňzeşler ulanmalydyr. Mugallym diňe bir okuwçylaryň gözegçiligine ýolbaşçylyk etmän, ýadygärlikler barada gyzykly gürrüň hem bermelidir.

Okuw gezelençleriniň netijeliliginiň möhüm şerti ony okuwçylaryň özbaşdak işiniň yz ýanyndan guramakdyr. Gezelenjiň gidişinde okuwçylar gerek zadyny seljerýärler, umumylaşdyrýarlar, deňeşdirýärler we hil aýratynlygyny ýüze çykýarlar.

Indiki sapaklarda okuwçylara gezelenç materiallaryny seljermegi tabşyryp bolar. Gezelençde alnan bilimleri ulanmagy mugallym hemişe talap edip durmalydyr.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. “Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr”. – A.: 2007.

2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – A.: 2007.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* “Ösüşiň täze belentliklerine tarap”. – A.: I tom, 2008.

3. Mugallym, esger, ilhalar ynsan. Berdimuhamet Annaýewiň gahrymançylykly ömür ýoly. – A.: 2008.

4. *T. Jürdekow*. “Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk”. – A.: 2009.

5. *N. Rejebow.* “Okatmagyň özara işjeňlik (interaktiw) usuly”. – A.: 2007.

6. *Вагин А.А.* “Методика преподавания истории в средней школе“. – М.: 1968.

7. *Дайри Н.Г.* “Методика обучения истории в средней школе“. –М.: 1978.

8. *Кулагина Г.А.* “100 игр по истории“. –М.: 1967.

9. *Никифоров Д.Н.* “Наглядности в преподавании истории древнего мира“. – М.: 1955.

**M A Z M U N Y**

Giriş.......................................................................................7

1. Taryhy okatmagyň usulyýeti dersiniň wezipeleri
we maksady..........................................................................11
2. Dilden beýan etmegiň usullary...............................................14
3. Taryhy materialy beýan etmegiň talaplary................................22
4. Taryh sapagynda okuwçylaryň bilesigelijilik ukyplaryny
ösdürmek..............................................................................25
5.Taryhy okatmagyň görkezme usuly
§ 5.1. Taryh sapagyny okatmakda ulanylýan suratlar we olar
bilen işlemegiň usullary.........................................................36
§ 5.2 Kitapdaky suratlar we olar bilen işlemegiň usuly.
Taryh sapagynda portretiň ulanylmagy.....................................40
§ 5.3. Taryhy kartalar bilen işlemegiň usuly.................................43
§ 5.4. Taryhy okatmakda täzeçil usullaryň ulanylmagy...................48
§ 5.5. Taryhy okatmakda tekst bilen işlemegiň usullary...................53
6. Taryhy düşünjeleriň üstünde işlemegiň usuly
§ 6.1. Wagt baradaky göz öňüne getirmeleri ösdürmek
we hronologiýany özleşdirmek..................................................67
§ 6.2. Okuwçylarda taryhy düşünjeleri döretmek............................69
§ 6.3. Taryhy terminler (adalgalar) boýunça sözlük bilen
işlemek.................................................................................71
7. Taryh sapagynyň gurluşy we görnüşleri
§ 7.1. Taryh sapagynyň umumy aýratynlyklary...............................76
§ 7.2. Taryh sapagynyň esasy görnüşleri .......................................81
§ 7.3. Taryh sapagynyň dersara we özara baglanyşygy.....................93
§ 7.4. Okuwçylar bilen sapakdan daşary geçirilýän
ylmy-taryhy, terbiýeçilik işleriniň mazmuny, görnüşi......................98
§ 7.5. Taryhy ýadygärlikli ýerlere, muzeýlere gezelenç-syýahat
guramak...............................................................................112

*M. Döwletjanowa, P. Atdaýew,*
*O. Jumamyradowa, B. Käbäýew*

# TARYHY OKATMAGYŇ USULYÝETI

Mugallymçylyk mekdepleri üçin synag okuw kitaby